3. Saýlanylan meýdanlarda işleýän daýhanlar bilen gürrüňdeş boluň. Olaryň soňky 5-10 ýylyň dowamynda nähili usullary ulanandygyny biliň. Siziň daýhanlar bilen gürrüňdeş bolup bilen zatlaryňyz toparyň synlan zatlary bilen deň gelýärmi?

4. Saýlanylan meýdanlaryň hersinde 50 sm çuňlukda uly bolmadyk çukurjyk gazyň. Çukurjygyň bir diwaryny tekiz we dik aşaklygyna gidýän ediň. Tekiz pili ýa-da pyçagy alyň-da, çukurjygyň tekiz tarapyndan nusgalyk üçin 3 sm galyňlykda topragy gazyp alyň. Ony tagtanyň ýa-da tekiz zadyň üstünde goýuň. Nusgalyk topragyň haýsy meýdandan alnandygyny bilmek üçin, oňa bellik ediň.

5. Meýdanlaryň ählisinden nusgalary alanyňyzdan soň, olary ahli toparyň öwrenip bilmegi üçin, ýygnak geçirilýän ýere getiriň. Topraklaryň nusgalarynyň arasynda nähili tapawut bar? Alnan topraklaryň reňkinde, gurluşynda, hilinde, ysynda we mör-möjekleriň ýa-da gurçuklaryň bolup-bolmazlygynda nähili tapawutlaryň bardygyny ýüze çykaryň. Turşuluklaryny deňeşdirmek üçin her toprakdan bir bölejigini dadyp görmek bolar. Ol turşumy ýa-da süýji? Goý, dürli adamlar dürli topraklardan birazragyny ellerine alsynlar. Her topragyň nusgasyna azajyk suw guýuň we elläniňizde onuň nähilidigini aýdyň (ýelmeşýärmi, irimçikmi, ýylmanakmy ýa-da pytraýarmy?).

6. Bu tapawutlaryň haýsylary ýel we howa sebäpli, haýsylary ýeriň ulanylyş usuly sebäpli döräpdir?

Toparlaryň ýygnan maglumatlary, şu kitapdan we beýleki çeşmelerden alnan maglumatlary ulanyp, oba hojalygyny alyp barmak üçin ulanyljak ýerleriň topragyny gowulandyrmagyň we goramagyň usullary barada pikir alşyň.

Bu usullar tebigy dökünlerini goşmak (285-289-njy sah. ser.), topragy pytramakdan goramak (289-293-nji sah. ser.) ýa-da mallary bakmak we beýleki durnukly usullarynyň ulanylmagyny (307-308-nji sah. ser.) öz içine alýarlar.

Sideral (ösümlik) dökünler we örtüji ekinler

Sideral ösümlikler – kösükliler maşgalasyna degişli köp ýyllyk ösümlikler. Olara gök otdan emele gelen dökün hem diýilýär. Sideral ösümlikler topragy dökünläp, haşal otlary ýok edýändigi bilen häsiýetlendirilýär. Ösümlikleriň köpüsiniň şeýle häsiýetleriniň bolandygy sebäpli olara sideral dökünler we örtüji ekinler diýilýär. Sideral dökünleriň köpüsi "kösükliler" maşgalasyna (nohut, noýba ýaly kösükli ösümlikler) degişlidirler.

At kösüklileri
Vicia faba

Kösükliler maşgalasyna degişli ösümlikler topragy azot bilen baýlaşdyrýar. Kösükli ösümligi sogrup görseňiz ýa-da kabir agaçlaryň köklerine seretseňiz, siz olarda emele gelen kiçijik düwünleri görersiňiz. Şol kiçijik düwünlerde bolan bakteriýalar howadaky azoty ýygnap, ony topraga geçirýärler. Bu topragy has mes edýär.

Ýorunja
Medicago sativa



Kösükli ösümlikleriň köklerindäki kiçijik düwünlerde mesgen tutýan bakteriýalar howadaky azody ösümlige geçirýärler, toprak-da azot bilen baýlaşýar.



Al-gyzyl noýba
Phaseolus coccineus

Jöwen
Sorghum

Giasint kösük
Dolichos lablab

Mahmal kösük
Mucuna pruriens

Sideral (ösümlik) dökünleriň örän köp artykmaçlyklary bar:

- Olar toprak pytramasynyň öňüni alyp, toprakdaky suwy saklamaga kömek edýärler.
- Topragy organiki maddalar bilen baýlaşdyryp, onuň hasyl berijiligini atrdyrýarlar.
- Sideral dökünler birnäçe ýyl ulanylanylandan soň, topragy işläp bejermek aňsat bolýar.
- Sideral ösümlikler ekin ekiljek meýdanyň hut özünde ösýär. Şonuň üçin-de, iş we ulag üçin hiç çykdajy edilmeýär.
- Beýleki ekinler bilen ekilende, olar haşal otlar we zyýanly mör-möjeklere garşy göreşýärler.

Sideral dökünleriň mundan başga-da peýdasy bardyr. Olaryň käbiri, mysal üçin, däneli ösümlikler, amarant, çowdary, kösükler iýmit hökmünde hem ulanylýarlar. Ýorunja we klewer (ýorunja meňzeş ot-iýmlik) ýalylar bolsa mallara iým hökmünde ulanylýarlar. Gorçisalar maşgalasyna degişli sudan oty ýalylar bolsa ösümlik keselleriniň öňüni alýarlar. Sideral organiki dökün hökmünde ekilýän baglardan odun taýýarlanylýar.

Sideral dökünleri ulanmagyň 3 usuly

- Olary mekgejöwen, dary ýaly esasy ekinler bilen ösdürip ýetişdiriň.
- Topraga “dynç” bermekçi bolanyňyzda, oňa sideral ösümlikleri ekiň. Bir ýylyň dowamynda sideral ösümlikleri bilen dökünlenen topragyň ýagdaýy 5 ýyllap dynç berlen topragyň ýagdaýy bilen deň bolýar.
- Olary esasy ekinleriň hasyly ýygnalandan soň, gury möwsümde ekiň.

Dürli ösümlikleriň garyndysy iň oňat ösümlik örtügidir. Çalt ösýän däneli ösümlikler topraga organiki maddany goşýarlar. Kösükli ösümlikler bolsa topragy azot bilen baýlaşdyryp, topragy örtýärler. Topragyňyz üçin nämeleriň oňat boljakdygyny bilmek üçin, şol sebitlerde ýaşaýan daýhanlar bilen gürrüňdeş boluň.



Mulça (topragy bugarmakdan, doňmakdan goraýan çüýrüntgi saman)

Topragy hemişe, hatda ösüş döwründe hem örtülgi saklamak örän peýdalydyr.

Topragy örtmek üçin ulanylýan zatlaryň ählisine mulça diýilýär. Mulça suwy saklamaga kömek edýär, haşal otlar bilen göreşip, toprak pytramasynyň öňüni alýar. Mekgejöweniň başlary, kösükleriň çybyklary ýa-da otlar ýaly ösümlik galyndylary iň oňat mulça bolup hyzmat edýärler. Sebäbi olary ýönekeý meýdanda çüýremäge goýsaň bolýar. Olar topragy organiki maddalar bilen üpjün edýärler. Haşal otlar hem şonuň ýaly ulanylsa bolýar, ýöne olaryň täzeden ösmeginiň öňüni almak üçin, tohumlamazlaryndan öň kesişdirmeli.

Mulça örtügi 10 santimetrden galyň bolmaly däldir. Gaty galyň mulça örän çygly bolup, ösümlik kesellerini döredýändir.

Saman bilen bededen örän oňat mulça emele gelýär, sebäbi olar haýal çüýreýärler.



Mulça örtüginiň ösümlikleriň baldaklaryna galtaşmagyna ýol bermäň.

Ders (organiki dökünler)

Ders ösümliklere zerur bolan ýokumly maddalaryň ählisini berip, wagtyň geçmegi bilen topragyň gurluşyny, hilini we hasyllygyny gowulandyrýar. Himiki dökünler bolsa ekinlere bary-ýogy 2 ýa-da 3 sany ýokumly maddany berip, topragy gowulandyrmaýarlar.

Ýöne derse biraz seresaply çemeleşmeli. Dökünleriň aşa köp ulanylmagy toprakda ýokumly maddalaryň köp ýygnanmagyna we netijede suw ýollarynyň hapalanmagyna eltip biler. Şeýle hem täze dersiň düzüminde kesel dörediji ýokançlyklar bolýar. Zeýkeş ýaplarynyň we suw akarlarynyň golaýyndaky toprakda täze dersi ulanmaň. Ders bilen işläniňizden soň, elleriňizi we geýimleriňizi ýuwuň.

Adamyň galyndylary (nejasat we peşew) bilen dökünleme

Adamyň peşewini döküne öwrüp bolýar. Adamyň nejasaty bolsa topragy ýokumly maddalar bilen baýlaşdyrýar. Ýöne olaryň düzüminde zyýanly mikroblar bolup, nädörgy ulanylsa, olar keselleri döredýär. Ekinleriň hasyllygyny ýokarlandyrmakda adamyň galyndylaryny howpsuz ulanmak barada bilmek üçin 17-nji baby okaň.

Kompost

Kompost – bu iýmit we ekinleriň galyndylaryndan, haşal otlardan we mallaryň dersinden ybarat tebigy dökündir. Kompostyň topraga goşulmagy ýokumly maddalary täzeden ýere gaýtaryp bermegiň usulydyr. Uly meýdanlar üçin kompostyň ýeterlik mukdaryny taýýarlamak köp işi talap edýär. Şonuň üçin-de, kompost ýeriň kiçiräk böleklerinde ulanylýar. (Kompostyň taýýarlanylyşy 400-403-nji sahypalarda berilýär.)



Kompost ulanmagyň dürli usullary:

- Miweli baglary oturtmazdan öň, çukurjygyňyzyň düýbüne bir pili dolduryp, kompost goşuň.
- Nahaly ekmezden öň, oturtjak çukurjygyňyzda bir gysym komposty toprak bilen garyşdyryň.
- Topragyňyzyň üstüne bir gat kompost döküň.
- Ösümlik ýetişýänçä, onuň baldagynyň töwereginde kompostdan aýlaw ýasaň. Bag üçin aýlawy onuň günortanlar kölegesiniň düşýän ýeriniň gyrasyndan aýlaň. Onuň üstüni biraz toprak bilen basyryň. Bag suwarylanda, kompostyň düzümindäki ýokumly maddalar kökleri iýmitlendirer.

Kompostly “çaý”



Kompost zyýanly mör-mejeklere garşy göreşmäge we ösümlikleri dökünlemäge niýetlenen suwuklygy taýýarlamak üçin ulanylyp bilner. Biraz komposty mata bölegine dolap düwüň. Matany suwly bedrä 7-14 günlük salyp goýuň. Suwuň reňki goňralanda, mata haltajygy çykaryň. Galan komposty öz meýdanyňyzda ýaýradyň. Ösümlikleriňiziň ýapraklaryna kompost çaýyny pürkiň ýa-da sepiň. Kompost çaýy bilen işläniňizden soň, hökman elleriňizi ýuwuň.

Topraga ýokumly maddalary goşmagyň beýleki usullary

Beýleki maddalar topragyň turşulygyny üýtgetmek (282-nji sah. ser.) we topragy ýokumly maddalara baýlaşdyrmak üçin ulanylyp bilner. Hek daşy, agaç küli ýa-da haýwanlaryň we balykgulaklaryň owradylan süňkleri topragyň turşulygyny peseldýärler. Haýwanlaryň owradylan süňkleri topragy fosfor bilen, agaç küli bolsa kaliý bilen baýlaşdyrýar. Çüýrän ýapraklar we sosnanyň pürleri topragy has turşy edýärler. Azyndan bir ýyllap çüýreýän şeker çiňrigi we guran kofe ösümliginiň galyndylary döküne öwrülip, topragy ýokumly maddalar bilen üpjün edýärler.

Ýakylan odunyň külüni bagyňyzda gömseňiz, ol topragyň turşulygyny peselder.

Topragyň gowulandyrylmagy haşal otlara garşy göreşmäge kömek edýär

Sideral dökünler, kompost, mulça ýaly organiki maddalar bilen topragy gowulandyrmagyň ähli usullary haşal otlara garşy göreşmekde ýardam berýär. Toprak sagdyn bolanda, az mukdardaky haşal otlar hasyllyga zyýan ýetirmeýärler. Haşal otlara ýer galmaz ýaly, ekinleri bir-birlerine golaý ekmelidir. Mallara haşal otlary iýmäge mümkinçilik döredilen ýagdaýynda hem olar bilen göreşip bolar. Ýerli ekinlere ýerli haşal otlar az derejede zyýan ýetirýär. Köp ýyllaryň dowamynda ýerli ösdürilip ýetişdirilýän ekinler howa, haşal otlara we zyýanly mör-möjeklere uýgunlaşyp, beýleki ekinleriň ýa-da olaryň görnüşleriniň ösüp bilmeýän ýerlerinde üstünlik gazanýarlar.

Topragy pytramadan goramak

Ýer goralmasa, howa we suw topragyň ýokarky gatlagyny köwýär ýa-da zaýalaýar. Bu topragyň suwy ýitirmegine eltip biler. Galan toprak köplenç dykyz, ýokumly maddasyz we ekin ösdürip ýetişdirmek üçin oňaýsyz bolýar. Toprak pytramasynyň öňüni almak we topragy, ýeri gorap saklamak daýhanlaryň iň wajyp işleriniň biridir. (Toprak pytramasynyň öňüni almak barada has giňişleýin maglumat 11-nji bapda berilýär.)

Pestisidler baradaky çözgütleriň suratyny çekmek



Maksady: Topragyň üsti köwülmez ýaly, ony örtmegiň näderejede wajypdygyny görkezmek.

Wagty: 15 minut

Enjamlar: 2 bölek arassa kagyz ýa-da mata, suw pürküç ýa-da düýbünde maýdaja deşikler deşilip, suwy ýagyş ýaly sepeleýän köne tüneke gap (çäýnek).

1. Goý, topar ýeriň hiç bir ösümliksiz we haşal otsuz takyr böleginde duşuşsyn.
2. Arassa kagyz ýa-da mata bölegini ýerde goýuň. Pürküçden suwy ýere kagyzyn ya-da matanyň gapdalyna sepeläň.
3. Suw ýere syçranda, kagyzyň ýa-da matanyň ýüzündäki palçyk tegmilleriniň näçe bolandygyna serediň. Ýagyş takyr ýere ýaganda şolar ýaly bolýar. Takyr toprak ýagşy saklap bilmänsoň, ol köwülýär-de, syrylyp äkidilýär.
4. Topragyň ot, haşal otlar ýa-da mulça bilen örtülen ýerine täze arassa kagyzy ýa-da matany goýup, sapagy gaýtalaň. Ikinji kagyzda we matada birinjidäkiden palçyk tegmilleri azrak bolmaly, sebäbi ösümlik döküni suwy saklap, oňa ýeriň aşagyna siňip gitmäge kömek edýär.
5. Bolup geçen zatlary we topragyň üstüni örtmegiň ähmiýeti barada toparlarda pikir alşyň.Mümkin, mulçanyň topragy goraýşyny görkezmek üçin, bu tejribe sapagyny ekin meýdanynda dowam edesiňiz geler. Uly bolmadyk görkeziji meýdany dörediň we onuň üstüni ekişden soň mulça bilen örtüň. Şol ekini başga bölekde mulçasyz ekiň. Ösüş döwrüniň ahyrynda netijeleri deňeşdiriň.

Sudury böwetler

Baýryň ýapgydyna galyp, onuň bir çetinden beýleki çetine şol bir derejesinde ýöräp bilseňiz, siz ýapgydyň sudury çyzygyna eýerersiňiz. Sudury böwetler diýlip diwarlaryň, haýatlaryň, otlaryň we gyrymsy agaçlaryň aýlaw şekilinde oturdylan "böwetlere" aýdylýar. Olar ýagşyň we ýeliň topragy köwmeginiň öňüni almaga kömek edýärler. Mundan başga-da, olar suwuň ýapgytdan aşak akmagyny haýalladyp, onuň topragyň üstüne ýaýramagyna we siňmegine kömek edýär. Keşler dikligine däl-de, keseleýin çekilse, bu ýeriň ýokarky gatlagynyň hereketiniň haýýalladylmagyna, suwuň bolsa ösümlikleriňize ugrukdyrylmagyna ýardam berýär. A-görnüşli çarçuwa (rama) sudury böwetleri çekip, ýeriňiziň sudurlaryny bellemäge kömek eder.



A-görnüşli çarçuwany ýasamak

A-görnüşli çarçuwa size sudurlary çekmäge kömek edip biljek guraldyr. Aşakdaky enjamlary ulanyň:

- Aýajyklary ýasamak üçin uzynlygy 2 metr we ini 2 santimetr bolan 2 berk taýak we kese söýe üçin uzynlygy 1 metr bolan taýak.
- Iki taýagyň galyňlygyndan geçip, biraz daşda galar ýaly, 3 uzyn çüý.
- Agzy towlanyp ýapylýan ýa-da dykyly çüýşe, agramlyk üçin daş (takmynan 0,5kg).
- Bir tarapy düwlen 2 metr uzynlykdaky ýüp.
- Galam ýa-da ruçka, çekiç ýa-da daş, ýiti pyçak ýa-da byçgy we ölçeg lentasy.



1. 2 aýajygy bile üçburçlyk görnüşde daňyň. Olary çüý bilen berkitseňiz, çüýüň papajygyny biraz daşyna çykyp durar ýaly ediň (siz soňra ondan peýdalanarsyňyz).
2. Kese germewi aýaklara berkidiň.
3. Agramy (çüýşäni ýa-da daşy) ýüpüň ujuna berkidiň. Sapagyň beýleki ujuny çüýüň papajygyna daňyň. Ýüpüň agramly ujy kese söýeden 2 santimetr aşakda bolar ýaly edip daňyň. Çüýşäni suwdan, çägeden ýa-da toprakdan dolduryp, agzyny gapak ýa-da dyky bilen ýapyň. Ujuna agram daňlan ýüpe "şugul" diýilýär.

A-görnüşli çarçuwanyň merkezini bellemek

1. A-görnüşli çarçuwany tekiz ýerde goýuň. Çarçuwanyň her aýagynyň duran ýerini belläň. Şugulyň arkaýyn hereket edýändigine göz ýetiriň. Soňra ony gymyldatman saklaň. Şugul gymyldamasyny bes edende, sapagyň kese söýä degýän ýerinde bellik ediň.
2. A-görnüşli çarçuwanyň birinji aýagynyň ikinji aýagynyň, ikinji aýagynyň bolsa birinji aýagyň ýerinde bolar ýaly öwrüň. Sapagyň kese söýe bilen kesişýän ýerini belläň. Indi kese söýede siziň 2 sany belligiňiz bolar.
3. Iki belligiň arasyna sapak gerip, ony ölçäň. Soňra şol sapagy iki deň epläň-de eplenen ýerinde (kese söýede) üçünji belligi ediň.
4. A-görnüşli çarçuwany tekiz ýerde goýuň. Şugul kese söýäniň merkezindäki belligiň edil üstünde bolmalydyr. Şugul kese söýäniň merkezindäki belligiň ýokarsynda bolan wagtynda, A-görnüşli çarçuwanyň 2 aýagyny hem bir derejede (bir beýiklikde) bolmaly. A-görnüşli çarçuwany öwrüň we onuň her aýagyny beýlekiň duran ýerine goýuň. Ölçeg henizem merkezdäki belginiň ýokarsynda durmaly. Sapak merkezdäki belginiň ýokarsynda bolmasa, ol şol ýerde bolýança, işi gaýtalaň.

Sudury böwetleri çekjek zolagyňyzyň ýerini saýlaň

A-görnüşli çarçuwaňyz taýýar bolanda, böwetleri ýapgytdan aşak bir-birine takmynan nähili ýakynlykda goýjakdygyňyzy çözüň. Baýryň ýokarsyndan syrygýan suwlary saklar ýaly, birinji sudury böwediňiz meýdanyňyzyň ýokarky çäginde çekilmeli. Beýleki böwetleri nähili goýjakdygyňyz ýapgyda bagly bolar. Eňaşak ýapgytlarda böwetleriň arasy 10 metr bolmaly. Ortaça ýapgytlarda olaryň arasy 15 metr bolmaly. Eňňitlerde böwetleriň arasy 20 metr bolup biler. Örän eňaşak ýapgytda işlemäge mejbur bolsaňyz, agaçlar üçin aýratyn sekileri, ekinler üçin kiçirdäk çukurjyklary ýa-da uly bolmadyk sekileri döretmeklik ýaplary gazmakdan ýa-da sürmekden has gowy bolar.

Topragyň hilini hem ünsden düşürmeli däldir. Toýunsow ýaly toprak suwy aňsatlyk bilen siňdirmeýär. Şoňa görä-de, böwetler bir-birine ýakyn bolmalydyr. Toprak çägesöw ýa-da düzüminde organiki maddalar köp bolsa, ol suwy aňsat siňdirýär. Şoňa görä-de, böwetleri bir-birinden uzagrakda edip bolar. Böwetleriň arasynyň nähili bolmalydygyny çözeniňizden soň, olary bellemek üçin ýere taýak dürtüp goýuň.



Siz A-görnüşli çarçuwa, ölçeg lentasy ýa-da ädimläp ölçäp bilersiňiz.

Sudury çyzyklary nädip bellemeli

Sudury böwetleri çekmek üçin, ilki bilen sudury çyzyklary geçirjek ýerleriňizi tapmaly.

1. Ýapgydyň depesinde, ýagny birinji böwedi goýmak isleýän ýeriňizde ýapgydyň aşaklygyna-da ýokarlygyna-da däl-de, keseligine A-görnüşli çarçuwany goýuň. Sudury çyzygyň başlanmagyny isleýän ýeriňizde A-görnüşli çarçuwanyň bir aýajygyny goýuň. A-görnüşli çarçuwanyň beýleki aýajygyny şugul kese agajyň merkezindäki bellige ýetýänçä, süýşüriň. Şugul merkezi belliginň üstünde duran wagty, A-görnüşli çarçuwanyň aýajygynyň duran ýerine sudur diýilýär.

2. A-görnüşli çarçuwanyň ikinji aýajygynyň duran ýerinde ýere gazyk kakyň.
3. Ýapgytda indiki tekiz ýeri tapar ýaly A-görnüşli çarçuwany öwrüň-de, birinji ädimi gaýtalaň. Her 2 metrden ýere gazyk kakyp, bellik ediň. Muny meýdanyň ýa-da ýapgydyň ahyryna çenli dowam ediň.
4. Böwet goýjak indiki ýeriňize geçiň (ýapgytdan 10 metrden 20 metre çenli) we işi gaýtalaň.
5. Her sudury çyzygy belläniňizden soň, her çyzygyň ahyrynda durup, gazyjyklar hataryna serediň. Sudury çyzyk dogry aýlaw görnüşinde bolmaly. Eger gazyjyklary biri bu aýlawly hatardan çykýan bolsa, ony aýlawda bolar ýaly dogrulaň.



Gazyjaklar bilen bellenen sudury çyzyklar.

Sudury böwetleri gurmak boýunça görkezmeler

Sudury çyzyklar ölçelip, görkezilenden soň, ýeriňiz üçin haýsy böwetleriň has oňat boljakdygyny çözeniňizden soň, şu görkezmeleri hem göz öňünde tutuň:

- **Baglary we ösümlikleri ekiň.** Olary goraň. Ýapgyt örän eňaşak bolsa, ol ýerde öň ösüp oturan ýa-da siziň eken baglaryňyz baýryň opurylyp gaýtmagynyň öňüni alarlar. Berk kökli otlar we ösümlikler topragydyr suwy saklamaga kömek edýärler.
- **Suwy haýalladyň, ýöne onuň togtamagyna ýol bermäň.** Suwuň ýapgytdan aşak syrygyp durmagy ýa-da topraga siňmegi örän wajypdyr. Ýaramaz bellenilen böwetler ýata suwlaryň döremegine sebäp bolar. Ýata suwlarda bolsa çybyn-çirkeýler köpelip, gyzzyrmanyň we beýleki keselleriň ýaýramagyna sebäp bolýandygyny unutmaň.
- **Mesele ýüze çykanda, ony şobada çözüň.** Güýçli apy-tupan suduryň ýa-da diwaryň köwülmegine eltip biler. Toprak pytramasynyň öňüni almak üçin, köwlen ýerleri tizara bejeriň.
- **Ýokardan başlaň.** Suw ýapgytdan aşaklygyna akýar. Ýokardan başlasaňyz, siz aşakdaky ähli zady goraýarsyňyz we birgiden uly bolmadyk böwetleri ulanyp bilersiňiz.

Sudury böwetleriň dürli görnüşleri

Topragyz üçin-de, siziň üçin-de amatly bolup, gurulmasy iň aňsat boljak sudury böwetlerden peýdalanyň.



Sudury çyzyklaryň gyralarynda ösýän agaçlardan, gyrymsy agaçlardan ýa-da beýleki ösümliklerden gurlan **"janly"** böwetler suwy we topragy saklaýar.



Gyrymsy ösümlikden, daşdan ýa-da samandan edilen **böwetler**. Olar gorplaryň ýa-da topragy syrylan ýerlerde keseleýin edilýär. Olar suwuň akymyny haýalladyp, onuň aşak syrykmagyna mümkinçilik berýär.



Daşdan, toprakdan saman briketlerinden ýa-da beýleki materiallardan salnan, galyňlygy 30 santimetre we boýy azyndan 25 santimetre ýetýän diwarlar suwy haýalladyp, onuň ýere siňmegine kömek edýärler.

Keşler suwuň akymyny belli bir ýere ugrukdyrýarlar. Suwuň topraga siňmegine kömek etmek üçin, keşiň içinde her 8-10 metrden uly bolmadyk böwet goýuň.





Gabionlar – topragy saklamak, ýaplaryň gapdallaryny berkitmek üçin demir tordan ýasalan gapyrjak.

Oýjagazlar – depäniň ýokarky tarapyndaky keşli uly bolmadyk böwetlerdir. Keş çekmek üçin gazylan toprak aşaklygyna gaýdyp, oý edilýär. Gyralary opurylmaz ýaly, onuň inini çuňlugyndan 3 esse uly ediň. Oýjagazlaryň içinde bag we gyrymsy baglary ekiň. Olar suwy topraga siňdirip, topragy süýşmekden gorarlar.



Suwdan oýlanyşykly peýdalanmak

Her bir daýhan suwa mätäçdir. Siz gurak ýerde ýaşaýan bolsaňyz, suwy gorap saklamagyň iň gowy usuly ýaşaýan ýeriňize mahsus ýa-da diňe ýagyş möwsüminde suwa mätäç ösümlikleri ekmekden ybarat. Sideral dökünler topragy saklamaga kömek edýär, sudury böwetler bolsa suwuň akyp gitmegine ýol bermän, ony gorap saklaýar. Daýhan birleşiginde suwy gorap saklamagyň başga usullary hem bar:



Şlanglardaky we turbalardaky uly bolmadyk deşikler suwuň haýallyk bilen ýere siňmegine mümkinçilik berýär.

- Ýeriň üstünden ýa-da onuň aşagyndan geçirilen **damja suwaryşy** suwy tygşytly sarp edýär. Ol topraga üstünden akan suwa görä az zyýan ýetirýär.
- Ekinleri we topragy günden goramak üçin **saýaly agaçlary oturtmaly**. Käbir agaçlar ýüzleý kökli ekin üçin has çuň ýerleşen suwy almaga kömek edýär.
- Topragy saýaladar ýaly, **ekinleri bir-birine golaý ekmek**. Bu topragyň guramagynyň öňüni alar. Sebäbi ekinleriň arasyndaky howa biraz yzgarly bolup, ösümlikler solmaýar.
- **Zolaklaýyn ekiş** (sudury çyzyklaryň ugry boýunça dürli ösümlikleri ekmek) ösümlikleriň bir-birleri bilen yzgary paýlaşmagy üçin zerurdyr. Topragyň üstündäki ekinler ýapgytda sudury çyzykdan ýokarda ekilýär, biraz toprak örtügini berýär ekin bolsa ondan aşakda ekilýär. Suw ýeriň üstündäki ösümlik örtüginde ýygnanyp, ýapgytdan aşakda ösýän ekinlere akýar.



Zolaklaýyn ekiş

- Öýleriň ýanyndaky baglary suwarmak üçin **ýuwundy suwlary ulanmak** (100-nji sah. ser.).
- Adamlary we ekinleri bol suw bilen üpjün etmek üçin, **suw toplaýjy çäkleri goramak** (9-njy baba ser.).

Ekiş üçin çukurjyklary ýasamak

Ekinler örän gurak şertlerde hem oňat öser ýaly, olaryň düýbünde çukurjyklar ediň. Bu çukurjyklar ýagyş suwuny ýygnamaga kömek edýär. Şol bir çukurjykda birnäçe ösümligiň oturdylmagy suwy has ýerlikli ulanmaga ýardam berer. Köp suwa mätäç ekinler ýapgydyň aşak çetinde has gowy ösýär. Suwuň az mukdary bilen osüp bilýän ekinler ýapgydyň ýokarsynda gowy ösýär.

Indiki ýyl olary ýene-de şol çukurjyklarda oturdyň ýa-da köne çukurjyklaryň arasyndan täze çukurjyklary gazyň. Täze çukurjyklary gazsaňyz, birnäçe ýyldan ähli ýer dökünlenen bolar.



Daş diwarlary toprak pytramasynyň öňüni alyp, suwy tygşytlaýarlar

Burkino Faso obasy baýyrly-pesli ýerleriň gezekleşýän belentliginde ýerleşýär. Ýagyş hemişe az ýagýardy, ýöne soňky ýyllaryň içinde olar öňküden hem azaldy. Ýer we adamlar kösenýärdiler. Suwy gorap saklamak we toprak pytramasynyň öňüni almak üçin, daýhanlar meýdanda keseligine geçýän pes daş diwarlary gurdular. Bu diwarlar suwuň akymynyň haýalladyp, onuň ýere siňmegine mümkinçilik berýär. Şeýle hem diwarlar topragyň sowrulmagyna ýa-da köwülmegine ýol bermän, ýokardaky ýapgytlardan aşak süýşýän topragy togtadýarlar.

Mundan başga-da, daýhanlar uly ekiş çukurjyklaryny gazdylar. Olar çukurjyklary kompost ýa-da ders bilen doldurdylar. Bu ösümlikleri dökünlemäge we suwy saklamaga ýardam berdi. Daýhanlar emele gelen gorplary daşdan doldurdylar. Gorp örän uly bolsa, adamlar onuň keseligine daş haýatyny gurdular. Meýdanda hem bolşy ýaly, daş diwarlary suwy haýalladyp, gorpuň ýagdaýynyň erbetleşmgine ýol bermeýärler. Wagtyň geçmegi bilen toprak gorpy doldurýar.

Burkine Fasodaky daýhanlar bu usullardan peýdalanmak bilen, ýagşyň az ýagan döwürlerinde-de topragy baýlaşdyrmagy we hasyllygy ýokarlandyrmagy başardylar. Iýmit bolçulygy bolsa adamlaryň saglygyny gowulandyrdy.

Zyýanly mör-möjeklere we ösümlik keselleriné garşy göreşmek

Zyýanly mör-möjekler, ösümlilkleriň keselleri we haşal otlar ekinlere güýçli howp salyp bilýärler. Himiki dökünleri öndürýän kompaniýalar pestisidleriň yzygider pürkülmegini bu meseläniň ýeketäk çözgüdi diýip hasaplaýarlar. Emma himikatlaryň döretjek kynçylyklary, olaryň çözüp biljek meselelerinden has çökderdir (14-nji baba ser.). Oba hojalygynyň durnukly alnyp barylmagy tebigat bilen utgaşyp, ekinleriň, zyýanly mör-möjekleriň, keselleriň we topragyň ýaşaýşynyň arasyndaky deňagramlylygy saklaýar. Muňa zyýanly mör-möjeklere garşy göreşmegiň adaty çäreleri ýa-da zyýanly mör-möjeklere garşy göreşmegiň utgaşdyrylan çäreleri (ZGUÇ) diýilýär.

Zyýanly mör-möjeklere garşy göreşmegiň tebigy çäreleri ösümlikleriň keselleriniň we zyýanly mör-möjekleriň meselelerініň öňüni alýarlar. Bu çäreler zyýanly himikatlary bedenlerden we daşky gurşawdan daşda saklaýarlar. Şeýle hem olar himikatlara mätäçligi we pestisidlere durnuklylygy aradan aýyrýar (273-nji sah. ser.). (Zyýanly mör-möjeklere garşy göreşmegiň gyssagly çäreleri barada 298-299-njy sah. ser.).

Siz pestisidleri ulanmakçy bolaýanyňyzda-da, zyýanly mör-möjekleriň siziň ekinleriňize hakykatdan hem zyýan ýetirýändiklerini, näderejede zyýan ýetirýändiklerini we meýdandaky beýleki janly-jandarlar tarapyndan gözegçilik edilip-edilmeýändigini biljek boluň. Diňe şeýle maglumatlary toplanyňyzdan soň, himikatlary ulanyp ulanmazlygy, olaryň haýsy görnüşlerini ulanmalydygyny çözmelisiňiz.

Zyýanly mör-möjeklere we ösümlik keselleriné garşy göreşmegiň iň gowy usuly ekinleri sagdyn saklamakdyr.

- **Sagdyn topragy döredіň.** Sagdyn toprak peýdaly mör-möjeklere ýaşar ýaly ýer berip, ösümlik keselleriniň öňüni almaga kömek edýär.
- **Çydamly tohumlary ekiň.** Siziň saýlajak tohumlaryňyzyň zyýanly mör-möjeklere we ösümlik keselleriné durnuklydygyna göz ýetirmek üçin, tohumlar barada daýhanlardan ýa-da oba hojalyk meseleleri boýunça hünärmenlerden soraň.
- **Ekinleri dogry ýerleşdiriň.** Ekinleriň bir-birine örän golaý ekilmegi ýapraklara howanyň we gün şöhleleriniň ýetmegini çäklendirip, keselleriň ýüze çykmagyna mümkinçilik berýär. Ýöne ekinleriň bir-birinden has daş oturdylmagy hem haşal otlara ýer galdyryp, topragy guradýar, hasyllylygy peseldýär. Her bir ekini nähili aralykda oturtmagyň has gowy boljakdygyny bilmek üçin, synaglary geçiriň.
- **Oňaýly wagt ekiň.** Zyýanly mör-möjekler we ösümlik keselleri adatça howanyň täsirini duýýarlar, meselem, ilkinji ýagyşlar we ilkinji maýyl günler. Her bir ekiniň nähili ösýändigine syn edip, şol kanuny aýratynlyklar barada daýhanlar bilen gürrüňdeş boluň. Olar ekini ekmegiň amatly wagtyny bilmäge kömek eder. Ekin wagtyndan öň ekilse, ekinler belli bir wagtda döreýän kesellere we zyýanly mör-möjeklere garşy durmaga ukyply bolýarlar. Giçki ekiş bolsa zyýanly mör-möjekleriň we keselleri iýmit ýetmezçiliginden ölmäge mejbur edip bilýär.
- **Dürli ekinler ekiň we ösdürip ýetişdirýän ekinleriňiziň düzümini üýtgedip duruň.** Ekiniň bir görnüşi ekilen uly meýdanlar şol ekini halaýan zyýanly mör-möjekleri özüne çekýär (300-nji sah. ser.).
- **Aşakdan suwaryň.** Ýokardan suwarma toprakdaky keselleriň siziň ekinleriňize syçramagyna mümkinçilik berer. Öl ýapraklar we baldaklar keseliň döremegi üçin amatly ýerlerdir. Damjalaýyn we suwa basdyryp suwarmanyň ulanylmagy (294-nji sah. ser.) ekinleriň we baldaklaryň sagdyn bolmagyna kömek edip biler.

Zyýanly mör-möjekleri gözläň

Otiýýänmör-möjeklerobahojalygynyalypbarmagyňadaty bir bölegidir. Olar beýleki görnüşli mör-möjekler, esasanam zyýanly mör-möjekleri iýýänler bilen deňagramlykda bolsa, ekinlere köp zyýan ýetirip bilmeýärler.

Ekinleriňizi yzygider barlap duruň. Şeýle etmegiňiz siziň peýdaly mör-möjeklere öz işlerini ýerine ýetirmäge mümkinçilik berip, zyýanly-möjeklere garşy tebigy pestisidleri ýa-da beýleki usullary ulanmaly wagtyňyzy kesgitlemäge kömek berer.

Siz zyýanly mör-möjekleri we keselleri gözleýän wagtyňyz, özüňize şeýle soraglary beriň:

- Mör-möjekler ekinleriň aýratyn bir böleklerini iýýarmi?
- Zyýan ýetirýärmi? Bu zyýan hasyllyga täsir edermi?
- Peýdaly mör-möjekler zyýanly mör-möjekleri gözegçilikde saklaýarmy?

Siziň ekinleriňize zyýan ýetirýänlerini ýa-da, tersine, kömek edýänlerini kesgitlemek üçin, mör-möjekleriň näme iýýändiklerine gözegçilik ediň.

Bu mör-möjek zyýanlymy, dostmy ýa-da zelelsiz mör-möjekmi?

Kate göze görünýän mör- möjekler zyýanly mör-möjekleri iýip, ekinleri goraýarlar. Öz ösüşiniň belli bir döwründe ösümligiň özi hem zyýanly mör-möjeklere garşy durmagy başaryp, sagdyn bolýar. Gurçuklar sagdyn toprak üçin ähmiýetlidirler. Balarylary, möýler we suwda (mysal üçin, şaly meýdanlarynda) ýaşaýan mör-möjekleriň köpüsi peýdaly bolup, zyýanly mör-möjeklere garşy göreşmäge kömek edýändir. Şeýle hem ownuk arylar we neşderi inçe çirkeýler hem peýdalydyrlar. Peýdaly mör-möjekler siziň ekinleriňize kömek edip biler ýaly, iň gowusy olary biynjalyk etmezlikdir. Mör-möjekleriň zyýankeşdigine, peýdalydygyna ýa-da zelelsizdigine düşünmek üçin, meýdanlaryňyzda mör-möjeklere syn ediň. Käbir mör-möjeklere ynamyňyz bolmasa, olary ösümlik bölejikleri bilen konteýnere ýygnaň we birnäçe günüň dowamynda olary synlaň. Mör-möjekleriň ýumurtgalaryny tapsaňyz, olardan näme çykjakdygyna syn ediň. Ol ýerden ownuk gurçuklar ýa-da liçinkalar çyksa, onda olar zyýanly mör-möjekler bolup bilerler. Olardan uçýan mör-möjekler çyksa, onda köplenç olar peýdalydyrlar. Zyýanly mör-möjekleriň ekinleriň şiresini sormaklary we olary iýmekleri ekinlere zyýan ýetirmegiň esasy ýollarydyr.

- **Şire sorýan mör-möjeklere** ösümlik bitleri, gowluly mör-möjekler, tropiki we subtropiki ýerlerde ýaşaýan deň ganatlylar, ekinlere zyýan beriji mollýusklar, bökýän mör-möjekler, akganatlyjalara, seçeklije ganatly mör-möjekler, sakyrtgalar we togalak gurçuklar degişlidirler.
- **Ot iýýän mör-möjeklere kebelek gurçuklary**, ekinlere zyýan beriji mollýusklar, balykgulaklar we ognýowkalar degişlidir.

Mör-möjek zyýanly bolsa, ondan nädip dynmaly?

Siziň ösümlikleriňizi nähili mör-möjegiň zaýalaýandygyny kesgitleseňiz, siz onuň şol görnüşine garşy döredilen tebigy pestisidleri (indiki sahypa serediň) ulanyp bilersiňiz. Zyýanly mör-möjegiň haçan görünýändigini we onuň daşky gurşaw bilen nähili baglydygyny bileniňizden soň, siz zyýanly mör-möjeklere garşy fiziki usullary ulanyp bilersiňiz (299-njy sah. ser.). Aşakdaky soraglaryň jogaplary size zyýanly mör-möjeklere garşy nädip göreşmelidigini bilmäge kömek eder:

- Ol nireden gelýär?
- Ol bir görnüşde gelip, soňra başga görnüşe öwrülýärmi? (mysal üçin, kebelek gurçuklary kebeleklere öwrülýärmi?)
- Ol guşlara we beýleki mör-möjeklere ýa-da meýdan jandarlaryna iýmit bolýarmy?

Tebigy pestisidleri pürkmek

Himiki serişdelere garanyňda, tebigy pestisidler daşky gurşawa we adamlara has az zyýan ýetirip, ekinlere zyýan ýetirilmeginiň öňüni alýar. Olary ýasamak aňsat bolup, bahasy himiki pestisidlerden birnäçe esse arzandyr.

Ýöne tebigy pestisidler hem seresaplyk bilen ulanylmalydyr. Hiç wagt özüňize gereginden artyk ulanmaň. Tebigy pestisidler dürli şertlerde dürli-dürli täsir edip bilýär. Bir görnüş täsir etmese, beýleki görnüşleri ulanyp görüň.

Ot iýýän mör-möjekler üçin tebigy pestisidler

Ot iýýän mör-möjekleriň garşysyna sarymsak, sogan, gyzyl ajy burç, dyrnakgülliler we ot-iýmlik kösüklileriň ýapraklary ýaly ýiti ysly ösümliklerden taýýarlanan pestisidleriň kömegi bilen göreşmek netijelidir.



1. Ulanjak bolýan ösümligiňizi ýygnaň, ony guradyň we ondan külke ýasaň.
2. Külkäni suwda bir gije basyp goýuň (1 litr suwa bir gysym külke).
3. Gaty zatlardan arassalamak üçin, garyndyny süzgüçden ýa-da matadan süzüň.
4. Pestisid ösümlige ýelmeşer ýaly, oňa biraz sabyn goşuň.
5. Ekinlere garyndyny pürküň ýa-da sepiň. Ilki bilen garyndyňyzy 1 ýa-da 2 düýp ekinde barlaň. Ol ekinlere zyýan ýetirýändir diýip pikir etseňiz, mümkin ol gaty güýçli bolandyr. Köpräk suw goşup, goýulygy kadalaýyk bolýança, ony birki ösümlikde barlap duruň.
6. Taýýarlan pestisidiňiz gerek bolan ýagdaýlarda we ýagyşdan soň ulanyp bilersiňiz.

Şire sorýan mör-möjeklere garşy tebigy pestisidler

Şire sorýan mör-möjekleriň dem alyş ýollaryny ýapmak üçin üstlerine sabyn ýa-da ýag guýup, ýok edip bolar. Sabyn ýa-da ösümlik ýagy goşulan suw ekinlere pürkülse, bu zyýanly mör-möjekleri öldürer. Beýleki sabyn serişdelerini ýa-da güýçli sabynlary ulanmaň, sebäbi olar ekinlere, topraga we mör-möjeklere zyýan ýetirýärler.

Beýleki tebigy pestisidler

Suw bilen garylyp pürkülen peşew zyýanly mör-möjekleri öldürýär. 1 bulgur peşewi 10 bulgur suw bilen garyň. Ony ýapyk gapda 10 gün saklaň. 10 günden soň garyndyny ekinleriňize sepiň. Temmäki hem köp zyýanly mör-möjekleri öldürýär. Temmäki ýapraklarynyň ýa-da çilim galyndysynyň 1 bulguryny 5 litr suw bilen gaýnadyň. Ýapraklary ýa-da çilim galyndylaryny aýryň-da, biraz sabyn goşup, ekinlere sepiň. Temmäkini pomidor, ýer alma, burç we badam üçin ulanmaň. Ol bu ekinlere zyýan ýetirer we olara hüjüm edýän zyýanly mör-möjekleriň köpüsini öldürmez.

Üns beriň: Temmäki şiresi zäherdir!

Zyýanly mör-möjeklere garşy göreşmegiň fiziki usullary

Zyýanly mör-möjekler bilen göreşmegiň we olary iýýän mugthorlary we ýyrtyjylary goldamagyň köp usullary bardyr. Beýleki daýhanlar bilen olaryň ulanýan usullary barada gürrüňdeş boluň.



Siziň ekin meýdanlaryňyzdaky jandarlaryň zyýanly mör-möjeklere garşy göreşip-göreşmeýändigini bilmek üçin, olara gözegçilik ediň.

Haýwanlar we mör-möjekler

Guşlaryň, ýarganatlaryň, ýylanlaryň we mör-möjekleriň köpüsi zyýanly mör-möjekleri iýýärler we ekinleri tozgalandyrýarlar. Guşuň çüňküniň görnüşine ýa-da onuň siziň ekin meýdanyňyzda özüni alyp barşyna syn etseňiz, siz onuň näme bilen iýmitlenýändigini kesgitläp bilersiňiz. Ekinleri iýýän guşlary gorkuzmak üçin, daýhanlar ekinleriň ýanynda ýalpyldawuk kagyz, köne kassetalaryň ýorkasyny we demir bölejikleri ýaly ýylpyldyýan zatlary asýarlar.

Ýarganatlaryň köpüsi çybynlary iýýär. Ýöne käbir ýarganatlar ir-iýmişleri iýýärler, käbirleri bolsa haýwanlary dişleýär. Olaryň ýatýan ýerinde, köprüniň aşagyndaky iýmit galyndylaryna we özlerine syn edip, olaryň siziň agaçlaryňyzdaky ir-iýmişleri iýip-iýmeýändigini ýa-da siziň ekinleriňizi zaýalaýan mör-möjekleri iýýändiklerini kesgitläp bilersiňiz.

Zyýanly mör-möjeklere garşy göreşmegiň fiziki usullary

Miwe siňejiklerine garşy göreşmek üçin biraz çüýräp başlan miweleri plastik çüýşä salyň-da, onda diňe şol siňejikler sygar ýaly birnäçe deşik ediň. Bu çüýşäni goramak isleýän miweli agajyňyzda miweleriň bişmegine 6 hepde galanda (siňejikleriň miwelerde ýumurtgalaryny goýýan wagty) asyp goýyň. Siňejikler içine girer, ýöne daşyna çykyp bilmezler.

Kiçijik arylaryň köpüsi tozgajyk bilen iýmitlenip, zyýanly mör-möjeklere topulýarlar. Köp tozgajyk berýän, ösýän we gülleýän ösümlikler şol arylary özlerine çeker. Arylar bolsa ekinleri zyýanly mör-möjeklerden gorar.

Siziň ekin meýdanyňyzyň töwereginde ekilen uzyn agaçlar çekirtgeleriň şol ýerden geçmegine päsgel berip, olary meýdanyň ýokarsyndan uçup geçmäge mejbur edýärler. Şeýle hem agaçlar peýdaly mör-möjekleriň ýaşamaklary üçin ýer bolýar.

Garynjalar – gazaply ýyrtyjylardyr. Siziň meýdanlaryňyza liçinkalar hüjüm edýän bolsa, ösümligiň düýbüne ýa-da baldaklaryň üstüne şireli suw sepeläň. Garynjalar şekerli suwa gelip, liçinkalary iýmäge galarlar!

Uçýan mör-möjekleriň köpüsi ýumurtgalaryny ekinleriň üstüne taşlaýarlar. Olaryň ýumurtgalaryndan soňra liçinkalar we kebelek gurçuklary çykarýarlar. Suwly skwažinanyň ýa-da bedräniň ýokarsyndan asma çyra goýsaňyz, ol mör-möjekleri özüne çeker we olar suwa gaçyp, gark bolarlar. Bu meseläni ýumurtgalar taşlanylmanka ýa-da hiç zat çykmanka çözýär.



Çüýşede birnäçe deşik ediň.

Ekýän ekinleriňiziň görnüşlerini üýtgetip duruň

Bir ösümlik maşgalasyndan bolan ekinler şol bir kesellerden we zyýanly mör-möjeklerden ejir çekip bilerler. Mysal üçin, şol bir ekin meýdanynda hemişe ýer almasyny ekýän bolsaňyz, ýer alma tomzaklary şol meýdana gelip, köpelip bilerler. Emma her 3 ýyldan siz olaryň iýmeýän bir zadyny ekseňiz, tomzaklar meýdany taşlap giderler ýa-da ajyndan ölerler. Üçülenji ýyl ekiljek ekin ýer almasyna (mysal üçin, pomidor ýa-da burç) meňzeş bolmaly däldir. Bu mekgejöwen ýaly düýbünden başga zat bolmalydyr. Muňa ekin dolanyşygy diýilýär. Keselleriň we zyýanly mör-möjekleriň öňüni almagyň 2-nji usuly ekinleri gezekleşdirmekden we dürli ekinleri bile ekmekden ybarat.

Ekinleri gezekleşdiriň

Ekinleri gezekleşdirme (belli bir ekin meýdanda ösdürip ýetişdirýän ekinleriňiziň çalşygy) keselleri we zyýanly mör-möjekleri iýmitsiz goýup, olar bilen göreşmegiň ygtybarly usulydyr. Bu usul dürli ýokumly maddalary goşup, topragy has gowulandyrýar. Mysal üçin, bir möwsümde däne ekinlerini ekseňiz, indiki möwsümde kösükli ekinleri ekiň. Kösükli ösümlikler topraga azot goşsa, däneli ekinler topraga organiki maddalary goşýarlar. Netijede toprak mes bolýar.

Dürli ekinleri utgaşdyryp ekiň

Ekinleriň dürli görnüşleriniň ekilmegi mör-möjeklere ýaşamaga ýer berip, zyýanly mör-möjekleriň öz halaýan ekinlerini tapmagyny kynlaşdyrýar. Ekinleriň köp görnüşiniň ekilmegi azyk howpsuzlygyny hem gowulandyrýar. Sebäbi bir ekin ösmese, beýlekilerinden eklenip bolýar.

Dürli ekinleriň bir-birine golaý ekilmegi şu usullar arkaly zyýanly mör-möjeklerden goraýar:

- Käbir ýiti ysly derman ekinler we bakja önümleri zyýanly mör-möjekleri ürküzip kowýar.
- Käbir güller zyýanly mör-möjekleri ýok edýän ýyrtyjylary özlerine çekýär.
- Käbir ösümlikler zyýanly mör-möjekleri “tutýarlar”. Bu zyýanly mör-möjekleri daşda saklamagyň ters usulydyr. Zyäýankeşlere siziň ekinleriňizden has gowy ýaraýan zatlardan ekseňiz, olar “awçy ösümlikde” galyp, siziň ekinleriňizi biynjalyk etmez.



“Awçy” ösümlikler zyýanly mör-möjekleriň ünsüni siziň meýdanlaryňyzdan sowýarlar.

Daýhanlar käwagt girdejilerini artdyrmak üçin, haýwanlar we ekinler bilen agaçlary utgaşdyryýarlar (302-nji sah. ser.).

Ösümlikleriň keselleri



Ösümlikleriň kesellerini olaryň ekinlere edýän täsirinden tanap bolar. Mysal üçin, olar ýapraklaryň reňkini üýtgedýärler, olary soldurýarlar ýa-da ösümligi adaty däl ýollar bilen ösmäge mejbur edýärler. Ösümlikleriň keselleri kömelejikden, bakteriýadan ýa-da wirusdan döräp bilerler. Olaryň ähliside tebigy usullar bilen gözegçilik etmek bolar.

Ösümlikleriň kesellerinin öňüni almagyň iň gowy usullary – topragy sagdyn saklamak we durnukly ekerançylyk ýörelgelerine eýermekdir. (281-nji sah. ser.). Ekiniňize kesel degendigine ynamyňyz bar bolsa, siz onuň beýleki ekinlere ýaýramagynyň öňüni alyp bilersiňiz.

- **Kesellän ösümlikleri ýok ediň.** Kesellän ösümlikler keseli we zyýanly mör-möjekleri beýleki ösümliklere geçirip bilýärler. Kesel ekinleriň ählisini ýok edýän bolsa ýa-da hasyly örän azaldýan bolsa, onda keseliň ilkinji alamatlary ýüze çykanda, ekini doly aýyrmaly we otlamaly. Olardan kompost taýýarlamaň, sebäbi keseller döredýän mikroblaryň käbiri kompost edilende-de diri galýarlar.
- **Keselli ösümlikler siziň bedeniňize, gurallaryňyza we geýimleriňize degse,** ösümlikleriň keselleri soňra sagdyn ösümliklere hem geçýärler. Sagdyn ekinlere degmezden öň, ähli zatlaryňyzy sabynly ýyly suwa ýuwuň.

- **Şire sorýan mör-möjeklere gözegçilik ediň.** Keselleriň köpüsi şire sorýan mör-möjekler arkaly geçýärler. Şire sorýan mör-möjeklere garşy tebigy pestisidleri ulanmak barada maglumat almak üçin 298-nji sah. ser.
- **Süýt** kömelek kesellerini, kebelek gurçuklarynyň ýumurtgalaryny we gyzyl sakyrtgajyklary ýok edýär. 15 litr suwa 1 litr süýdi goşuň we ösümlikleriňize sepiň. Kömelek kesellerine garşy bu çäräni 10 günden ýene-de gaýtalaň. Kebelek gurçuklarynyň ýumurtgalaryna garşy 3 hepdeden gaýtalaň.
- **Kül** kömelek kesellerini döredýän bakteriýalary öldürýär. Tohumlaryň kül bilen ekilmegi käbir kömelekleriň öňüni alar. Pomidor we ýer alma ekinleriniň giçki kesellerine garşy ekinlere külüň we suwuň süzülen garyndysyny pürküň.

Baglary we ekinleri utgaşdyryp ekmek

Ýer ýetmezçilik eden ýagdaýlarynda daýhanlar köpräk ekin ekmek üçin baglary çapyp aýyrýarlar. Emma baglaryň we ekinleriň ýanaşyk ekilmegi (agrotokaýçylyk) işlenilýän ýeriň has hasylly bolmagyny we dürli ekinleriň has köp bolmagyny üpjün edip bilýär.

Agrotokaýçylyk baglar saýlanylanda we olar has peýdaly boljak ýerlerde ekilende seresaplygy talap edýär. Käbir daýhanlar aşakdaky ýörelgelere eýerýärler:

- Baglar suw, gün ýagtysy we ýer üçin ösümlikler bilen bäsleşmeli däldirler.
- Her bag iýmit, mallar üçin iým, derman, saýa, odun ýa-da tokaý materiallary ýaly 1-den artyk talaba hyzmat etmelidirler.

Baglaryň we gyrymsy ösümlikleriň sudury gyralarda we ýapgytlaryň ýüzünde ekilmegi topragy we suwy aýap saklaýarlar.

Ekin meýdanynyň töwereginde bir-birinden uzak ekilen baglar tokaý materiallaryny, miweleri, mallar üçin iými we beýleki önümleri üpjün edýärler. Mundan başga-da, bu gün ýagtysynyň ösümliklere ýetmegine mümkinçilik berýär.

Ekin meýdanlarynyň ýa-da öri ýerleriň şemally tarapynda hatarlaýyn ekilen baglar ýelden goraýandyrlar.



Öri meýdanlaryndaky baglar saýa, mallara iým, zyýanly mör-möjekleri iýýäň mör-möjeklere we guşlara öý bolup hyzmat edýärler.

Käte kokos baglary we kakao ýaly dürli beýikliklerde ösýän baglaryň garylyp ekilmegi, ösümlikleriň köp dürlüligini artdyrýarlar.

Gün şöhlesine has köp mätäç ekinleri ýaş nahallar bilen utgaşdyryp ekiň. Bu ösümlikleriň üstüne saýanyň köp düşmezligini üpjün eder. Ösümlikleriň her ýyl täze ýerde ekilmegi hasyllygy artdyrýar.

Tohumlary aýap saklamak

Daýhanlaryň köpüsi öz ekinleri doly ýetişensoň, tohumlary ýygnap, hususy tohumlaryny döredýärler. Bu daýhanlara olaryň isleýän häsiýetleri bar bolan ekinleri ösdürip ýetişdirmäge mümkinçilik berýär. Ýerli ekinleriň köpeldilmegi we tohumlaryň aýap saklanylmagy biodürliligi goramakda we azyk howpsuzlygyny üpjün etmekde örän ähmiýetli meseledir. (Has giňişleýin maglumat üçin 12-nji baba ser.)

Tohumlary saýlamak

Tohumlaryňyzyň gowudygyna göz ýetirmek üçin, tohumlary şulardan ýygnaň:

- Zyýanly mör-möjegi we keseli bolmadyk sagdyn, güýçli ösümliklerden.
- Ýeriňize uýgunlaşan ekinlerden. Mysal üçin, siz salkyn howaly ýerde ýaşaýan bolsaňyz, şol ýerlere uýgunlaşan ösümliklerden tohumlyk ýygnaň. Sebäbi has maýyl ýerde ösýäniniň tohumlaryny alsaňyz, ekinleriň salkyn howa çydamazlyklary mümkin.
- Siziň isleýän häsiýetleriňiz bar bolan ekinlerden. Mysal üçin ululygy, tagamy, gurakçylyga durnuklylygy we ş.m.
- Dürli görnüşleriň bilelikde köpelip bilmezligini üpjün etmek üçin, bir ekiniň beýleki görnüşinden ýygnalan tohumlar.

Gaty gabykly tohumlary suwly gaba salyň. Suwuň ýüzüne gaýyp çykan tohumlar şinelemezler, olar pakdyrlar. Suwa çümen tohumlary ekip bolar.

Ýere özleri gaçan tohumlary ýygnamaň. Ýere gaçan tohumlary aýyrmak üçin ekinleriň aşaklaryny süpürişdiriň. Soňra täze tohumlary ýygnamak üçin agajy ýa-da ösümligi silkiň. Tohumlary ýygnanyňyzdan soň, olary tizara arassalaň, çüýränleri ýa-da şikeslenenleri bar bolsa, ähliisini saýlap aýryň.

Tohumlary saklamak

Tohumlaryň her bir gönüşini näçe wagtlap saklap boljakdygyny kesgitlemek üçin, olaryň ösmegi üçin zerur bolan şertler barada pikir ediň. Meselem, sowuk we gurak howaly ýerlerden alnan tohumlar adatça aýlaryň ýa-da ýyllaryň dowamynda saklanyp bilner. Sebäbi olaryň şünelemegi üçin kesgitli şertler gerek bolýar. Ýylyň köp bölegi yssy we ýagynly bolýan ýerlerden alnan tohumlary saklamak kyn bolýar, sebäbi olar islendik wagt şineläp biler. Gaty gabykly tohumlar ýumşak gabykly tohumlara garanyňda has aňsat we uzak saklanýar.



Tohumlaryň köp bölegi çüýremez ýaly, olary ýelejiredilýän salkyn, gury, garaňky ýerde saklamak maslahat berilýär.

Tohumlary şineletmek

Käbir tohumlar şinelemek üçin aýratyn idegi talap edýärler (207-nji sah. ser.). Emma ähli tohumlar üçin şular zerurdyr:

- **Suw.** Ekmezden öň tohumlary suwa basyp, bir gije goýuň. Siz gaty gyzgyn (gaýnag däl) suwy ulansaňyz, ol tohumlardan geçýän keselleri we zyýanly mör-möjekleri öldürer. Şeýle hem bu diňe mallaryň aşgazanyndan geçip şineleýän tohumlary şineltmäge kömek eder. Ilki birnäçe tohum bilen synag geçiriň. Olaryň şinelejekdigine göz ýetireniňizden soň, olary ekiň.
- **Howa.** Toprak aşa dykyz ýa-da batgaly bolsa, tohumlar howanyň ýetmeýändigi zerarly şineläp bilmez.
- **Günüň ýagtysy.** Käbir tohumlar, esasanam dürli pasyllarda dürli howa şertleri bolan demirgazyk ýerlerden alnan tohumlar üçin ýagtylyk ýeterlik bolmalydyr.
- **Dogry temperatura.** Her bir ekiniň öz möwsüminiň bardygy sebäpli, dürli tohumlar dürli temperaturalarda we ýylyň dürli döwürlerinde has gowy ösýärler.

Tohumlary ekmek

Tohumlary ekmegiň giňden ýaýran 2 usuly bar: tohumlaryň şitilhanada ekilmegi ýa-da olaryň gönüden-göni topraga ekilmegi. Siziň haýsy usuly ulanjakdygyňyz haýsy ekinleri ekjekdigiňize, ekmäge taýýar bolan wagtyňyzdaky howa şertlerine we şitilhana döretmäge ýeriňiziň bolup-bolmazlygynya baglydyr. (Şitilhanany döretmek barada 209-njy sah. ser.).

Tohumlary gönüden-göni topraga ekmek

Has iri tohumlary tekiz ýere ekmek juda gowudyr. Sebäbi olaryň kökleri çalt ösensoň, göçürilip ekilende şikeslenmegi ähtimal. Ekiş çukurjyklaryny tohumdan 2-3 esse uly gazyň. Her çukurjyga 1-2 ýa-da 3 tohum taşlaň-da, üstüni gömüň. Ownuk tohumlaryň ekiş meýdanynda endigan ýaýramagy üçin, olary sepip ekýärler. Olar ekilen wagty gum bilen garylansoň, biri-birine ýelmeşmeýär. Soňra ekilen meýdanyň üstüni ösümlik dersi ýa-da toprak bilen örtüň. Şeýle hem tohumlary oklaw bilen biraz ýere depeleseňiz, şinelemegine kömek eder.



Bakja ekinleriň köpüsi ilkinji hakyky ýapraklary çykarandan soň göçürilip ekilýär.

Tohumlary şitilhanada ekmek

Tohumlaryň şitilhanada ekilmegi temperatura, suwa we zyýanly mör-möjeklere gözegçilik edip, tohumlaryň şinelemegine kömek eder. Şitilleriň nahalhanadan haşal otlary ýaňy-ýakynda otalan meýdana göçürilip ekilmegi ýaşajyk ekinlere suwy we topragy has gowy peýdalanmaga kömek edýär.

Azyk önümlerini saklamak

Howadan, zyýanly mör-möjeklerden ýa-da beýleki ýagdaýlara görä azygyň köp böleginiň zaýalanmagy azyk öndürýän daýhanlaryň betbagtçylyklarynyň biridir. Azyk önümleriniň ösdürip ýetişdirilmegi ýaly, onuň howpsuz saklanylmagy hem wajypdyr.

Aýap saklaýan däneleriňizi zyýanly mör-möjeklerden goraň

Hasyl ýygnalansoň, dänäniň köp bölegini gemrijiler, zyýanly mör-möjekler zaýalaýarlar ýa-da ol çüýreýär. Ammardaky dänäni goramak üçin:

- Hasyl ýygnalandan soň, mümkin boldugyça meýdandaky ýitgileriň öňüni almak üçin tohumlary tizara guradyň we aýap saklamaga başlaň. Gowy guradylan däneler dişläp döwüp bolar ýaly ýumşak we şatyrdyýan ses çykarar ýaly ýeterlik derejede gury bolmalydyr.
- Guradylan däneleri agzy jebis ýapylýan arassa gaplarda zyýanly mör-möjeklerden goragly ýerlerde saklaň.
- Aýap saklamazdan öň zyýanly mör-möjekleri öldürmek üçin, tohumlary tüsse bilen arassalaň.
- Mör-möjekleri, ýöne gemrijileri däl, agaç küli we gyzyl ajy burç, hemişe gök öwüsýän ewkalipt bagy ýaly beýleki ýiti ysly ösümlikleriň kömegi bilen kowuň. (Däne eýýäm şikeslenen bolsa, goragyň haýry degmez.) Ewkaliptiň, ajy burçuň ýa-da beýleki ösümliginiň ýapraklaryny guradyp, külke ýasaň. Mör-möjekleri daşda saklamak üçin, 1 gysym külkäni kösüklileriň her bir kilogramyna garyň. Külkeden dem almajak boluň. Iýmezden öň, tohumlary ýuwmak üçin siz köp wagt we yhlas etmeli bolarsyňyz, ýöne dänäňiz has köp bolar.

Gemrijiler açyk ýerlerden daşda bolýar. Ýeriňizi haşal otlardan we beýleki zibillerden arassalaň. Gemrijiler öý ediner ýaly garaňky, goragly we iýmit galyndylary bar ýerlerde ýygnanýarlar. Şeýle ýerleri ýok ediň.

Gemrijiler böküp bilýär. Däneli gaplary ýerden ýokarda saklaň.

Gemrijiler itlerden we pişijiklerden gorkýarlar, şonuň üçin ol haýwanlary golaýda saklaň.



Gemrijiler örän kiçijik deşiklerden hem geçip bilýär. Goramak üçin gaplaryň agzyny ýapyk saklaň. Deşilen ýeri derrew ýapyň.

Gemrijiler dyrmaşyp bilýär. Däneli gaplara degip duran zatlary aýryň we aýajyklaryna halka geýdiriň.

Halkalar

Däne saklanylýan gaplar alakalary, syçanlary, belkalary we beýleki gemrijileri ürküzýär.

Miwe we bakja önümlerini, eti we süýdi saklamak

Ir-iýmişleriň, bakja önümleriniň, etiň we süýdüň düzüminde suw köp bolýar.

Çüýremä sebäp bolan bakteriýalara we kömeleklere suw gerekdir. Iýmitiň sowuk ýa-da doňdurylan usulda saklanylmagy çüýremäni haýalladyp biler. Ýöne sowukda saklamaga mümkinçiligiň bolmadyk ýagdaýlarynda hem azygy aýap saklap bolýandyr:



- **Guratmak.** Azyk önümleri günde, howur peçde, pes otda ýa-da duzlama arkaly guradyp bolar. Zyýanly mör-möjeklerden we yzgardan daşda saklanylsa, guradylan önümler uzak wagtyň dowamynda saklanylýar.
- **Tüssede kakatmak.** Ýanyp duran oduň üstünde goýlan azyk önümleri tüssede kakadyp saklamak mümkin. Et adatça tüssede kakadylyp saklanylýar.
- **Turşatmak.** Çüýreme ýaly turşatma hem bakteriýalara we kömeleklere iýmiti üýtgetmäge mümkinçilik berýär. Ýöne çüýremeden tapawutlylykda, turşatma bakteriýalaryň we kömelekleriň kesgitli görnüşlerine ösmäge mümkinçilik berýär. Peýnir we turşy çöregiň käbir görnüşleri – turşadylan azyk önümleri. Turşadylan önümler öz taýýarlanan önümlerinden has ýokumly we ýeňil özleşdirilýän bolup bilýärler.
- **Marinada ýatyrmak we bankalara ýapmak.** Miweler, bakja önümleri we et sirkä ýatyrylyp agzy ýapyk ýa-da agzy baglanan gaplarda saklanylýar. Sirke turşulygy bakteriýalaryň we kömelekleriň ösmegine mümkinçilik bermeýär. Miweleri şeker ergininde taýýarlap, saklamak üçin gaýnadylan bankada agzyny baglap goýmaly.

Köki miweli ösümlikleri saklamak

Köki miweliler garaňky, gury, sowuk we gemrijilerden goragly ýerde goýulsa, olar uzak wagtyň dowamynda saklanyp bilerler. Köki miwelileri biri-birlerine degirmän, samanyň ýa-da agaç ýonuşgasynyň arasynda goýsaňyz, olar terligini saklaýar.

Tebigy sowadyjyny nädip ýasamaly

Mohammed Baa Abba atly nigeriýaly mugallym iýmiti elektroenergiýasyz saklamak üçin “Küýzedäki küýze” atly usuly işläp taýýarlady. “Küýzedäki küýzäni” gury, açyk ýerde goýuň. Gury howa onuň daşyny gurşap alanda, çägedäki suw has uly küýzäniň daşky diwaryndan geçip, ony salkyn saklaýar. Çägäniň düzümindäki suw bugaryp aýrylanda, içki gap sowap, zyýanly mikroblary ýok edýär we iýmiti zaýalaman saklaýar. “Küýzedäki küýzä” gözegçilik edip, wagtal-wagtal onuň çägesini ýuwup we çalşyp durmaly.



Tebigy sowadyjy gurak, yssy klimatda has gowy işleýär.

Mallary köpeltmek

Mallar öz berýän iýmit önümlerinden başga-da köp peýda getirýär. Ösümlikler babatda bolşy ýaly, mallaryň dürli görnüşlerini saklamak ekin üçinem, daýhan üçinem gowudyr.

Balarylary hem bal berýärler, hem-de gülleri tozgaladýar.

Towuklar, gazlar we ördekler haşal otlary, haşal otlaryň tohumlaryny we zyýanly mör-möjekleri iýýärler, topragy dökünlemek üçin ders berýärler. Iýmit gözlänlerinde, olar ýeri dyrmap, ony edil sürlen ýaly edýär. Bir aýyň dowamynda towuklara bir bölek ýerde yglamaga mümkinçilik beriň. Soňra towuklary başga ýere geçiriň. Birinji ýer bölegini dyrmyk bilen tekizleşdirip, ekiň ekiberiň. Towuklar hereket edenlerinde, ýeri depeläp ýekelär.

Doňuzlar ýeri dyrmanlarynda ony edil sürlen ýaly edýär we köki uzyn haşal otlary iýýärler. Uly bolmadyk agyllary ýasaň. Doňuzlary hem towuklar ýaly bagyňyzyň bir ýerinden başga ýerine geçiriň.

Geçiler gyrymsy baglaryň ýapraklaryny we ýumşak baldaklaryny iýip, ýeri arassalaýar. Geçileriň ähli zatlary iýýändikleri sebäpli, siz olary iýdirjek bolan gyrymsy agajyňyzyň ýanynda daňmaly bolarsyňyz.

Örüde bakylýan mallar

Sygyrlar, goýunlar we geçiler ýaly örüde bakylýan mallar hem olara gözegçilik edilşine baglylykda ýere ýa zyýan, ýa-da peýda getirip bilerler. Mallar otly örülerde otlanlarynda, olar haşal otlary azaldýarlar we ýeri ders bilen üpjün edýärler. Ýöne otlaýan mallar otuň baryny iýseler, toprak gurap, gaty gabyk emele geler. Ýagyş ýaganda, suw akyp, topragy köwýär. Mallaryň köp bakylanlygy sebäpli toprak köwülse, onda hiç zat gögermez.

5. Simaby kiçiräk üýşmege üýşürmek üçin gaty kagyzyň ýa-da kartonyň kiçijik böleklerini ulanyň.
6. Simaby sorduryp almak üçin pipetkadan peýdalanyň we ýygnan simabyňyzy içi suwly aýna gaba salyň.
7. Galan simaby ýygnamak üçin ýelimli lentany ulanyň.
8. Ýelimli lentany, pipetkany, ellikleri we kartony polietilen pakete salyň.
9. Paketiň daşyna “simap galyndylary” diýip bellik ediň we ony suwly konteýnere salyň.
10. Konteýneriň agzyny ýapyp, oňa bellik ediň. Ony ýene-de bir pakete salyň.
11. Paketden zäherli galyndylardan dynylýan usulda dynyň (410-njy sah. ser.)

Antibiotikler we beýleki derman serişdeler

Ulanyş möhleti geçen dermanlar howpsuz ýok edilmeli himiki galyndylaryň ýene-de bir görnüşidir. Antibiotiklerden we beýleki dermanlardan howpsuz dynmak olaryň suw çeşmelerinden, galyndylar bilen iş salyşýan adamlardan daşda saklanylmagyny aňladýar. Gynansak-da, saglyk öýleri, dermanhanalar we derman öndürýän kompaniýalar köne dermanlardan howpsuz dynmagyň deregine, olary zibil dökülýän açyk ýerlere, suw ýollaryna ýa-da ýuwundy suwlaryň akýan ýeriniň aşagyna taşlaýarlar.

Antibiotikler daşky gurşawa taşlananda, olar adamlarda, haýwanlarda hatda olar bilen galtaşýan ýokançlyklarda hem antibiotik durnuklylygyny döredip bilýär. Bu bolsa öz gezeginde ýokançlyga ýolugan adamlara antibiotikler bilen bejergi geçirilende, onuň netijesiz bolmagyna sebäp bolýar.



Antibiotikleri azrak satyn alyň we azrak ulanyň

Antibiotikleriň bejerip bilmeýän kesellerinde olary ulanmaň. Siziň saglyk öýüňiz antibiotikleriň zerur gerek bolan mukdaryny satyn alsa, ulanyş möhleti geçen dermanlar az taşlanar.

Ulanyş möhleti geçen dermanlaryňyzy öndüren kärhana gaýtaryň

Derman öndürýän kompaniýalaryň antibiotiklerden we beýleki dermanlardan dynmak üçin ýörite enjamlary bolýar. Bu işi olar amala aşyrmalydyrlar. Derman öndürýän kompaniýa dermanlary gaýtaryp bermäge mümkinçiligiňiz bolmasa, olary howpsuz usulda ýok ediň.

Dermanlary howpsuz ýok etmek

1. Ellik, gorag äýnek, maska geýiň.
2. Gerdejikleri owradyň.
3. Külkäni sement bilen garyň.
4. Suw goşup, sementden gaty logalajyklary ýasaň.
5. Şol logalajyklary agzy ýapylýan zibil çukurda gömüň.



Lukmançylyk galyndylaryna baha bermek

Lukmançylyk galyndylarynyň döremegine, işlenilmegine we ýok edilmegine baha bermeklik saglyk öýünde işleýänleriň ähliesine has howpsuz işlemäge kömek eder. Baha bermek galyndylaryň emele gelmegi bilen bagly meseleleriň çözgüdini tapmaga hem kömek edip biler.

GALYNDYLARA GÖZEGÇILIK ETMEGIŇ ÄDIMLERI:

1. Saglyk öýüniň ähli işgärlerini ýygnap, meseleleri ara alyp maslahatlaşyň.
2. Ammarlardaky we dermanhanadaky zatlaryň sanawyny düzüň.
3. Saglyk öýüniň kartasyny çyzyň.
4. Saglyk öýüne aýlanyp, meseleleri ýüze çykaryň.
5. Galyndylardan dynmagyň we olaryň işlenilmeginiň dürli usullaryny öwreniň.
6. Galyndylary gaýtadan işlemegiň we ýok etmegiň dürli usullaryny agtaryň.
7. Degişli çäreleri görüň!
8. Saglyk öýüniň ähli işgärleri bilen türgenleşik geçiriň we olary okadyň.

1 **Saglyk öýüniň ähli işgärlerini ýygnap, meseleleri ara alyp maslahatlaşyň**

Merkeziň ähli işgärleri baha bermekde kömek edip bilerler. Lukmanlar, şepagat uýalary, galyndylary gaplaýanlar, tam süpürijiler galyndylaryň nädip emele gelýändigi we olar bilen bagly nähili meseleleriň ýüze çykýandygy barada dürli maslahatlary berip bilerler.



2 **Ammarlardaky we dermanhanadaky zatlaryň sanawyny düzüň**

Materiallaryň köpüsiniň dermanhananyň ýa-da ammarlaryň üsti bilen alynýandygy sebäpli, bahalandyrmagy we sanaw düzmegi şol ýerlerden başlaň. Her bir zada seredip, onuň galyndylary we zyýany barada soraň.

Bir gezek ulanylýan zatlaryň deregine gaýtadan ulanylýan zatlary ulanyp bolarmy?

Himikatlary ulanman ýa-da has howpsuz himikatlary ulanyp bolarmy? Saglyk öýi plastmas önümlerini, düzümi simaply zatlary azrak ulanyp ýa-da galyndylaryň mukdaryny azaltmak üçin başga zatlary edip bilermi?

3 **Saglyk öýüniň kartasyny çyzyň**

Ähli otaglary, gapylary we penjireleri, her bir otagyň haýsy maksat bilen ulanylýandygyny görkeziň. Galyndylaryň emele gelýän ýerlerini, galyndyly konteýnerleriň saklanylýan ýerlerini, galyndylaryň emele gelen ýerinden ýok edilmek üçin eltilýän ýerlerini bellemek üçin dürli reňkli galamlary ulanyň. Topar lukmançylyk edarasyna doly aýlanyp bolansoň, karta üýtgedilip bilner. Baha bermekden soň girizilen üýtgeşmeleri görkezmek üçin, täze karta çyzyň.

4 **Saglyk öýüne aýlanyp, meseleleri ýüze çykaryň**

Saglyk öýüňizdäki galyndylaryň emele gelýän ýerlerine baryp görüň. Zibil atylýan bedreleriň içindäki zibilleri gözden geçiriň, galyndylaryň görnüşine üns beriň. Gözegçiligi hepdede birnäçe gezek, dürli wagtda geçiriň. Şonda siz galyndylary dürli şertlerde görersiňiz we olaryň günüň dowamynda işlenilişi bilen tanşarsyňyz.

Dürli işgärler bilen aýlanyp görüň. Tam süpüriji lukmanyň we şepagat uýasynyň görýän zatlaryna başgaça garaýar. Olaryň her birinde galyndylary has oňat dolandyrmak barada öz pikirleri bolup biler.

Galyndylary howpsuz dolandyrmak üçin,
biz bir-birimiz barada özümiz barada aladalanyşymyz ýaly alada etmeli.

5 **Galyndylardan dynmagyň we olaryň işlenilmeginiň dürli usullaryny öwreniň**

Saglyk öýüne birnäçe gezek aýlananyňyzdan soň, meseleleri we mümkin bolan çözgütleri topar bilen ara alyp maslahatlaşyň. Çözgütler gymmat bahaly we tehniki taýdan çylşyrymly bolmaly däldir. Çözgütleriň köpüsi diňe guramaçylygy, hyzmatdaşlygy we borçlary talap edýär. Ýiti galyndylar, soňra himikatlar, gan we beýleki suwuk maddalar ýaly has zyýanly galyndylardan başlap, meýilnama düzjek boluň.

Esasy maksat haýsydyr bir bölümi däl-de, eýsem bütin ulgamy gowulaşdyrmakdyr.

6 **Galyndylary gaýtdan işlemegiň we ýok etmegiň dürli usullaryny agtaryň**

Galyndylaryň döreýän ýerini, olaryň saklanylýan ýerini, saglyk öýüniň niresinden alnyp gaýdylýandygyny yzarlaň. Galyndylar yzygider köpelýärmi? Olar nähili ýygnalýar? Galyndylary ýygnaýanlar hakykatdan hem ellik, ýapyk aýakgap ýa-da gorag egin-eşikleri geýýärlermi? Galyndylar howpsuz konteýnerlerde daşalýarmy?

Galyndylary gaplaýanlar käbir zatlary köne-sanalary alýanlara satýarlar. Galyndylaryň saýlanyşyna we olaryň zyýansyzlandyrylmagyna baglylykda, bu iş howply ýa-da howpsuz bolup biler. Galyndylary ýygnaýanlar gaýtadan ulanyljak materiallary howpsuz usulda ýygnalyp-ýygnalmaýandygy barada alada edýärmi? Galyndylaryň işlenilmeginden ýa-da olaryň satylmagyndan eklenýän adamlar üçin bu ulgamy has howpsuz etmegiň usullary barmy?



7 **Degişli çäreleri görüň!**

Saglyk öýünde bolup geçýän zatlar hemmelere degişlidir. Galyndylary howpsuz etmek üçin edilen her bir ädim adamlara we daşky gurşawa ýetýän zyýany azaldýar. Häzirki wagtda saglyk öýüni nähili kämilleşdirip bolar? Galyndylar zibil taşlanýan ýerlere alnyp gidilensoň ýa-da galyndylar ýakylýan peçlere salnansoň, saglyk öýi olaryň dolandyrylyşyna täsir edip bilermi?

8 **Saglyk öýüniň ähli işgärleri bilen yzygider türgenleşik geçiriň we olary okadyň**

Howpsuzlyk meýilnamasynyň islendigini alyp görsek-de, ol galyndylar bilen iş salyşýan we lukmançylyk galyndylaryny döredýän adamlaryň okadylmagynyň we türgenleşdirilmeginiň dowam etdirilmegine esaslanýar. Hiç zyýan ýetmez öýdýän ýagdaýyňyzda, elbetde, howpsuzlyk usullaryna biparh garasa bolýar. Şonuň üçin-de, galyndylara her ýyl gaýtadan baha bermek adamlara seresap bolmagyň wajyplygyny ýatlatmaga kömek eder.

Jemgyýetiň çözgütleri

Galyndylary ýygnamak, işlemek, saklamak, daşamak we ýok etmek ulgamlarynyň käbiri saglyk öýleri üçin has gymmat bolýar. Emma sebitde serişdeleri deň paýlaşýan merkezleriň birnäçesi bileleşip, galyndylary işlejek has howpsuz we has bütewi ulgamy döredip bilerler. Şol ulgam saglyk öýüniň özbaşdak döretjek ulgamyndan has gowy bolar. Öz satyn alýan zatlaryna gözegçilik edip bilseler, olar satyjylara has howpsuz galyndyly lukmançylyk harytlary satmagy hem hödürläp bilerler.

Saglyk öýüňizde awtoklaw ýa-da ýuwundylar akdyrylýan howpsuz çukur bolmasa, galyndylary zyýansyzlandyryp, howpsuz konteýnerlere bölüp salyň, howpsuz çukury ýa-da zibil atylýan ýeri bar bolan edara ugradyň. Ýiti gurallary ýygnamak, daşamak we ýok etmek boýunça sebit ulgamy şäherlerdäki we obalardaky saglygy goraýyş bölümleriniň köpüsine hyzmat edip biler.

Sebitde galyndylar kommunal hojalygy tarapyndan ýygnalýan bolsa, zyýansyzlandyrylan galyndylar ýygnalyp, zibil atylýan ýere iberilip bilner. Zäherli galyndylar olar üçin niýetlenen ýerlere (bar bolsa) iberilmeli. Ýerlerde galyndylar ýygnalmaýan bolsa, geljek üçin gaty galyndylary gaýtadan işleýän ýa-da ýok edýän ulgamy döretmek barada pikirleniň (18-nji baba ser.). Saglyk öýüňiziň peýdalanýan usullary siziň serişdeleriňize we haýsy zadyň siz üçin has gowy boljakdygyna baglydyr.



Saglyk öýünde bolup geçýän zatlar jetgyýetdäki adamlaryň ähliisine degişlidir.

20 ZÄHERLERIŇ ZYÝANLY TÄSIRINI AZALTMAK WE ÖŇÜNI ALMAK

Zäherlerden gaça durmak we olara gözegçilik etmek 450
Biz kompaniýalary arassaçylygy saklamaga mejbur edip bileris 451
Gizlin kemçilikler we olardan ejir çekýänler 452
Howanyň hapalanmagy 454
Howanyň hapalanmazlygyna gözegçilik etmek 455
Hekaýa: “Bedre” usulyny ulanýan toparyň işi 456
Arassa önümçilik 458
Arassa kiçi kärhanalar 459
Hekaýa: Teletin zawodlaryndaky arassa önümçilik 461
Hekaýa: Arassa önümçiliginiň hoşboý ysy 462
Zäherli galyndylaryň howply ýerleşdirilmegi 463
Hekaýa: Afrikanyň Ammar Taslamasy 463
Zäher söwdasy 465
Hekaýa: Zäherli galyndylaryňyzy alyp, yzyňyza gaýdyň 465
Hekaýa: Saglyk üçin ylgamak 466
Zäherli galyndylary ýok etmek boýunça halkara ylalaşyklary 467
Tejribe sapagy: “Ýylanlar we basgançaklar” oýny 468

ZÄHERLERIŇ ZYÝANLY TÄSIRINI AZALTMAK WE ÖŇÜNI ALMAK

Adamlar zäherli himikatlaryň daşky gurşawa we biziň saglygymyza ýetirýän zyýanly täsiri barada köp zatlary bilensoňlar, onuň öňüni almak we önümçiligiň sagdyn, durnukly usullaryny tapmak üçin birleşýärler.

Telekeçiler, hökümet başlutanlary we käbir alymlar zäherli himikatlaryň howply täsirini delillendirmek isleýärler. Olaryň aýtmagyna görä, ösmek we öňe gitmek üçin, käbir töwekgelligi boýun almaly bolýar. Mysal üçin, elektroenergiýadan, lukmançylyk hyzmatlaryndan, ulaglardan peýdalanjak bolsak, şeýle töwekgellige taýyn bolmalymyşyn. Emma olar adamlar we daşky gurşaw üçin has howpsuz usullardan peýdalanmaga mümkinçiligimiziň bardygyny aýtmak islemeýärler. Gerekmejek töwekgellikleri boýun almagyň deregine biz azyk önümleriniň, energiýanyň we senagat harytlarynyň has howpsuz önümçiligini öňe sürüp, mümkin boldugyndan ýokary derejedäki zäherli hapalanmanyň öňüni alyp bileris.

Zäherlerden gaça durmak we olara gözegçilik etmek

Zäherli hapalanmanyň öňüni almaklyk duýduryş çärelerinden başlanýar. Bu duýduryş çäreleri zäheri öndürmezden we ulanmazdan öň onuň zyýanly täsirleri barada oýlanmagy talap edýär. Biz zyýandan gaça durmak babatda şahsy we jemgyýetçilik çözgütleri kabul etmegi başarýarys. Şonuň üçin-de, kärhana ýolbaşçylaryndan, hökümetden garyplaryň-da, baýlaryň-da, daşky gurşawyň-da saglygyny şahsy bähbitlerinden ýokary tutmaklaryny talap etmelidiris.

Gündeki edýän işlerimiz biziň we daşky gurşawymyzyň zäherleriň täsirine näderejede sezewar bolýandygyny kesgitleýär. Gündeki täsirleriň käbirine biz şahsy çözgütlerimiz arkaly gözegçilik edip bilmeýäris. Emma maşgalamyzyň, jemgyýetimiziň howpsuz ýaşamagy üçin, käbir zäherleriň täsirlerini çäklendirip bilýäris. Şahsy çözgütler jemgyýeti herekete getirýär, sebäbi zäherleriň ýetirýän zyýanyna gözegçilik etmek diňe bir adama başartmaýar.



Zäherler zerarly ýüze çykan zyýany togtatmak üçin şular zerurdyr:

Öz-özüňize öwrediň. Nämäniň zäherlidigini we olaryň nähili zyýan ýetirýändigini öwreniň. Bulary başgalarada öwrediň. Şu kitaby okaň, adamlar bilen söhbetdeş bolup, zäherler barada maglumat berýän guramalardan maglumat toplaň. Mekdepler, saglyk öýleri, iş ýerleri, medeni we köpçülikleýin çäreleriň geçirilýän jaýlary ilata zäherler barada bilim berilýän ýerlerine öwrülip biler.

Öýleriňizde, suw üpjünçilik ýerlerinde, goňşularyňyzda, iş ýeriňizde we töweregiňizde **zäher çeşmeleriniň bolup-bolmazlygyny anyklaň**. Siziň jemgyýetiňize ýetýän zäherli täsire baha bermek üçin, zibil ýygnaýjy gezelençleri gurnaň (391-nji sah. ser.) ýa-da hapalanma gözegçilik etjek topary dörediň (456-njy sah. ser.).

Islendik zäherlerden gaça duruň. Zäherleriň belli bolan çeşmelerinden gaça duruň. Önümleri arassalamak üçin has howpsuz serişdeleri (373-nji sah. ser.) we zyýanly mör-möjeklere garşy zähersiz usullary ulanyň (296-301-nji, 366-njy sah. ser.). Umuman, zäherli önümlerden peýdalanmagy azaldyň. Gaty galyndylar barada jemgyýetçilik maksatnamasyny meýilnamalaşdyryp (396-njy sah. ser.), suw çeşmelerini gorap (75-nji sah. ser.), zäher öndürýän kompaniýalary ýa-da kärhanalary bakja ekinlerinden, jemgyýetçilik ýerlerinden uzak ýerlere göçürip, zäherleri gözegçilikde saklaň. Zäherli materiallaryň adamlaryň ýaşaýan ýerlerinden uzakda saklanylýandygyna, ulanylýandygyna ýa-da taşlanýlýandygyna göz ýetiriň. Esasanam çagalaryň, gartaşan adamlaryň, syrkawlaryň, göwreli we çaga emdirýän aýallaryň zäherleriň täsirine sezewar bolmaýandyklaryna göz ýetiriň.

Biz, gynansak-da, dem aljak howamyzy, içjek suwumyzy saýlap bilmeýäris. Käwagt iş ýerlerimizde zyýanly materiallar bilen iş salyşmaga hem mejbur edilýäris. Biz käwagt iýip-içýän önümlerimize zäherleriň täsir edip-etmeýändigini hem barlap bilmeýäris. Şonuň üçin-de, zäherleriň ulanylmagyny, zäherli hapalanmanyň howpuny azaltmak maksady bilen, biz telekeçilik ulgamyny we hökümeti gurnamalydyrys. Bile işleýän, zyýanly zatlaryň bardygyna ynanýan adamlar birleşip, degişli özgertmeleri amala aşyryp bilerler.

Biz kompaniýalary arassaçylygy saklamaga mejbur edip bileris



Daşky gurşawyň zäherler bilen hapalanmagyna esasan hem zawodlar, minerallary we nebiti öndürýän ýa-da gazyp çykarýan önümçilik ýaly senagat pudaklary günäkärdir. Şol zäherli hapalanmanyň arasynda ýaşamak we ony arassalamak bolsa kärhanalaryň we känleriň golaýynda ýaşaýanlaryň paýyna düşýär. Käbir jemgyýetler belli-belli kärhanalaryň ýa-da kompaniýalaryň kynçylyklary döredýändigini, hapalanmany aradan aýyrmalydygyny we has howpsuz usullardan peýdalanmalydygyny görkezmegi öz üstüne alyp bilýärler.

Howpsuzlyk ülňülerini gowulandyrmaklygy hökümetden talap etmek

Adamlary hapalanmanyň täsirinden goramak hökümetiň borjudyr. Emma ägirt korporasiýalar we halkara maliýe kärhanalary zäherleri ulanmak baradaky görkezmeleri berjaý etmekden boýun gaçyryp ýa-da olara asla üns bermän, käwagt “sapalak atýarlar”. Şeýle ýagdaýlarda adamlar özlerini goraýan kanunlary işläp düzmekligi we tertibe salmaklygy hökümetden talap etmeli bolýar. Bu ylaýta-da maliýe goýumlaryny ýurduň içine çekmek isleýän ýurtlara degişlidir. Jemgyýetiň hereketleri kanunlaryň üýtgedilmegini we bar bolan ekologik kanunlaryň ulanylmagyny gazanyp bilýändir (ser: Goşundy B).

Önümçiliň özgerdilmegini talap ediň

Senagat pudaklarynyň köpüsi zäherli materiallaryň deregine adamlar we daşky gurşaw üçin has zyýansyz we durnukly önümçilik usullaryny ulanmagy ýola goýdular.

Sarp etmegi azaltmagyň netijeleri

Baýlaryň sarp edijiligi örän ýokarydyr. Arassa serişdeleriň gereginden artyk ulanylmazlygy galyndylaryň mukdaryny azaldyp, meseläniň uly bölegini çözýär.

Gizlin kemçilikler we olardan ejir çekýänler

Zäherli materiallary ulanýan we öndürýän senagat pudaklarynyň köpüsi adamlara öz materiallarynyň, önümleriniň howpsuzdygyny, adamlara gerekdigini nygtaýarlar. Emma bu ýalandyr. Hawa, adamlar PWH plastmassa, etil benzini ýa-da pestisidler ýaly himikatlar, önümler howpsuz we zerur diýip hasaplaýardyrlar. Indi bolsa olaryň uly zyýan ýetirýändigi mälim boldy. Senagat çynyny edip gözlese, zäherli himikatlaryň köpüsiniň deregine howpsuz materiallary ulanyp bolýar.

Senagat ösüşiniň käbir kemçilikleri bardyr. Bulara esasan-da daşky gurşawy şikeslendirmek we saglyk kynçylyklaryny döretmek ýaly ýagdaýlar degişlidir. Şeýle kemçiliklerden adatça olary öndürýän senagat pudaklary däl-de, zäherleriň zyýanly täsirine sezewar edilýän adamlar ejir çekýärler. Senagat pudaklary adamlaryň saglygyny dikeltmek üçin kör köpük-de tölemeýär. Olar hatda şeýle borçlarynyň bardygyny-da boýun almaýarlar. Tersine, öz girdejilerini barha artdyrýarlar. Olaryň girdejileri käte örän uly bolup, adam saglygyny we has howpsuz usullary goldamaga hem ýetýändir.

Senagat hapalamasyndan, esasan-da, şol pudaklarda işleýän işgärler ejir çekýärler. Şol ýerlerde ýaşap, arassa ýerlere göçüp gitmäge mümkinçiligi bolmadyk adamlar hem bu täsire sezewar edilýärler. Zäherler zerarly dörän keselleriň köpüsini bejerip bolmaýar (16-njy baba ser.). Biziň köpimiziň gymmat bejergi almaga mümkinçiligimiz ýok. Şeýle bejergi almaga mümkinçilik bolaýan ýagdaýynda-da, ýetirilen şikes hemişelik galýar. Zerur bolan we ýerine başga howpsuz maddalary ulanyp bolmaýan örän zäherli maddalaryň ulanylmagyny gadagan etmek we zäherleriň ulanylmagyna berk gözegçilik etmek hakyky çözgütdir.

Senegat has howpsuz alternatiwalar, jemgyýetiň, işçileriň we alyjylaryň howpsuzlygy üçin tölemelidir.

Önümçilik tapgyry we zäherli taşlandylar

Senagat pudaklary zäherli himikatlaryň döredilmegine, ulanylmagyna we zäherli galyndylara jogapkär bolsalar-da, kiçi obada ýa-da uly şäherde ýaşaýandygymyza garamazdan, biziň her birimiz önümçiligiň ägirt uly aýlanyşygynyň we galyndylaryň täsirine sezewar bolýarys.

Biz polietilen paketleri, kompýuteri, awtoulagy, el telefonlary we ş.m. zatlary ulanmak bilen, zäherli galyndylar we zäherli önümçilik aýlawy bilen baglanyşykly bolýarys.

Elektron enjamlarynyň öndürilişi we zäherli taşlandylar



Adamlar önümçiligiň her bir tapgyry we galyndylary bilen bagly bolup bilýär. Adamlar zäherleriň mukdaryny günsaýyn kemeltmek bilen, olaryň ýetirýän zyýanynyň öňüni alyp bilýär.

Senagat hapalanmanyň käbir çeşmeleri

Nebiti arassalaýan zawodlar we elektrostansiýalar howany, suwy we topragy zäherli himikatlar we agyr metallar bilen hapalaýarlar. (Arassalaýjy zawodlar barada has köp maglumat almak üçin 513-nji sahypa seret.)

Erediji peçler simap we gurşun ýaly agyr metallary (338-nji we 357-nji sah. ser.), dioksin ýaly zäherli maddalary (341-nji sah. ser.) çykarýar.

Fabrikleriň ähli görnüşleri hapalanmany döredip bilerler, ýöne önümçiligiň arassa usullaryndan peýdalansalar, howpsuzlygy gowulandyryp bilerler (458-nji sah. ser.).

Senagat galyndylary dökülýän ýerlerindäki topraga we ýerasty suwlara syzýar, saglyk bilen bagly uzak möhletleýin kynçylyklary döredýär.

Galyndylary ýakýan peçler zäherli himikatlary howa, suwa we topraga bölüp çykarýarlar (423-nji sah. ser.).

Teletin zawodlary, galwan örtükleriniň, egin-eşikleriň we batareýleriň önümçiligi ýaly uly bolmadyk senagat pudaklary hapalanmany döredip, işçileriň we şol ýerlerde ýaşaýan adamlaryň saglygyna agyr şikes ýetirýärler (459-464-nji sah. ser.).

Goşunlaryň söweş taýýarlygy geçirilýän ýerleri we harby bazalar radiasiýa, dioksinler ýaly zäherli weýran ediji hapalanmany döredýärler, nesillere täsir edip biljek zyýanly galyndylary taşlaýarlar.

Howanyň hapalanmagy

Howa zäherli gazlar we tozanyň ownuk bölekleri bilen hapalanýar. Howa köplenç herekete getirijiler (dwigatel), fabrikler we elektrostansiýalar işledilende (526-njy sah. ser.), ýakylýan gazylyp alynýan ýangyç (nebit, kömür, dizel, benzin) bilen hapalanýar. Ýel we ýagyş hapa howany hapalanan ýerden uzak ýerlere alyp gidýär. Bu bolsa ähli ýerlerdäki adamlaryň saglygyna zyýan ýetirýär. Şäherlerdäki, senagat etraplaryndaky, oýluk sebitlerindäki ýa-da töwerek-daşy dagly, howasy ýaramaz ýerlerdäki howa has beter hapalanýar.

Hapalanan howanyň düzüminde simap we gurşun ýaly agyr metallar (337-340-njy, 368-370-nji sah. ser.), durnukly organiki hapalaýjylar (340-njy sah. ser.) we kükürdiň ikili okisi ýaly beýleki zäherli himikatlar bolýar.

Siz howanyň jemgyýetçilik barlagyny geçirýän bolsaňyz, howanyň düzüminde nähili himikatlaryň bardygyny bilmek peýdaly bolar. Ýöne şonda-da zäherli himikatlaryň zyýanly täsirinden özüňizi we jemgyýetiňizi goramak barada pikirlenmek howanyň düzümindäki zatlar barada takyk bilmekden has peýdalydyr.

Howanyň hapalanmagy düwnük (rak) we dem alyş bilen bagly keselleri döredýär (327-331-nji sah. ser.). Howanyň hapalanmagyndan turşulykly ýagyşlar ýagýar. Bu bolsa tokaýlara, suw çeşmelerine, jaýlara şikes ýetirýär. Mundan başga-da, howanyň hapalanmagy dünýä möçberindäki maýlamanyň esasy sebäpleriniň biridir (33-nji sah. ser.).



Howanyň hapalanmagyna gözegçilik etmek

Howanyň hapalanmagyna gözegçilik etmek – howanyň hususy kompaniýalar ýa-da senagat tarapyndan hapalanmak derejesini anyklamak üçin ulanylýan usul. Bu usul adamlaryň köpüsine şeýle işe gatnaşmaga we kompaniýalardan ýa-da senagat pudaklaryndan howany hapalamaklaryny bes etmeklerini talap etmek üçin subutnama ýygnamaga mümkinçilik berýär.

Howanyň hapalanmagyna gözegçilik Siziň duýgularyňyzdan we akyl-paýhasyňyzdan başlanýar. Siziň ýaşaýan çäkleriňizde howanyň hapa bolup-bolmazlygyny anyklaň. Adamlardan olaryň haýsy yslary duýýandyklaryny soraň. Diňläň, serediň, tagamyny dadyp görüň ýa-da duýjak boluň. Adamlaryň köpüsi hut şeýle edýärler. Bu öz gezeginde bileleşige hapalanma barada bilmäge we ony togtatmaga kömek edýär.

“Bedre” usuly

Bileleşikleriň käbiri “bedre” diýlip atlandyrylýan arzan usul arkaly howa gözegçilik edýärler. Munuň üçin klapanly, 3,5-4,5 litr göwrümli plastmas bedre we howa nusgalaryny saýlamak üçin ýörite haltajyk ulanylýar. Zäherli taşlandy bolanda ýa-da howa has hapa görünse, klapan açylyp, hapa howa haltajyga düşýär. Soňra haltajyk bedreden çykarylýar we howadaky himikatlar barada bilmek üçin, barlaghana iberilýär.



Howa nusgasynyň barlaghanada barlanylmagy “bedre” usulynyň iň gymmat düşýän bölegidir. Ýurtlaryň köpüsinde howa nusgasyny düýpli barlamak üçin barlaghanalar ýok, şol sebäpli hem nusgany Ýewropa ýa-da Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna iberip bolar. “Gapydan-gapa çenli” usul bilen ýa-da öýde tanslary we şagalaňly agşamlyklary gurnap, käbir toparlar bu usul üçin pul ýygnaýarlar.

Käbir jemgyýetlerde “bedre” usulyny interwýu we gözden geçirme ýaly beýleki işleri gurnamak bilen bile alyp barýarlar. Olar zäherli taşlandylar barada köpçülikleýin habar beriş serişdelere we hökümete habar berýärler, arassalaýjy zawodlary we senagatyň beýleki hapalaýjy pudaklaryny has howpsuz enjamlary ulanmaga we zäheri ýaýratmagy bes etmäge mejbur etmäge synanyşýarlar.

“Bedre” usulyny ulanýan toparyň işi

Günorta Afrikada ýerleşýän Durban şäheriniň töwerek-daşy nebiti arassalaýan zawodlar we turba geçirijiler, uly himiki ammarlar, himiki zawodlar, tekstil we kagyz fabrikler, gömlen zäherli galyndylar bilen gurşalandyr. Durbanyň ýaşaýjylary hapalanan howa, suw, zäherli himikatlar zerarly döreýän saglyk meselelériniň ähliniň täsirine günde-günaşa sezewar edilýärler. Önümçilikdäki heläkçilikler, ammar-rezerwuarlardan syzmalar, döwlen turba geçirijiler ýangynlary döredýärler, golaýdaky batgalyk ýerleri we ýerasty suwlary weýran edýärler.

Durbanyň ýaşaýjylaryna howanyň hapalanmagyna gözegçilik etmäge ýardam bermek maksady bilen 1999-njy ýylda ýörite topar döredilýär. Her gezek gaz partlamasy bolanda ýa-da zäher howa taşlananda, bileleşik “bedre” usulyndan peýdalanyp howany barlaýar. Soňra hapalanan howadan doly haltajyklary barlag üçin Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň barlaghanasyna iberýärler.

Barlaghana ýüze çykarylan zäherleriň ýokary derejesini, şol sanda kükürdiň ikili okisini, azodyň we benzolyň okisini barlaýar. Şeýlelikde, mekdebiň töwereginden alnan howa nusgalary barlananda, olar çagalar uzak gün köp ulag geçýän uly ýoluň gyrasynda duran ýaly ýokary derejeli hapalanma sezewar bolandygyny görkezdi.

Işjeňler barlaglaryň netijesini hökümete we senagatyň hapalaýan pudaklaryna görkezdiler, bu barada radioda, gazetlerde jemgyýete habar berdiler. Döwlet tarapyndan dolandyrylýan nebit kompaniýasy bu netijeleriň nädogrudygyny aýdyp, öz howa nusgalaryny barlaga iberýärler. Emma olaryň nusgalary barlanandan soň, öňkülerden hem ýokary derejeli zäherli maddalar ýüze çykaryldy!

“Bedre” usulyny ulanýan topar Günorta Afrikada hapalanma garşy umumy milli hereketi döretmäge kömek etdi. Hakykat ugrundaky ekologik ösüşiň işjeň hereketleri netijesinde 2004-nji ýylda hökümet howanyň hili baradaky Kanuny kabul edýär. Durban şäheri howa gözegçilik etmek boýunça hususy düzgünlerini belleýär. Şondan bäri howanyň hapalanmak derejesi peseldi.

“Bedre” usulyny ulanýan topar jemgyýet agzalaryna has güýçli we senagatyň hapalaýjy pudaklaryna garşylyk bildirmäge has ukyply bolmaklaryna kömek etdi. Şol artyp barýan ynamlary bilen olar öz pikirleriniň diňlenilmegine hökümeti mejbur etmegi başardylar.

Günorta Afrikada häzirem hapalanma meselesi bar. Himiki zawodlar, arassalaýjy zawodlar we turba geçirijiler könelende, heläkçilik töwekgelligi öňküsinde-de artýar. Durbanyň ilaty öz guramaçylyk ukyplaryny “bedre” usuly bilen utgaşdyryp, özlerini zäherleriň täsirinden goramagy başardylar. Olar senagata we hökümete himiki hapalanmalar babatdaky jogapkärçiligi boýun aldyrdyp bolýandygyny bütin dünýä görkezdiler.

Zäherli taşlandylaryň howa düşmegi

Himiki zawodlarda, nebiti arassalaýjy zawodlarda we beýleki kärhanalarda zäherli himikatlaryň köp mukdaryny duýdansyz howa taşlap biljek heläkçilikleriň bolmagy mümkin.

Arassalaýjy zawodlar hem “yzygider tehniki hyzmatlaryň” bir bölegi hökmünde zäherli taşlandylary öndürýärler. Zäherli taşlandy tüsse dumanyna ýa-da uly oda meňzeş bolup biler. Bu duýdansyz emele gelen ýiti ys hem bolup biler.

Zäherli galyndylaryň howa düşmegi eýmenç bolýar, hatda ölüme hem eltip bilýär.

Ýakyn gelejekde zyýanly täsiri azaltmak üçin, her zäherli we himiki taşlandydan soň adamlaryň berjaý etmeli işleri bellenilendir (ser.: Goşundy A). Uzak möhletleýin geljek üçin senagatyň we hökümetiň tehniki howpsuzlygyň has oňat düzgünlerini durmuşa ornaşdyrylmagyny talap etmek üçin, jemgyýet agzalary agzybir hereket etmelidir.

Zäherli taşlandy bolanda:

- Dörän ýagdaýa we onuň tizligine baglylykda käte ýapyk jaýdan çykmazlyk iň oňat usuldyr. Beýleki ýagdaýlarda şol ýerden tiz gitmek has howpsuzdyr. Jemgyýetde adatdan daşary ýagdaýlarda ýerine ýetirmeli hereketleriň oňat meýilnamasy we onuň öwredilişi ýola goýulsa, ol size haçan galmalydygyny we haçan gitmelidigini bilmäge kömek eder.
- Hasabat taýýarlaň. Taşlandynyň bolan wagtyny, gününi we onuň dowamlylygyny belläň. Şeýle hem üýtgeşik yslary, alamatlary, sesleri, fiziki täsirleri (bedeniňizde duýulýan täsirleri), golaýyňyzdaky beýleki adamlaryň we haýwanlaryň bolşy barada bellik ediň. Bu maglumatlar amala aşyrylmaly hereketleri kesgitlemäge kömek eder.
- Howpsuz bolan ýagdaýda surata we wideo düşüriň. Olary soňra kazyýetde ýa-da kompaniýalarda ulanyp bolar.

Zäherli taşlandydan soň:

- Adamlar himikatlaryň täsirine sezewar bolsalar, olara şobada klinika ýa-da hassahana gitmäge kömek ediň.
- Hökümetiň ýerli agzalaryna we köpçülikleýin habar beriş serişdelerine bolan waka barada habar beriň.
- Tutuş jemgyýete bolan wakany habar bermek we çäre görmek üçin duşuşyk gurnaň.
- Adamlary tejribesini we duýgularyny paýlaşmaga höweslendiriň. Bu adamlaryň bolan wakadan ýaramaz täsirlerini azaldar we jemgyýetdäki raýdaşlagy berkider.

Şişenbe	Çarşenbe	Perşenbe
14	15 14:25 Fabrikden ak tüsse çykdy. Tüssäniň ysy palak ýumurtganyň ysy ýaly	16
21	22	23

Zäherli galyndylaryň howa zyňylmagyny kalendara bellemek gowy usul.

Arassa önümçilik

Önümleri hapalanmany we zäherli taşlandylary döretmän taýýarlamagyň, satmagyň usullary we tehnologiýalary bardyr. **Arassa önümçilik** adamlaryň saglygyny we daşky gurşawy goraýar. Kagyz zawody agaçlary, suwy, elektroenergiýany we hlor ýaly himikatlary ulanýar.

Arassa önümçilikli kagyz fabrigi



Arassa önümçilikli kagyz fabrigi aşakda görkezilen zatlary ulansa, hapalanmany azaldýar:

- tokaýlaryň durnukly dolandyrylýan ýerlerindäki agaçlary we ulanylýan kagyzlary;
- nebit ýa-da kömür ýaly gazylyp alynýan elektroenergiýanyň deregine energiýanyň täzelenip duran çeşmelerini (günüň ýa-da şemalyň energiýasy);
- hlory we beýleki zäherli himikatlary ulanmasa;
- mümkin boldugyça az suw ulansa;
- suw birnäçe gezek ulanylyp, soňra daşky gurşawa düşmezden ozal howpsuzlandyrylsa.

Senagat pudaklarynyň köpüsi arassa önümçiligi ulanyp bilýär. Fabrikleriň ýokary temperaturasy elektroenergiýany öndürmek üçin ulanylyp bilner, bir işden galan gerekmejek önümler bolsa beýleki işde material hökmünde ulanylyp bilner. Arassa önümçilik hapalanmany nola ýetirip biler. Şol sebäpli önümçiligiň arassa materiallarynyň we energiýanyň gaýtadan ulanylmagy puly tygşytlaýar.

Kompaniýalar köplenç öz döredýän zyýanynyň we hapalamasynyň öňüni almak ýa-da arassalamak üçin tölemeýärler. Şoňa görä-de, jemgyýet hökümet arkaly olardan arassa usullardan peýdalanmagy talap edip biler.

Arassa işewür kompaniýalaryň öňe sürülmegi

Kompaniýalaryň ýolbaşçylary, işgärleri himikatlaryň we senagat galyndylarynyň özlerine hem-de tutuş jemgyýete nähili zyýan ýetirýändigine düşünenlerinde, zyýany azaltmak üçin ulanýan önümçilik materiallaryny, usullaryny üýtgetmäge isleg bildirýärler. Emma käte jemgyýetiň saglygyna peýdaly özgerişlikleri geçirmek üçin, kompaniýalara zor salmaly bolýar. Önümçiliginň arassa usullaryndan peýdalanmaklaryny gazanmak üçin telekeçilere täsir etmegiň dürli usullary bardyr.

Hökümetiň başarjak zatlary: zäherli himikatlary we howply önümçiligi gadagan etmek ýa-da ony kadalaşdyrmak; zyýanly önümçiliginň önümlerini satyn almakdan ýüz öwürmek; has arassa önümçilik usullaryny ulanmaklary üçin kompaniýalara gorlary (fondlary) hödürlemek; önümçiliginň arassa usullaryndan peýdalanýan kompaniýalardan az salgyt ýygnamak, zyýanly usullardan peýdalanýanlardan bolsa köp salgyt ýygnamak.

Adamlaryň başarjak zatlary: önümçiliginň has arassa usullarynyň peýdasy we zäherleriň zyýany barada bilmek, bu barada kompaniýalaryň eýelerine, işgärlerine gürrüň bermek; daşky gurşawy hapalaýan kompaniýalaryň öndürýän we satýan önümlerini satyn almakdan ýüz öwürmek; zäherli önümleriň ýerini tutup biljek önümler barada beýlekilere habar bermek; zäherli usullary tankytlamak we howpsuz usullardan peýdalanýan öndürijileri goldamak üçin köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden peýdalanmak.

Işçileriň başarjak zatlary: zäherleriň howpsuz işlenilmeginiň düzgünleri barada bilmek, öwrenmek we durmuşa ornaşdyrmak; kärdeşler arkalaşygy bilen baglaşýan şertnamalaryna jemgyýet we işçiler üçin zäherlere garşy goranyş çäreleri goşmak.

Arassa kiçi kärhanalar

Käte kiçi kärhanalaryň ýolbaşçylary zäherleriň ýetirip biljek zyýanyna doly düşünmeýärler. Zäherli himikatlary saklanlarynda, ulananlarynda we olardan howply usullar bilen dynanlarynda, ýolbaşçylar we olaryň işgärleri puly, wagty we işçi güýjüni tygşytlamak isleýärler. Netijede, işewür adamlaryň köpüsi öz hapalaýan gurşawyna, zäherleriň täsirine sezewar bolýan dostlarynyň, goňşularynyň arasynda ýaşaýýarlar. Olaryň has arassa usullar barada bilýän bolmaklary mümkindir, emma olar üýtgeşme girizmäge çykdajy etmekden gaçýarlar. Netijede, uzak wagtyň geçmegi bilen zäherlenen işçileri bejermek we gurşawda ekologik arassalaýyş işlerini geçirmek üçin edilýän çykdajylar tygşytlanan wagtdan we puldan has ýokary bolýar.

Kiçi kärhanalar önümçilik usullaryny has arassa usullara çalşanlarynda, olar tutuş jemgyýeti we onuň gelejekki işini has durnukly edýärler.

Reňklemek

Boýaglaryň köpüsi agyr metallar we beýleki zäherli himikatlar ulanylyp ýasalýar. Boýag önümçiliginiň galyndylary suw akabalaryna taşlanylyp, daşky gurşawy hapalaýar. Bu bolsa arassalamagy kyn we howply edýär.

Hapalanmany nädip azaltmaly

Kiçi kärhanalar boýag öndürenlerinde şu kadalary berjaý etseler, zyýanly galyndylary azaldyp bilerler:

- Azoreňkleýjiler ýaly iň zäherli boýaglardan gaça duruň we howpsuzlaryny saýlaň. Azoreňkleýjiler dogabitdi şikesleri döredýärler we çaphanalarda, dokma senagatynda, kagyz önümçiliginde, derman önümçiliginde we azyk senagatynda ulanylýarlar.
- Ulanylýan zäherleriň mukdaryna gözegçilik ediň.
- Boýaglary taýýarlamakdan artan materiallary beýleki önümler üçin ulanyň.
- Boýaglaryň ýene-de bir tapgyryny taýýarlamak üçin arassalanan suwy ulanyň.
- Arassalanyňyzda, hapa suwlaryň mukdaryny azaltmak üçin, ýokary basyşly şlangdan peýdalanyň.
- Zäherli materiallara bellik ediň we olary suw akabalaryndan daşda, goralýan ýerlerde saklaň.

Teletin zawodlary

Teletin zawodlar suwuň, duzuň, hromuň dürli görnüşleri ýaly zäherli himikatlaryň köp mukdaryny ulanýarlar. Bu himikatlar eýlemeden soň galyndylar görnüşinde derýalara we beýleki suw akabalaryna taşlanylýar. Netijede, teletin zawodlaryň töweregindäki ilat örän hapa agyz suwuny ulanmaly bolýar.

Golaý geljekde bu zäherler bronhit, demgysma we dem alyş bilen bagly beýleki meseleleri döredip bilerler. Uzak möhletleýin geljekde bolsa gaýtadan täsire sezewar bolmagyň netijesinde dogabitdi şikesler we howply täze döremeler ýüze çykyp biler.

Hapalanmany nädip azaltmaly

Teletin zawodlaryň käbiri önümçiliginiň zähersiz ýa-da has howpsuz usullaryny ulanýarlar. Eýlemegiň adaty usuly haýwanlaryň derisini has howpsuz we has arassa eýleme üçin ulanýar. Hromy ulanýan zawodlar üçin hromy az mukdarda ulanar we az galyndy öndürer ýaly, işlenilmegiň we ony önümçilige gaýtarmagyň usullary hem bar. Bu zäherli hapalanmany aýyrmakdaky çykdajylary azaldýar. Eýlemek üçin wannalardaky suwy gaýtadan işläp ýene-de ulanyp bolýar. Hapa suwlary hem dökmezden öň has howpsuz etmek üçin arassalamak bolar.

Teletin zawodlaryndaky arassa önümçilik



Meksikanyň Leon şäheri ýokary hilli aýakgaplary bilen meşhurdyr. Leondky teletin zawodlar jemgyýetdäki ykdysady durnuklylygy saklamakda möhüm orny eýeleýär. Gynansak-da, ozal eýlemekden soň himiki galyndylar göni ýerli suw akabalaryna atylýardy. Olar agyr keselleriň döremegine sebäp bolýardy. Köp ýyllaryň dowamynda Leon hapalanma gözegçilik etmek maksady bilen kanunlary kabul edýärdi, emma teletin zawodlary olary hiç wagt diýen ýaly berjaý etmeýärdi. Teletin zawodlarynyň köpüsiniň eýeleri üçin hapalanmany azaltmak has gymmat düşýärdi we olaryň işine zyýan ýetirýärdi.

Leonyň golaýyndaky batgalyk ýerde guşlaryň müňlerçesi hapalanmadan ölensoň, teletin zawodlaryna wekilçilik edýän ýerli söwda guramasy zawodyň işine zyýan ýetirmän, hapalanmany azaltjak usullary gözläp başlaýar. Olar arassa önümçiligi öwrenenlerinden soň, bu işi amala aşyrmaga mümkinçilik döredi. Soňky birnäçe ýylyň dowamynda söwda guramasy zawodlara hapalanmany azaltmaga kömek edýär, teletin zawodlaryň köpüsi öz ulanýan usullaryny üýtgetdiler. Olar muny ýerli agyz suwuny we göçýän guşlary goramak maksady bilen etdiler. Şeýle hem olar arassa önümçiliginň puly tygşytlajakdygyna we has ýokary hilli derini öndürmäge kömek edip biljekdigine göz ýetirdiler. Eýlemekde ulanylýan himikatlaryň dikeldilmeginiň we gaýtadan ulanylmagynyň dürli ýollaryny tapmak maksady bilen, Afrikanyň we Aziýanyň teletin zawodlary senagat ösüş boýunça Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlyk edýär (UNIDO). Has arassa önümçiliginň UNIDO taslamasy teletin zawodlarynyň hapalanmasynyň ýarysyndan köpüsiniň tebigy serişdeleriniň aýawly we netijeli, az mukdarda we oýlanyşykly ulanylmagynyň hasabyna azalyp biljekdigini görkezdi.

Leonyň teletin zawodlary UNIDO taslamasyndan öwrenip, önümçiliginň has arassa usullaryny ulanmagy ýola goýdular. Birinjiden, olar deri eýlenilýän wannalardaky hromuň köp mukdarynyň deri önümi bilen galtaşyp, az galyndyny emele getirýän täze usuly ulanýarlar.

Ikinjiden, ferment (himiki üýtgeşmeleri amala aşyrýan tebigy önüm) deri önümlerini ýumşatmak üçin ulanylýan himikatlaryň ornuny eýeleýär. Hili pesräk derini öndürmek üçin käbir teletin zawodlary eýlemekde hromuň deregine ösümlikleri ulanyp, bu işiň iň zäherli we gymmat bölegini aradan aýyrýarlar.

Hromuň deregine ulanmak üçin başga önüm tapmadyk teletin zawodlary ony bir gezekden soň zyňman, gaýtadan ulanyp başlaýarlar. Himiki hapalanma sezewar bolan suwuň hem köp bölegi gaýtadan ulanylyp başlandy. Teletin zawodlaryň käbiri suw serişdelerini goramak we gaýtadan ulanmak üçin işlemek maksady bilen hapa suwlary arassalaýan ulgamy gurýarlar. Indi Leonyň teletin önümçiliginiň işgärleri arassa önümçilik barada bilýärler. Olaryň näme üçin täze usullardan peýdalanýandygyny sorasaňyz, olar size bu usullaryň ýerli suw akabalaryny gorajakdygyny aýdar. Şeýle hem olar size öňkülerden has ýokary hilli we arzan deri öndürýändikleri barada aýdar.

Arassa önümçiligiň hoşboý ysy

San-Fransiskonyň (ABŞ) baýyrlarynyň gözelligi dünýädäki syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýär. Köp sanly kiçiräk restoranlarda satylýan önümleriň dürlüligi hem özüne gyzyklanma bildirdýär. Emma ol restoranlaryň aşpezliginiň netijesinde emele gelýän ýag galyndylary zeýakabalaryna dykylyp, şäher büjetinden çykdajyny talap edýär. Şäher häkimligi ýag zeýakaba düşmez ýaly ähli restoranlardan yag üçin "duzaklary" ulanmaklaryny talap edýärler. Emma ol duzaklary ýagdan arassalamak örän gymmat bolýar. Kiçi kärhanalaryň köpüsi golaýda göçüp gelenlere degişli bolandygy sebäpli, bu olara başartmaýar.

Şäheriň zeýakabalaryna gözegçilik edýän San-Fransiskonyň kommunal hyzmatlar edaralarynyň barlag topary ýag galyndylaryndan kadalaýyk dynmaýandyklary üçin restoranlara uly möçberde jerime töletmegiň deregine, olara oňat çözgüt hödürlediler. Indi gerekmejek ýaglary ýygnap, ony şäher awtobuslarynyň işi üçin ulanýarlar!

Dizel herekete getiriji (dwigatel) oýlanylyp tapylanda, ol ösümlik ýagy ýaly ýeňil ýangyç ýakýardy. Emma nebitiň köpelendigi, arzan bolandygy we ony öndürýän kompaniýalaryň güýçli bolandygy sebäpli, dizel herekete getirijileriň köpüsi nebiti ulanyp başladylar. Indi bolsa nebitiň howply hapalanma we dünýä möçberindäki maýlama sebäp bolandygy üçin, adamlar ýagy has arassa we has arzan ýangyç hökmünde ulanyp başladylar.

Ösümlik ýagy biraz üýtgedilip, ýangyç hökmünde ulanylyp bilner. Ýag üýtgedilmän-de "bioýangyja" öwrülip biler. Bioýangyjyň ulanylmagy demgysmany, düwnügi (ragy) döredýän howa hapalanmasyny azaldýar we dünýä möçberindäki maýlamanyň öňüni alýar. Tebigy gaz ýaly ýangyçlar bilen deňeşdirilende, bu has arzan düşýär.

Bioýangyç üçin ösümlikleriň ýörite ekileninden, eýýäm ulanylan ýagy gaýtadan işläp, bioýangyç hökmünde ulanylmagy daşky gurşaw üçin has howpsuzdyr. Ulanylan ýagyň gaýtadan işlenilmegi onuň lagym zeýakabalara düşmeginiň öňüni alyp, daşky gurşawy goraýar.

Önümçilik işiniň arassa bolmagy üçin, San-Fransiskonyň kommunal hyzmatlar edaralarynyň barlag topary restoranlara aýlanyp, gerekmejek ýagy ýygnamak üçin dürli dillerde gepleýänleri işe alýar. Restoranlaryň eýeleri ýagdan dynmak üçin indi tölemeli däl, şäher bolsa zeýakabalara az ýag ýygnanmagyndan we awtobuslar üçin has arzan ýangyçdan peýda görýär. Indi San-Fransiskonyň köçelerinde ulag tüsseleriniň ysyna derek gowrulan iýmitiň ysy gelýär. Bu bolsa restoranlara has köp syýahatçylaryň gelmegine ýardam edýär.

Zäherli galyndylaryň howply ýerleşdirilmegi

Önümçiligiň arassa usullaryndan peýdalanmaýan iri kompaniýalar köp zäherli galyndyny öndürýärler. Himiki senagat, magdan gazyp alyjy senagat, ýerden nebit alýan senagat ýaly senagat pudaklarynyň iň köp öndürýän önümi zäherli galyndylaryň hut özüdir!

Zäherli galyndylaryň ýok edilmegi örän gymmat düşýändigi sebäpli, olardan howpsuz dynmak kyn bolýar. Şonuň üçin galyndylaryň howply ýok edilmegi giňden ýaýrandyr. Galyndylaryň şeýle usul bilen ýok edilmegi garyp adamlaryň saglyk kynçylyklaryny öňküden-de erbet edýär.

Kompaniýalaryň köpüsi galyndylardan zäherli önümleriň bölünip çykmazlygy üçin, olaryň köp bölegini ýa-da tutuşlygyna gaýtadan işlenilmegini ýola goýmalydyr. Resirkulýasiýa ýaly ekologik taýdan agzybir hereketler zäherli maddalar işçilere we daşky gurşawa zyýan ýetirmez ýaly, oýlanyşykly geçirilmelidir.

Senagat pudaklarynyň galyndylardan jogapkärçilikli dynmaklyk hapalanma meselesiniň çözgüdiniň diňe bir bölegidir. Zäherli galyndylar bilen bagly meseläni doly çözmek üçin, biz senagatyň iş usullaryny üýtgetmelidiris. Zäherli galyndylardan howpsuz dynmagyň ýeke-täk usuly olary öndürmegi bes etmekden ybarat.

Afrikanyň Ammar Taslamasy

Ösüş boýunça birleşmeler we agentlikler açlyk meselesiniň çözgüdi hökmünde daýhanlaryň arasynda birnäçe ýyllaryň dowamynda pestisidleriň ulanylmagyny maslahat berýärdiler. Emma indi alymlar-da, köp daýhanlar-da pestisidleriň peýdasyndan zyýanynyň köpdügi bilen ylalaşýarlar. Ölüm howply bu himikatlary kim ýok etmeli? Bu işi nädip howpsuz amala aşyrmaly?

Afrika ýurtlarynda ulanylmadyk we gerekmejek pestisidleriň, zäherli galyndylaryň 50000 tonnadan hem köp mukdary ammarlarda syzýan konteýnerlerde saklanylýar. Hökümet edaralarynyň topary we halkara guramalary şol zäherleri ýok etmek we zäherli galyndylaryň köp mukdarda taşlanylmagynyň öňüni almak maksady bilen Afrikanyň Ammar Taslamasyny (AAT) işläp düzdüler. Şol taslama girýän toparlaryň galyndylary arassalamak boýunça dürli pikirleri bar. Olaryň käbiri galyndylary ýakmaklygy iň oňat usul hasaplaýarlar. Bu işi amala aşyrmak üçin Bütindünýä banky we käbir döwletleriň hökümetleri galyndylary ýakmak üçin enjamlary gurdular. Beýleki toparlar ýakmagyň netijesinde howa we suwa has köp zäheriň bölünip çykjakdygy barada aýdyp, galyndylaryň ýok edilmeginiň has howpsuz usullaryny hödürleýärler. Häzirki wagtda ölüm howply himikatlaryň ýok edilmeginiň hakykatdan-da howpsuz usullary ýok. Ýakmaga garanda has howpsuz usullaryň işlenilip düzülmegi örän gymmat düşýär. AAT bu meseläni çözýänçä, ýel zäherli galyndylary töwerege ýaýradýar, olar ýerasty suwlara syzyp geçýärler. Bu zäherler we şolar zerarly ýüze çykýan keseller himikatlary döreden we ulanylmagyny öňe süren himiki kompaniýalaryň we ösüş boýunça agentlikleriň ölüm howply mirasynyň bir bölegidir.

Awtoulag akkumulýatorlaryň gaýtadan işlenilmegi

Awtoulaglaryň akkumulýatorlarynyň düzümindäki metallary almak üçin, käwagt olary sökýärler. Köp ýerlerde bu iş guramaçylykly geçirilmeýär. Ol öýlerde we ýaşaýyş jaýlaryň howlularynda edilýär. Akkumulýatorlaryň gaýtadan işlenilmegi daşky gurşawa we saglyga zyýan ýetirýän howply gurşun hapalanmasyny döredýär. Gurşunyň köp mukdarynyň gysga wagtyň dowamynda täsir etmegi netijesinde ýürekbulanma, içgeçme, tutgaýlar ýüze çykýar, käbir ýagdaylarda ölüm howpy hem abanyp bilýär (368-370-nji sah. ser.).

Käbir ýerlerde öýde ulanylýan kiçijik batareýjikler sökülip, olaryň içindäki gara külke reňk, syýa we kosmetika üçin ulanylýar. Bu külke örän zäherli bolup, asla ulanylmaly däldir. Onuň düzüminde kadmiý, gurşun, sink, simap we beýleki agyr metallar bar. Külkäni ulanaňyzda, ellikli we maskaly işlemeli, galyndylar bolsa howpsuz ýok edilmeli.

Zyýanyň azaldylmagy

Akkumulýatorlaryň, batareýleriň düzümindäki himikatlaryň öndürijiler üçin howpsuz bolmagynyň iň oňat usuly ulanylan akkumulýatorlary, batareýleri ýygnap, olaryň howpsuz şertlerde gaýtadan işlenilendigine göz ýetirmekdir. Käbir ýurtlarda batareýleriň howpsuz gaýtadan işlenilmegine gözegçilik edýän kanunlar bar.

Elektron enjamlarynyň gaýtadan işlenilmegi

Kompýuterler, el telefonlary we radio ýaly elektrik enjamlarynyň önümçiligi köp serişdeleri talap edýär. Şeýle hem elektrik enjamlaryň düzüminde gurşun, kadmiý, bariý, simap, hrom (372-nji sah. ser.), PSBs, poliwinilhlorid plastmassasy (341-nji sah. ser.) ýaly zäherler köpdür. Ulanyşdan galan elektron enjamlar zir-zibil dökülýän ýerlere taşlanylýar, olaryň düzümindäki zäherler bolsa ýerasty suwlara geçýär. Şeýle hem olar elde sökülýär we olaryň içindäki materiallar howply eredijileriň kömegi bilen gaýtadan işlenilýär. Bu adam saglygyna agyr zyýan ýetirýär, zäherli maddalar beýleki önümlere geçýär we geljekde howply saglyk meselelerini döredip bilýär. Elektron enjamlaryny öndürýän kompaniýalardan has howpsuz we berk materiallary ulanmaklaryny, howpsuz täzelenişe we resirkulýasiýa jogapkärçilikli çemeleşmeklerini talap etmeklik iň howpsuz çözgütdir. Elektron enjamlaryny satyn alýan we ulanýan adamlar döwlen enjamlary zyňman, olary bejerseler, zyýanly galyndylary azaldyp bilerler.

Gorag maskalary, ellikleri we beýleki gorag enjamlary kompýuter böleklerini gaýtadan işleýän adamlary goramaga kömek eder.

Zäher söwdasy

Zäherli galyndylaryň we zyýanly materiallaryň bir ýurtdan beýleki ýurda satylmagyna **zäher söwdasy** diýilýär. Baý ýurtlar öz himikatlaryny daş ýerlere taşlamaga synanyşýarlar. Garyp ýurtlaryň hökümetleri muňa garşylyk görkezerden ejiz gelýärler. Zäherli himikatlaryň söwdasy zäherli galyndylaryň baý ýurtlar tarapyndan has garyp ýurtlara taşlanylmagyny aňladýar.

Daşky gurşawy we adam saglygyny goraýan halkara ylalaşyklara garamazdan, zäher söwdasy uly telekeçiligiň bir bölegidir. Temmäki, pestisidler, Jeneral Elektrigiň önümleri, asbest, hatardan çykan elektron enjamlar ýaly önümleriň zyýanlydygyna garamazdan, olar köplenç baý ýurtlardan garyp ýurtlara iberilýär.

Käbir himikatlaryň satylmagy halkara hukugy tarapyndan gadagan edilendir (467-nji sah. ser.). Emma adam hukuklary we saglyk ugrunda göreşýän işjeňleriň belleýşi ýaly, bu kanunlar diňe adamlaryň agzybir hereket eden ýagdaýlarynda jemgyýeti gorap bilýär.

Zäherli galyndylaryňyzy alyp, yzyňyza gaýdyň

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Filadelfiýa şäherindäki zyýanly galyndylary ýakylandan soň galan 14000 tonna zäherli küli “More Haýen” gämisine ýüklediler. Gämi öz zäherli ýüküni ABŞ-nyň çäklerinden daş ýerde taşlamakçydy. Emma ol nirä barsa-da, adamlar garşy bolýardylar.

Gämi ilki bilen Bagama, soňra Dominikan Respublikasyna barýar. Emma ol ýurtlar ýüki kabul etmeýär. Soňra gämi Gondurasa, Bermud adalaryna, Gwineýa-Bissau we Niderland Antil adalaryna ýüzüp barýar. Bu ýurtlaryň hem hiç biri zäherli küli kabul etmeýär. Zäherli külden dynmak umudyny ýitiren gämi topary ýalan sözläp başlaýar. Käte olar zäherli küle gurluşyk ýa-da ýollar üçin dolduryjy materiallar diýýärdiler. Emma tebigaty goraýjylar ýurtlara gämiden öň baryp, külüň düzüminde hakykatdan näme bardygyny aýdýardylar. Bu ýüki hiç kim kabul etmedi. Ýöne gämi hökümeti ABŞ tarapyndan goldanylýan Gaiti baranda, kül kabul edilýär. Gaitiniň Gonaýwes şäheriniň kenaryna “dökün” diýlip atlandyrylan zäherli külüň 4000 tonnasy agdarylýar.

Jemgyýetçiligiň garşy çykmagynyň netijesinde gaitili emeldarlar kabul eden ýükleriniň dökün däl-de, zäherli küldügini boýun alýarlar. Galyndylaryň ýzyna gaýtarylyp gämä ýüklenilmegi barada buýruk çykarylýar, emma “More Haýen” gije gaçyp gaýdýar.

Galan 10000 tonna küli ýerleşdirjek bolup, “More Haýen” iki ýylyň dowamynda bir ýurtdan beýleki ýurda barýardy. Gämi öz adyny gizlemek maksady bilen onuň üstüni reňklemek barada buýruk hem aldy. Şonda-da hiç bir ýurt aldawa düşmedi we zäherli ýüki kabul etmedi. Soňra gämi toparynyň bir agzasy kazyýetde çykyş edip, zäherli ýüküň köp böleginiň Hindi ummanynda taşlanandygyny aýdýar. Tebigaty goraýjylaryň tagallasy bilen ýüküň 2000 tonnasy Filadelfiýanyň zibil gömülýän ýerinde ýerleşdirilýär.



Şäher gurluşygy zäherli galyndylaryň gömlen ýerleriniň üstüni açýar

Gynansak-da, zäherli galyndylara üns bermezlik bu meseleden gaçmaga mümkinçilik bermeýär. Şäherlerde täze ösüş taslamalary işläp başlanda, adamlar täze bazarlar, ýaşaýyş jaýlar, dynç alyş we täze döredilijek iş ýerleri barada aladalanýarlar. Emma şol taslamalar öň fabrikleriň we harby bazalaryň bolan ýerlerinde işlenilse, topragyň zäherli galyndylar taşlanýan ýerine öwrülmändigine göz ýetirilmelidir. Şeýle bolaýanda-da, galyndylardan howpsuz dynmak hökmandyr.

Saglyk üçin ylgamak



Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň San-Diýego şäherinde täze stadionyň gurluşygyna başlanlarynda,"Padre San-Diýego" atly beýsbol toparynyň janköýerleri tolgunýardy. Ilat täze stadion oýunlara syn etmäge we täze iş ýerlerini döretmäge mümkinçilik berer diýip begenýärdi. Emma bu işiň daşky gurşawa ýetirjek täsirine baha berlende, taslamanyň daşky gurşawa we adam saglygyna zyýanly täsir etjekdigi mälim boldy.

Gurluşyk üçin niýetlenen ýer zäherli himikatlar bilen hapalanandy. Meýilnama laýyklykda zäherli toprak agdarylyp, şäheriň ortarasynda ýakylmalydy. Saglygyň Ekologik Birleşmesiniň (SEB) ýerli toparynyň agzalary zäherli topragyň ýakylmagynyň saglyk bilen bagly düýpli kynçylyklary döretjekdigini bilýärdiler. Şoňa görä-de, olar howpsuz usulyň gözlenilmegini talap etdiler.

SEB we jemgyýetçilik toparyň agzalary şäher häkimliginden hödürlenen meýilnamanyň kabul etmezliklerini haýyş edýärler. Emma şäher häkimligi olaryň haýyşyna seslenmeýär. Jemgyýetçilik topar 100 adamy jemläp, gurluşyk ediljek ýerde çykyş etmekçi bolýar. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bu barada habar berenlerinde, "Padre San-Diýego" öz janköýerleriniň aladasyny etmeýän ýaly göründi. Tiz wagtdan toparlaryň eýeleri zäherli toprakdan dynmagyň başga usullaryny gözlemäge razylaşýarlar.

Şeýle hem SEB täze stadion zerarly hereketiň, hapalanmanyň, golaýda ýaşaýan çagalarda demgysmanyň artjakdygyny görkezdi. Birnäçe duşuşyklardan soň, Saglygyň Ekologik Birleşmesi adam saglygy üçin has howpsuz gurluşyk meýilnamasynyň işlenilmegine kömek etdi.

Jemgyýetçilik duşuşyklarynyň meýilnamalaşdyrylmagy, daşky gurşawa baha berilmegi taslamanyň zyýanly täsiriniň ýokdugyny aňlatmaýar. San-Diýego stadionynyň gurluşygynyň taslamasyny zäherli topragyň ýakylmagyndan ýetjek zyýan barada, stadionyň meýilnamalary bilen bagly kynçylyklaryň ýüze çykjakdygy barada bilseler-de, ony durmuşa ornaşdyrjak boldular. Bu mesele boýunça hasabatlary öwrenýän, ähli duşuşyklara gatnaşýan, hökümetden zyýanyň azaldylmagyny talap edýän topar onuň çözgüdini öz üstüne alýar.

San-Diýegonyň ýaşaýjylarynyň köpüsi heniz-de Padreniň her bir oýnuna uly gyzyklanma bilen syn edýärler. Olar indi öz söýgüli toparynyň saglyk kynçylyklarynyň döremegine sebäp bolmandygyna begenýärler.

Zäherli galyndylary ýok etmek boýunça halkara ylalaşyklary

Uzak ýyllaryň dowamynda Demirgazyk Amerikadaky we Ýewropadaky baý döwletler zäherli galyndylaryndan dynmak üçin Afrikany, Aziýany, Latyn Amerikany we Gündogar Ýewropany ulanýardylar. Bu işi bes etdirmek üçin hiç hili ýuridiki garşylyk görkezilmeýärdi. Ahyrynda, has garyp ýurtlaryň jemgyýetçilik toparlary beýleki daşky gurşawy goraýjylar bilen halkara ylalaşyklaryň güýje girmegini gazandy. Indi zäherli galyndylaryň söwdasy gadagan edilýär.

Şewron Teksako hökümetden garşylykly güýç ulanmagyny soraýar. Polisiýa we ýaragly güýçler gözýaş akdyryjy gazy ulandylar we aýallara hüjüm edip, olary urdular, gynadylar. Aýallaryň köpüsi ýaralandy, käbiri bolsa öldürildi. Emma aýallar şonda-da batyrgaý we döredijilikli gaýtawul görkezdi. Olaryň käbiri nebit korporasiýasynyň edarasyna hüjüm etdiler, beýlekileri baş eksport terminalyny eýeledi, ýüzlerçesi bolsa nebitiň başga ýerlere iberilmegine päsgel bermek üçin Niger deryýasynyň boýundaky 4 sany kompressor stansiýasyny ele saldy. Aýallaryň kompressor stansiýalary we terminaly eýeländikleri sebäpli, Şewron Teksako her gün 100 000 amerikan dollaryndan hem köp puly ýitirýärdi!

Nebit korporasiýasynyň wekilleri ahyry boýun egdiler. Şewron Teksako iş orunlaryny döretmäge we aýallara öz hususy işini açmaga kömek etmek maksady bilen karz bermegiň meýilnamasyny ýola goýmaga razylyk berdi. Şeýle hem olar obalary mekdepler, hassahanalar, suw we elektroenergiýa bilen üpjün etmegi boýun aldy.

Nebit korporasiýalaryň we olaryň tarapdarlary bolan hökümet agzalarynyň rehimsiz hereketleri olaryň girdejilerini artdyrmak üçin hiç zatdan gaýtmajakdyklaryny subut edýär. Nigeriýaly aýallar dünýädäki ähli adamlary nebit senagatynyň ösüşinden ejir çekmän, öz paýyny talap etmäge ruhlandyrdy. Bolmasa, olar nebit senagatynyň ösmegine asla ýol bermez.

Nebit we kanun

Adamlary, suwy, tebigaty hapalanmadan goramak we howpsuz iş şertlerini döretmek maksady bilen ýurtlaryň köpüsi kanunlary çykarýar. Nebit korporasiýalarynyň nebitiň dökülmegine we syzmalara jogapkär bolmaklaryny talap edýän sebit we halkara kanunlar, ylalaşyklar hem bardyr. Emma bu kanunlar diňe adamlar olaryň durmuşa ornaşdyrylmagyna gözegçilik edenlerinde netijeli bolýndyr. (Halkara kanunlary barada has köp maglumat almak üçin ser.: Goşundy B)

Teksako garşy işiň gozgalmagy

Teksako korporasiýasy Ekwadora nebit burawlamaga gelende, Kofan atly ýerli ilat Amerikan korporasiýasynyň olaryň durmuşyny weýran etjekdigini göz öňüne hem getirmeýärdi. 20 ýyldan hem gowrak wagtyň dowamynda korporasiýa nebit we zäher galyndyly suwuň millionlarça tonnasyny daşky gurşawa taşlapdy. Kofanlaryň uzak ýyllaryň dowamynda iýmit çeşmesi hökmünde ulanan derýalarynyň indi peýdasy ýokdy. Agyz suwuny tapmak we aw awlamak üçin, adamlar indi uzak güni sarp edýärdi. Ýaşaýjylaryň köpüsi weýrançylyk sebäpli başga ýerlere göçüp gidýärdi. Kofanyň baştutanlarynyň aýtmagyna görä, Teksako olaryň adaty durmuşlaryny weýran edip, müňlerçe adamlaryň kesellemegine sebäp boldy. Kofan ilatynyň sany 15000 adamdan 500 adama çenli kemelipdi.



Teksako zerarly hapalanmagyň pidalaryAmazonkany Goramak boýunça Fronty döredýärler. Olar agyr kesellerden ejir çekýänlere lukmançylyk kömegini berýärdiler, Teksakonyň nebit tejribeleriniň saglyga ýetirýän täsirini barlamaga ýardam edýärdiler. Olar Kito şäherindäki tebigaty goramak boýunça işjeňler we Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndaky aklawjylar bilen habarlaşyp, bilelikde meýilnama düzdüler. Baştutanlar we işjeňler Teksako garşy milliard dollarlyk kazyýet işini gozgamak üçin, Nýu-Ýorka pyýada, kanoede (gaýyk) we uçarda geldiler.

Teksako işiň gozgalmagyna garşy çykjak boldy. Korporasiýa hapalanmanyň Ekwadorda bolandygy sebäpli bu işiň şol ýerde gozgalmagynyň tarapdarydy. Işjeňler Ekwadorda adalatyň üstün çykjakdygyna ynanmaýardy. Olar kazyny hapalanma babatda kararyň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda çykarylmalydygyna ynandyrdylar. Kazy olary diňlemäge razylyk berýär. Bu halkara kazyýet işine seretmek ABŞ-da ilkinji gezek bolupdy! Kofanyň baştutanlarynyň begenjiniň çägi ýokdy.

10 ýylyň dowamynda Teksako işiň ýatyrylmagy ugrunda göreşdi. Täze bellenen kazy bu işi Ekwadorda çözmeli diýen karara gelýär. Ýöne adalatly netije çykarylmadyk bolsa, işe gaýtadan Nýu-Ýorkda seredilmelidi. Bu iş henize çenli dowam edýär. Nebitiň tropiki tokaýdan gazylyp alynýandygy sebäpli, adamlaryň kesellemegi dowam edýär. Olaryň Teksako garşy alyp barýan göreşi adamlaryň köpüsine nebitiň ýetirýän zyýanyny aýan etdi, Teksakony we beýleki nebit korporasiýalaryni bolsa burawlamagyň has howpsuz usullaryny ulanmaga mejbur etdi.

23 EKOLOGIK TAÝDAN ARASSA ENERGIÝA

Elektroenergiýanyň öndürilişi 526
Gaýtadan dikeldilmeýän energiýa zerarly döreýän saglyk kynçylyklary 527
Ekologik taýdan arassa energiýanyň peýdasy we çykdajysy 528
Energiýany paýlamak 530
Hekaýa: Gün batareýleri arkaly işleýän oba hassahanalary 531
Elektroenergiýany has oňat ulanmak 532
Daşamak 533
Kiçi bentler. 534
Hekaýa: Mikrogidroenergetika adamlary hyzmatdaşlyk üçin birleşdirýär 535
Ýel energiýasy 536
Gün energiýasy 537
Hekaýa: Mikrokredit gün energiýasyny maliýeleşdirýär 539
Biomassa energiýasy 540
Biogaz 540
Hekaýa: Biogaz oba ilatyny energiýa bilen üpjün edýär. 542
Welosiped energiýasy 543
Hekaýa: Maýýa Pedal welosipediň energiýasy 543

EKOLOGIK TAÝDAN ARASSA ENERGIÝA



Energiýa öýüň içini yşyklandyrmak, nahar taýýarlamak, suwy ýokaryk galdyrmak we daşamak, gündeki işlerimiziň ählisini ýerine ýetirmek üçin öndürilýär. Ýöremek, tokaýda agaç çapmak ýa-da bedräni galdyrmak üçin köplenç adam güýji, ýagny adam energiýasy ulanylýar. Käte bu energiýa çyralary, suw sorujylary, perleri we beýleki enjamlary herekete getirmek üçin elektroenergiýa öwrülýär.

Elektroenergiýa biziň durmuşymyzy we işimizi ýeňilleşdirýär. Ol bize okamak üçin yşyk, iýmiti we dermanlary zaýalaman saklamak üçin salkyn ýer berýär, işimizi ýeňilleşdirýän kir ýuwujy maşynlary, drelleri, ähli zatdan habarly bolar ýaly we dynç alar ýaly radiony we telewizory herekete getirýär. Bu zatlaryň hemmesi biziň ýaşaýşymyzy has sagdyn we oňaýly edip bilýär.

Gynansak-da, elektroenergiýa adamlaryň köpüsi üçin elýetmez arzuwdyr. Dünýäde ulanylýan elektroenergiýanyň aglaba bölegi Demirgazyk ýurtlarynyň baý şäherlerinde ýerleşýär. Dünýädäki 6 milliard adamyň 2 milliardynyň elektroenergiýadan peýdalanmaga mümkinçiligi ýok.

Awtoulaglary, ýük daşalýan ulaglary, uçarlary we otlulary hereketlendirmek üçin adatça benzin ýa-da dizel ýaly organiki ýangyç ulanylýar. Demirgazyk ýurtlary öz paýyna düşýän ulag ýangyjy hem hut elektroenergiýa ýaly gereginden artyk ulanýarlar.

Hapalanmanyň we dünýä möçberindäki maýlamanyň öňüni almak üçin (33-nji sah. ser.), dünýäde nebit, kömür we gaz ýangyjyny azrak ýakmaly. Baý ýurtlaryň ilaty elektroenergiýany azrak ulanjak bolmaly. Daşky gurşawa ýetýän zyýany artdyrmazdan her bir adamy elektrik we ulag serişdeleri bilen üpjün etmek üçin, biz energiýanyň howpsuz we arassa çeşmelerinden peýdalanmalydyrys (energiýanyň ekologik taýdan arassa görnüşine başgaça gaýatadan dikeldip bolýan energiýa hem diýilýär). Bu çeşmelere ýeliň, günüň, suwuň energiýasy we biogaz degişlidir.

Elektroenergiýanyň öndürilişi

Häzirki döwürde elektroenergiýanyň köp bölegi gazylyp alynýan ýangyjyň (nebit, kömür we tebigy gaz) ýakylmagy arkaly öndürilýär. Energiýanyň ýene-de bir bölegi atom ýadrosynyň energiýasyndan we uly bentleriň energiýasyndan alynýar (170-nji sah. ser.). Biz gazylyp alynýan uran we uly bentleriň energiýasyna däl-de, ekologik taýdan arassa energiýa mätäçdiris. Munuň näme üçin şeýledigine düşünmek üçin, energiýanyň arassa däl, gaýdyp dikeldilmeýän çeşmelerden öndürilmegiň näderejede zyýanlydygyny bilmeli.



Elektroenergiýanyň kömürden, nebitden, tebigy gazdan ýa-da atom ýadro energiýasyndan öndürilýändigine garamazdan, olaryň ählisi şol bir ýol bilen alynýar. Ilki bilen energiýanyň çeşmesi buga öwrülip, elektroenergiýany öndürmek üçin uly turbinalary aýlar ýaly, gyzdyrylýar. Uly gidroelektrik bentler elektroenergiýany işläp çykarmak üçin bugdan peýdalanman, şaglawuklary ulanýarlar. Emma energiýnyň bu görnüşleriniň ählisi hapalanma, ilatly ýerleriň we suw sakalarynyň weýran bolmagyna, adam saglygy bilen bagly agyr meseleleriň döremegine eltýär. Ýokarda agzalan elektroenergiýa çeşmeleri, esasanam uly möçberde ulanylanda, sagdyn we durnukly bolmaýar.

Gazylyp alynýan ýangyç ýeterlik bolmaýar we onuň gözlegi gymmat düşýär. Gazylyp alynýan ýangyç täzelenip durmaýar we onuň gutaran güni, oňa esaslanýan ulgamlaryň işi bes edýär. Şol bir wagtda-da gazylyp alynýan ýangyç serişdeleriň ýakylmagy netijesinde döreýän hapalanma we dünýä möçberindäki maýlama (33-nji sah. ser.) her bir adamyň saglygy we ähli dünýä üçin çylşyrymly ekologik meselä öwrülip, gitdigisaýy ulalýar.

Gaýtadan dikeldilmeýän energiýa zerarly döreýän saglyk kynçylyklary

Uly elektrostansiýalarda elektorenergiýa gazylyp alynýan ýangyjy ýakmak arkaly öndürilýär. Gazylyp alynýan ýangyjyň gazylmagy we ýakylmagy howany, topragy we suwy hapalap, dem alyş we deri bilen bagly kynçylyklary döredýär. Şeýle hem, ýangyn düwnük keselini we dogabitdi şikesleri (16-njy baba, 506-njy sah. ser.) döredýän zäherli himikatlary bölüp çykarýar. Gazylyp alynýan ýangyjyň ulanylmagy dünýä möçberindäki maýlama hadysasyna we nebit serişdelerine eýeçilik etmek ugrundaky uruşlara eltýär.



Uly gidroelektrik stansiýalarynyň energiýasy (uly bentleriň suwuny elektroenergiýa öndürmek üçin ulanmak) adamlary başga ýerlere göçmäge mejbur edip, açlyga, mes topragyň ýitirilmegine sebäp bolýar, gyzzyrma, şistosomoz ýaly keselleri (9-njy baba ser.) döredýär. Kiçi bentleriň kynçylyklara muňa garanda az bolýar.



Ýadro energiýasy zäherli materiallary, döredýän heläkçilikleri we zyýanly galyndylary zerarly örän howpludyr. Ýadro energiýasynyň zyýany köp nesilleriň saglygyna zyýan ýetirip bilýär (491-nji sah. ser.). Ýadro energiýasy energiýanyň arassa çeşmelerine degişli däldir.

Ýokary kuwwatlykdaky togy geçirýän simler (togy öndürilen ýerinden ulanylýan ýerine eltýän kabeller) akganlylyk we düwnük keselleriniň beýleki görnüşleri ýaly agyr keselleri döredip bilýär. Ýokary kuwwatlykdaky togy geçirýän simleriň golaýynda we olaryň aşagynda jaý gurmak maslahat berilmeýär.



Ekologik taýdan arassa ýa-da gazylyp alynýan ýangyç ulanylanda hem, ýokary kuwwatlykdaky togy geçirýän simler howpludyr. Energiýanyň ýerlerde işlenilip çykarylmagy ekologik taýdan arassa energiýanyň wajyp bölegi bolup, ýokary kuwwatlykdaky togy geçirýän simlere bolan islegi aradan aýyrýar.

Ekologik taýdan arassa energiýanyň peýdasy we çykdajysy

Energiýanyň ekologik taýdan arassa görnüşi ýaşaýyş we medeni durmuşa, saglyga we ekologiýa ujypsyz zyýan ýetirilip öndürilýän energiýadyr. Energiýanyň ekologiýa taýdan arassa görnüşine başgaça egsilmez ýa-da durnukly energiýa hem diýilýär, sebäbi ol egsilmeýän çeşmelerden öndürilýär:

Ýel energiýasy (356-njy sah.)



Kiçi bentleriň suw akymy(534-nji sah.)



Günüň şöhlesi (537-nji sah.)



Biogaz we beýleki biomassa (540-njy sah.)



Welosipediň energiýasy (543-nji sah.)

Energiýanyň ekologik taýdan arassa görnüşlerini ulanmak bilen, biz daşky gurşawy we adam saglygyny goraýandyrys. Sebäbi gazylyp alynýan ýangyjyň ýakylmagy bilen öndürilýän energiýa daşky gurşawa örän uly zyýan ýetirýär. Ekologik taýdan arassa energiýa obalary, uly şäherleri we fabrikleri üpjün edip, daşky gurşawa we adam saglygyna zyýan ýetirmeýär.

Arassa energiýany öndürýän usullaryň artykmaçlyklary-da, kemçilikleri-de bardyr. Her bir usul ýerli şertlere: ýeliň, gün şöhlesiniň we ýagşyň mukdaryna bagly bolýar. Elektroenergiýa hatda onuň iň arassa görnüşleri hem adamlaryň köpüsi üçin örän gymmat bolýar. Emma adamlaryň köpüsiniň energiýanyň arassa görnüşlerini has köp ulanýandygy we ony öndürmegiň usullarynyň gowulanýandygy sebäpli, energiýanyň arassa görnüşleriniň elýeter we arzan bolmagy mümkindir.

Energiýanyň ekologik taýdan arassa görnüşi üçin töleg

Gün, ýel we suw energiýasyndan işleýän energiýa ulgamlarynyň öýde gurnalmagy gymmat düşýär. Emma olar gurnalandan soň, olaryň işledilmegi we saklanylmagy gymmat däldir. Bugdaýy owradýan maşyn we suw sorujylary ýaly zähmeti tygşytlaýan elektroenjamlardan alnan girdeji we garaňky düşensoň hem işlemäge bolan mümkinçilik başda edilen çykdajyny doly ödeýär.

Döwletleriň köpüsinde hemme adamlaryň energiýanyň ekologik taýdan arassa görnüşlerinden peýdalanmak mümkinçiliginiň bolmagy ugrunda degişli işler alnyp barylýar. Energiýa tölegini hemmeleriň bilelikde amala aşyrmagy üçin oba birleşmeleriniň döredilmegi bu meseläniň çözgütleriniň biridir. Beýleki bir çözgüt – ownuk karzlar maksatnamalaryny kabul etmek (539-njy sah. ser.). Ownuk karzlaryň maksatnamalary maşgalalara tölegi birden amala aşyrman, uzak wagtyň dowamynda az-azdan tölemäge mümkinçilik berýär. “Täzelenip durýan karzyň goruna” tölenende, pul has elýeter bolup, adamlaryň köpüsine uzak wagtyň dowamynda öý energiýasyny gurnamaga kömek edýär.

Garyp ýurtlarda ýa-da oba ýerlerinde indi elektroenergiýa bilen üpjünçiligi bökdäp biljek hiç hili tehniki sebäpler ýokdur. Ol ýerlerde elektroenergiýanyň bolmazlygyna diňe ýaşaýyş-durmuş adalatsyzlygy sebäp bolup biler.

Energiýany saklamak

Energiýanyň islendik görnüşiniň gerek bolan wagtynda we möçberinde ulanyp bilinmegi üçin, ony saklamak gerekdir. Ulag serişdelerini herekete getirýän gaz ýa-da nebit awtoulagyň ýa-da awtobusyň baklarynda saklanylýar. Elektroenergiýany saklamak üçin bolsa batareýler ulanylýar.

Energiýa ýel, gün ýa-da suw ýaly arassa çeşmelerden alnanda hem, ol batareýlerde saklanylmalydyr. Batareýler köplenç energiýanyň ekologik taýdan arassa görnüşleriniň iň gymmat bölegidir. Mundan başga-da, olaryň düzüminde zäherli materiallar bolansoň, olar birnäçe ýyldan çalşylmalydyr. Häzirki döwre çenli elektroenergiýany saklamak üçin batareýlerden oňat usul ýokdur.



Energiýany paýlamak



Transformator

Hususy senagatyň we hökümetiň dolandyrýan uly elektrostansiýalary elektroenergiýany öndürip, ony ýokary kuwwatly geçirijiler arkaly dürli ýerlere paýlýarlar. Soňra tok transformatorlardan (togy öýlerde we şereketlerde ulanar ýaly, onuň güýjüni has ýokary derejeden peseldýän maşynlar) geçýär. Güýji pes tok maşynlary we yşyklandyryjylary işleder ýaly jaýlara, fabriklere, zawodlara çekilýär.

Elektroenergiýanyň köp görnüşiniň öndüriliş usullary daşky gurşawy hapalaýar. Onuň örän köp möçberde öndürilip, uzak aralyklara iberililmegi bolsa örän gymmat düşýär. Öndürilen energiýany paýlamagyň bu görnüşi örän gymmat bolansoň, kiçiräk şäherçeler özlerine tok geçiriji ulgamyň geçirilmegine uzak ýyllaryň dowamynda garaşmaly bolýar. Käwagt bu tok geçirijiler olara asla ýetmän hem bilýär. Şeýlelikde, öndürilýän elektroenergiýanyň köp bölegi senagatyň we şäherleriň paýyna düşýär.



Elektroenergiýany uzak aralyklara ýokary kuwwatly geçirijiler arkaly paýlamak örän gymmatdyr.

Ýeliň, günüň we suwuň ekologik taýdan arassa energiýasyny az mukdarda we has arzan bahadan öndürip bolýar. Ekologik taýdan arassa energiýany öndürilen ýerinden golaýda ulanmak has amatly bolýar. Energiýanyň ekologik taýdan arassa görnüşini ulanýan jemgyýetler öz hususy energiýa serişdelerini dolandyryp bilýär. Elektroenergiýa günden, suwdan ýa-da biogazdan öndürilende, ol gazylyp alynýan ýangyja we togy uzak ýerlerden daşaýan geçirijilere bolan garaşlylygy azaldýar.



Mundan başga-da, elektroenergiýanyň bu görnüşi energiýanyň akymyna gözegçilik edýän we nyrh kesýän hökümet edaralaryna ýa-da uly kompaniýalara garaşly bolmakdan azat edýär.

Ekologik taýdan arassa energiýa dürli çeşmeler arkaly öndürilende, has gowy işleýär. Bulutly howada günüň şöhlesi bolmasa ýa-da gurakçylyk döwründe ýagyn bolmasa, beýleki çeşmeler energiýany öndürip biler.

Gazylyp alynýan ýangyçlaryň ýakylmagy bilen öndürilen energiýa tok bilen birlikde hapaçylygy, mätäçligi, ýaýradýar. Arassa energiýa bolsa tok bilen birlikde garaşsyzlygy, öz güýjüňe bolan ynamy, durnuklylygy ýaýradýar.

Gün batareýleri arkaly işleýän oba hassahanalary

Birmadan uzakda, Tailandyň serhedine golaý ýaşaýan Karen obasynyň halky Birmanyň ýaragly güýçleri bilen yzygider çaknyşyklarda ýaşaýar. Şol sebäpli hem hiç bir hökümet guramasy ýa-da hökümete garaşly däl guramalar bu sebitde saglygy goraýyşy üpjün edip bilmeýär. Emma serhediň Tailanda degişli tarapynda bu halk sebitdäki 100 000 adam barada alada edýän 28-den hem köp hassahanany goldaýan sanitar toparlaryny döretdi. Sanitarlar söweşlerde ýaralanan adamlary bejerýärler we beýleki saglyk meselelerini çözýärler.

Döwlete garaşsyz iki guramanyň: Ýaşyl wekilçilik we Ýaşyl energiýanyň Serhet Topary atly toparlary serhede gün galkanlaryny we batareýleri getirdiler. Bu toparlar Karen obasynyň ilatyna, bosgunlara we sanitarlara batareýleri gurnamagy we olardan peýdalanmagy öwretdiler. Sanitarlar bu enjamlar bilen jeňňelden aşdylar. Indi söweş meýdanlaryň golaýyndaky 28 hassahananyň ählisinde yşyk, noutbuklary we halas ediş lukmançylyk enjamlaryny işletmek üçin elektroenergiýa bardy. Oba ilaty bolsa gün energiýa ulgamyny dikeltmegi we saklamagy başarýar.

Elektroenergiýany has oňat ulanmak

Energiýany öndürmek zerarly döreýän hapalanmany azaltmagyň birnäçe ýollary bardyr. Bu diňe energiýanyň arassa görnüşlerinden peýdalanmak bilen çäklenmeýär. Eger biz gündeki durmuşymyzda energiýany tygşytly ulansak, elektrostansiýalar ony köp öndürmeli bolmaz. Netijede bolsa hapalanma azalar.

Energiýany tygşytly ulanmak üçin, hökümet senagat önümçiliginiň has arassa usullaryndan peýdalanylmagyny (458-nji sah.) ýola goýmaly, elektrostansiýalary we tok geçirijileri kämilleşdirmeli.

Galyndylary we sarp edijiligi azaldyň

Elektroenergiýany köp sarp edýän adamlar we senagat pudaklary ony ulanmaklaryny azaltsalar, gazylyp alynýan ýangyjyň ulanylmagy hem azalar. Fabrikleriň, kompaniýalaryň we şäherlerde ýaşaýan adamlaryň energiýadan has netijeli peýdalanmaklaryny goldap, hökümet toguň tygşytly ulanylmagyny üpjün edip biler. Energiýadan az peýdalanylsa, energiýany öndürmegiň bahasy, daşky gurşawa we adam saglygyna ýetirilýän zyýan azalýar.

Elektroenergiýadan aşa köp peýdalanýan senagat pudaklaryna hökümet has ýokary salgyt salyp ýa-da olardan töleg talap edip biler. Hemmeler tokdan birbada peýdalanmaz ýaly, hökümet onuň günüň dowamynda belli wagt ulanylmagyny ýola goýup biler.

Elektroenergiýany öndürýän iri korporasiýalar hem beýleki kompaniýalar ýalydyr. Olar näçe köp öndürip satsalar, şonça-da köp girdeji alýar. Gazylyp alynýan ýangyçdan elektroenergiýanyň aşa köp öndürilmegi zerarly biziň saglygymyza we daşky gurşawa zyýan ýetýändigi sebäpli, energokompaniýalar giňeldilmeli däldir.

Bar bolan elektrostansiýalary we tok geçirijileri gowulandyryň

Tok geçirijiler energiýany öndürilýän ýerinden onuň ulanylýan ýerine daşaýarlar. Elektroenergiýa tok geçirijilerden suwuň turbalardan akyşy ýaly hereket edýär. Deşilen turbanyň suwy boş sarp edişi ýaly, gözegçilik edilmeýän tok geçirijiler hem energiýany boş sarp edýär. Ýaramaz hilli tok geçirijiler köp energiýany biderek sarp edýär.

Tok geçirijileriň abatlanmagy energiýanyň has köp bölegini saklaýar.

Bar bolan elektrostansiýalar hem has arassa we howpsuz energiýany öndürmek üçin kämilleşdirilmelidir. Elektrostansiýalaryň gowulandyrylmagy täzeleriň gurulmagyna garanda arzan düşýär, adamlara we daşky gurşawa az zyýan ýetirýär.

Daşamak

Elektroenergiýa bilen bir hatarda dünýäde iň köp ulanylýan energiýa otlular, uçarlar, ýük daşaýan ulaglary we awtoulaglar üçin ulanylýan ýangyç energiýasydyr. Elektroenergiýa babatda bolşy ýaly, baý ýurtlaryň ilaty ulag üçin ýangyjy hem garyp ýurtlara garanda has köp ulanýar. Ulag serişdeleriniň ýakýan ýangyjy zerarly döreýän hapalanma demgysma, bronhit, düwnük (rak) ýaly keselleriň döremeginiň we dünýä möçberindäki maýlamanyň iň esasy sebäbidir.

Ýangyjyň az ýakylmagy we ulag serişdeleriniň adalatly ulanylmagy üçin, baý ýurtlaryň, esasanam Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň ilaty hususy ulaglaryndan däl-de, jemgyýetçilik ulaglaryndan (otlular, awtobuslar) köp peýdalanmalydyr. Şäherlerde daşamak ulgamyny ulaglaryň deregine welosipedler amala aşyrmalydyr.

Ösümliklerden alynýan ýangyç bilen bagly mesele



Awtoulagyň herekete getirijisi (dwigatel) oýlanyp tapylanda, ol ösümlik ýagy ýa-da alkogol ýaly ösümlik ýangyjy bilen işledilýärdi. Emma nebitiň önümçiligi arzanlansoň, nebit we dizel ýangyjy (ikisem nebitden alynýar) awtoulaglar, motosikller, ýük ulaglary, uçarlar üçin esasy ýangyç hökmünde ulanylyp başlandy. Ösümlik ýangyjynyň ulanylmagyna päsgel bermek üçin, nebit senagaty örän güýçli depginlerde işläp başlaýar.

Häzirki döwürde, nebit ýene-de gymmatlap başlanda, ýurtlaryň köpüsi ösümlik ýangyjyna dolanyp gelýär. Palmadan, soýadan, mekgejöwenden ýa-da beýleki ösümlik ýaglaryndan alynýan ýangyja “bioýangyç” ýa-da “agroýangyç” diýilýär. Bu oňat çözgüt bolup görünýär, sebäbi bu ekinler her ýyl hasyl beryär. Aslynda welin agroýangyjyň döredýän kynçylyklary az däldir. Olara şular degişli:

- Bioýangyjy öndürmek üçin sarp edilýän önümleri iýmit üçin ulanyp bolýar. Emma ösümlikleriň ýangyç üçin ulanylmagy azyk we ýangyç ulgamlarynyň arasynda başdaşlyk döredýär. Bu bolsa adamlaryň açlyga sezewar bolmagyna sebäp bolýar. Şonuň üçin-de, biz iýmiti ýangyja öwürmeli däl.
- Gazylyp alynýan ýangyjyň mukdaryny azaltmagyň esasy maksady dünýä möçberindäki maýlamany artdyrmazlykdyr. Emma bioýangyç üçin ýeterlik mukdarda däneli ösümlikleri öndürmek, hasyly işlemek, alnan önümi adamlara ýetirmek üçin köp mukdarda ulaglary we nebit dökünlerini talap edýär. Netijede, bioýangyç öz öndüren energiýasyndan köp energiýany sarp edýär. Boiýangyç dünýä möçberindäki maýlamany nebitden-de köp artdyrýar!
- Bioýangyç üçin däneli ekinleri ekmek üçin, uly meýdanlar arassalanyp, dünýä möçberindäki maýlamany artdyrýan kömürturşy gazy özüne siňdirýän agaçlar ýok edilýär. Mysal üçin, ýangyjyň palma ýagyndan öndürilmegi hem hut dizel ýangyjy ýaly, daşky gurşawa zyýan ýetirýär.

Kiçi bentler

Kiçi bentler energiýany akar suwdan ýa-da ygaldan almak üçin ulanylyp bilner (kiçi desgalaryň ulanylmagyna kiçi gidroenergetika we mikrogidroenergetika diýilýär). Derýalarynda ýeterlik mukdarda suw bolan ýerlerde mikrogidroelektroenergetika oba ilatyny tok bilen üpjün etmegiň iň arzan usulydyr. Bu taslamalary oba ýaşaýjylary dolandyryp we amala aşyryp biler. Hytaýda, Hindistanda we Nepalda gidroelektroenergiýanyň kiçi taslamalarynyň müňlerçesi obalary we şäherleri energiýa bilen üpjün edýär.



Derýadaky suw aşaklygyna turbina akýar we soňra yzyna dolanýar.

Gidroelektroenergiýanyň kiçi taslamalarynda suw derýalardan we çeşmelerden turba arkaly ýapaşaklygyna akýar. Turbadan akýan suw turbinany aýlaýar we soňra derýa dolanýar. Kiçi bentler uly bentlere garanda adamlary başga ýerlere göçmäge mejbur etmeýär we derýanyň akymyny üýtgetmeýär. Suwy turbina gönükdirmek üçin, mikrogidroenergetika taslamalary beýikligi diňe birnäçe metr bolan bentlerden peýdalanýar.

Elektroenergiýany öndürmek üçin, suw turbinany aýlaýar.



Mikrogidroenergetika adamlary hyzmatdaşlyk üçin birleşdirýär

Uzak ýyllara çeken uruşdan soň, Nikaraguanyň ilaty ekin meýdanlaryny, suw ulgamlaryny, mekdepleri we klinikalary dikeltmek bilen meşgullanýar. Uruş ýyllaryndan soň ýurt örän garypdy. Hökümet oba ilatynyň köpüsini elektroenergiýa bilen üpjün edip bilmeýärdi.

La-Pita obasynda hiç hili tok ýokdy. Iň ýakyn hasaplanýan tok geçirijiler 70 kilometr uzaklykda ýerleşýärdi. La-Pitiň ýaşaýjylary garşylykly taraplarda söweşýärdiler. Bu bolsa ilatyň mätäçlikleriniň öwezini doljak taslamalary amala aşyrmaga päsgel beryärdi. Emma garşydaş toparlar mekdebi we klinikany bilelikde guranlaryndan soň, oba tok geçirmek kararyna gelýär.

Oba ýaşaýjylary La-Pitany tok bilen üpjün etmeklerini haýyş edip, Benjamin Linderiň oba işçileriniň ösüş Assosiasiýasyna ýüzlendiler. Oba derýanyň golaýynda ýerleşýändigi sebäpli, La-Pita mikrogidroelektroenergiýanyň taslamasy üçin örän oňaýly ýerdi. Ösüş Assosiasiýasynyň işgärleri oba adamlaryna taslamany gurnamaga, olara pul serişdelerini beren we tehniki endiklerini öwreden Ýaşyl Ygtyýarlylyk atly kiçiräk halkara gullugynyň goldawyny almaga kömek etdiler.

Oba ilaty uzak wagtyň dowamynda bile işläp, kiçiräk bendi we turbinany gurdular. Indi olar oba adamlarynyň dört ýüzüsini tok bilen üpjün edýär. Elektroenergiýadan ýaşaýyş jaýlarynda, oba mekdebinde, iki agaç ussahanasynda we ýerli oba hojalyklarynda peýdalanylýar. Elektrik stansiýa gurnalanda we işe girizilende, ýerli ýolbaşçylar ulgamy dolandyrmak we oňa gözegçilik etmek boýunça assosiasiýany döredip, onuň La-Pita üçin peýdalydygyna ilaty ynandyrdy. Ozal adamlaryň arasynda tok barada gapma-garşylykly pikirleriniň bolandygyna garamazdan, häzirki wagtda onuň öndürilmegine bolan jogapkärçilik hemmeler tarapyndan deň paýlanyldy. Milli tok geçirijilerden uzakda ýerleşýän La-Pita obasynyň indi öz energiýasy bar.

Ýel energiýasy

Ýel energiýasy ýüzlerçe ýylyň dowamynda suwy ýokaryk çykarmak we bugdaýy üwemek üçin ulanylypdyr. Soňky ýyllarda ýel Ýewropada, Demirgazyk Amerikada, Hindistanda, Hytaýda, Günorta Afrikada we Braziliýada elektroenergiýany öndürmek üçin ulanylýar. Ýeliň güýji perleri aýlanda, uly we kiçi ýel degirmenleri energiýany öndürýär. Köp mukdarda energiýany öndürmek üçin ulanylýan gazylyp alynýan ýangyjyň deregine ýel energiýasyny ulanmaklyk arzan we iň oňat usuldyr. Iri möçberli ýel taslamalary köplenç milli elektrik geçirijilerine birigýär. Ýel energiýasynyň oňat öndürilmegi üçin hemişe güýçli ýelleriň bolmagy zerurdyr.

Kenarýakanyň töwerekleri, açyk düzlükler we dag geçelgeleri ýel energiýasyny öndürmek üçin iň oňaýly ýerlerdir. Köp ýerlerde ýel hemişe bolmaýar. Ýel turbinalary energiýanyň saklanylmagyny ýa-da energiýa ulgamlarynyň ätiýaçdan saklanylmagyny talap edýär (gün galkanlary ýa-da gaz generatorlary).

Kiçi möçberli ýel energiýasy

Dünýäniň käbir ýerlerinde ýel turbinalary ýaşaýyş jaýlaryndaky batareýleri işletmek üçin ulanylýar. Ýel energiýasy hemişe ýel bolmagyny talap edýär, şol sebäpli hem turbinalary saklamak we gurnamak üçin, olary ölçäp durmalydyr. Olaryň gymmat bolmagy hem ähtimaldyr. Mümkin, öý ýa-da oba üçin bu iň gowy energiýa däldir. Ilki göräýmäge ýel energiýasy gün energiýasyndan has gowy ýalydyr, sebäbi ýel turbinalary gün galkanlaryndan arzan bolup biler. Emma wagtyň geçmegi bilen ýel turbinalary abatlaýşa mätäç bolýar.



Gün energiýasy

Siz güneşli howada bedeniňiziň ýa-da öýüňizdäki howanyň gyzýandygyny duýýaňyzmy? Eger duýýan bolsaňyz, bu gün energiýasynyň täsir edýändiginiň alamatydyr. Gün energiýasyny netijeli ulanmagyň birnäçe usuly: suwy gyzdyrmak (538-nji sah. ser.), suwy howpsuzlandyrmak (98-nji sah. ser.), nahar taýýarlamak ýa-da öýi ýylatmak (378-nji sah. ser.) ýaly usullary bardyr. Gün energiýasyny tok öndürmek üçin hem ulanmak bolýar.



Jaýyň üçegindäki gün galkanlary gün energiýasyny toplaýarlar.

Gün energiýasy günüň ýagtysyny alyp, ony elektroenergiýa öwürmek üçin gün galkanlarynyň ýa-da gün batareýleriniň ulanylmagyny talap edýär. Bulutly howada gün şöhleleriniň ýere düşmeýändigi sebäpli öndürilen energiýa yşyklandyrmak, herekete getirijileri we beýleki maşynlary işletmek üçin ulanmazdan öň batareýalarda toplanylmalydyr.

Gün galkanlaryny, batareýleri we beýleki bölekleri talap edýänligi sebäpli, gün energiýasynyň ulgamyny gurnamak gymmat bolup bilýär. Ýöne günüň ýagtysy mugt we ol üznüksiz täzelenip duryar. Gün ulgamy gurnalandan soň, ony işletmek we dolandyrmak serişdäni köp talap etmeýär. Her 3-5 ýyldan batareýleriň we döwlen gün galkanlarynyň çalşylmagy – gün ulgamyny dolandyrmagyň iň çykdajyly bölegidir.

Gün elektrik ulgamynyň bölekleri



Güne gyzan suw

Günüň köp bolan ýerlerinde gün energiýasy köplenç suwy içmek we suwa düşmek üçin gyzdyrmak maksady bilen ulanylýar. Güne gyzýan suw gün galkanlaryny we gymmat enjamlary talap etmeýär. Gerek bolan bar zatlar – suw gaby we gün şöhlelerini özüne has gowy çeker ýaly, gara reňk çalnan turba.

Aram klimatda suwy gyzdyrmak üçin gün kollektorlary zerurdyr. Olar ýönekeý suw gyzdyryjylardan gymmat, ýöne suwuň täzelenmeýän serişdeler bilen gyzdyrylmagyndan we elektroenergiýa üçin gün panellerinden arzandyr.

Ýönekeý suw gyzdyryjy



Üçekde ýa-da ýere gün düşýän ýerde ýerleşdirilen gün suw gyzdyryjysy



Mikrokredit gün energiýasyny maliýeleşdiräär



Şri-Lankanyň obalaryndaky öýleriň köpüsi elektroenergiýanyň milli ulgamy bilen bagly däldir. Ýöne tropik ýurtlaryň köpüsinde bolşy ýaly, Şri-Lanka adasynda gün ýagtysy köpdür. 1991-nji ýylda gün energiýasynyň gaznasy atly gurama (GEG) adamlara günüň şöhlesini ulanyp, elektroenergiýany öndürmäge kömek etmek üçin Şri-Lanka gelýär.

Olar gün energiýasynyň ulgamlaryny adamlara mugt berip bilmeýärdi. Şol sebäpli GEG adamlar bu ulgamlar üçin tölär ýaly usul oýlap tapdy. Şri-Lankanyň telekeçilige degişli bolmadyk guramasy bilen olar "gün birleşmesini" döretdiler. Bu birleşme mikrokredit gaznasyny döretdi. Adamlar gün ulgamyny gurnamak üçin, öňünden biraz pul geçirip, soňra 8 ýylyň dowamynda her aýda gazna az-azdan galanyny tölediler. Gaznanyň ýaýbaňlanýandygy sebäpli, maşgalalaryň köpüsi öz gün ulgamlary üçin tölemäge ondan pul alýardy. 5 ýylyň dowamynda 48 maşgala mikrokredit gaznasyna öz pullaryny goýdular. Bu bolsa ýene-de 25 maşgala gün ulgamlaryny almaga mümkinçilik berdi.

Şu üstünligei bil baglap, GEG Şri-Lankadaky hökümete garaşsyz Sarwodaýa guramasy (onuň 3 million agzasy bar) bilen işleşip başlaýar. GEG we Sarwodaýa ýüzden hem gowrak obany gün energiýasy bilen üpjün eden "Gün çesmesi" atly maksatnamany ösdürdiler.

Maksatnamanyň çäklerinde medeni we köpçülikleýin çäreleriň geçirilýän jaýlarynda, mekdeplerde we budda buthanalarynda görkezmek üçin gün ulgamlary gurnalýardy. Soňra GEG Sarwodaýanyň agzalaryna gün ulgamlaryny almaga kömek bermek maksady bilen mikrokredit gaznasyny döredýär. Maksatnama 300 sany öý hojalygyndan başlandy. Birnäçe ýyldan soň ähli zat şeýle şowly bolansoň, Sarwodaýa "millionynjy jaý" üçin gün maksatnamasyny meýilleşdirip başlady.

Şri-Lankanyň oba ýerlerindäki müňlerçe jaýda indi gün energiýasy bar. Mikrokredit arkaly tiz wagtda ýene-de müňlerçe adam gün energiýasyndan peýdalanyp biler. Bu ugurda işlemeklerini dowam etseler, bir gün Şri-Lanka dünýäde gün energiýasynda işleýän milletleriň ilkinjisi bolup biler.

Biomassa energiýasy

Köp ýurtlarda biomassa (haýwanlaryň we ösümlikleriň galyndylary) adaty öý energoserişdesidir. Biomassanyň energiýasy ýananda ýa-da çüýrände, biogaz (tebigy gaz) emele gelýär. Ösümlik biomassasynyň öwezi dyngysyz dolunýar, emma ol ýangyç hökmünde ýakylanda, saglyk meseleleriniň we dünýä möçberindäki maýlamanyň döremegine sebäp bolýar. Siz odun ýa-da sygryň dersini ýakanyňyzda, biomassa energiýasyny az möçberde ulanýarsyňyz.



Biomassa energiýasy üçin umumy serişdeler

Uly möçberdäki ekiniň galyndylary elektroenergiýany öndürmek üçin ulanylyp bilner. Mysal üçin, Kubada gant çiňrigi ýygnalandan we gant öndürmek üçin üwelenden soň, onuň çybyklary ýakylyp, elektroenergiýa öndürilýär. Şeýle usul bilen şalynyň şulhasyndan, agaç galyndylaryndan we biomassanyň beýleki görnüşlerinden peýdalanmak bolar. Biomassa täzelense-de, hasyl galyndylarynyň ýakylmagyndan döreýän hapalanma ýerli ilatyň saglygy we daşky gurşaw üçin zyýanlydyr.

Biogaz

Organiki madda çüýrände, biogaz emele gelýär. Biogaz ýapyk gapda bolsa, ol nahar taýýarlamak üçin pessejik ody, gyzdyrmak, yşyklandyrmak, suwy ýokaryk çykarmak, herekete getirijileri we oba hojalyk enjamlary üçin energiýany döredip biler. Adamlardan, haýwanlardan we ösümlik galyndylaryndan energiýany öndürip, biogaz gerekmejek önümleri daşky gurşawa we ýerli ilatyň saglygyna peýdaly serişdelere öwürýär. Biogazy organiki maddalaryň köp görnüşlerinden öndürip bolýar:

- haýwanlaryň dersinden we peşewinden;
- adamyň nesajaty we peşewi;
- et, gan, süňk ýaly iýmit galyndylary we ösümlik galyndylary;
- hasyl galyndylary, saman, ýapraklar, agajyň gabygy, şahalar ýaly ösümlik bölekleri.

Biogaz göze görünmeýär we onuň ysy bolmaýar. Ol ýakylanda arassa gök alawy emele getirýär. Nahar taýýarlamak üçin agaç ýaly gaty ýangyjyň deregine biogazyň ulanylmagy öýdäki tüsse zerarly döreýän keselleri (17-nji baba ser.) we agaçlaryň ýangyç üçin ulanylmagyny azaldýar. Biogazyň ýakylmagyndan galýan materialy ýokary hilli dökün ýaly ulanmak bolýar. Ýakylýan biogaz dünýä möçberindäki maýlamany artdyrmaýar, klimaty üýtgetmeýär.

Biogazyň kiçiräk enjamyny ýasamak

Biogazy öndürmek üçin niýetlenen enjamyň taslamasy sizdäki galyndylaryň mukdaryna we hiline, howa şertlerine we elýeter gurluşyk materiallaryna baglydyr. Haýwan we ösümlik galyndylarynyň dürli görnüşleri gazy dürli mukdarda öndürýärler, şol sebäpli hem biogazy öndürmek üçin näçe haýwanyň gerek boljakdygyny aýtmak kyn bolýar.

Sygyrlaryň, doňuzlaryň, towuklaryň, hatda adamlaryň galyndylaryndan bolan dökün biogaz öndürmek üçin ulanylyp bilner. Sygyrlar has köp ders öndürýär we biogaz üçin iň oňat çeşme bolup durýar. Nahar taýýarlamak üçin günde ýeterlik ýangyç bolar ýaly (iki gözli peji 5 sagat ýakmak üçin) 4 ýa-da 5 sygyr gerek bolar. Biogaz öndürýän enjamy ýasamazdan öň, sizde energiýany öndürmek üçin ýeterlik galyndylaryň bardygyna göz ýetiriň.



Biogaz oba ilatyny energiýa bilen üpjün edýär

Nepalda adamlaryň köpüsi beýik daglaryň arasyndaky, dag eteklerindäki we giň jülgelerdäki uzak obalarda ýaşaýar. Garyplyk we ýeriň üstüniň büdür- südürligi ýurdy elektroenergiýa bilen üpjün etmäge hökümete mümkinçilik bermeýär.

Bu millet oba hojalygy bilen meşgullanansoň, Nepaldaky hojalyklaryň köpüsinde iri şahly mallar bar. 1990-njy ýylda Nepalyň hökümeti iri şahly mallaryň dersini suw bilen garyp, biogaz öndürip boljakdygyna göz ýetirýär. Bu bolsa oba ýaşaýjylaryny ýylylyk, yşyklandyrma we arzan ýangyjy öndürmäge gerek bolan energiýa bilen üpjün etmäge mümkinçilik berer. Germaniýanyň we Gollandiýanyň hökümetleriniň goldamagy bilen olar Biogazy Goldamagyň Maksatnamasyny (BGM) tassyklady.

Bu maksatnamanyň esasy maksady – biogaz bilen mümkin boldugyça köp jaýlary üpjün etmek. BGM biogazyň arzan, netijeli we saklamak üçin oňaýly ulgamynyň taslamasyny düzýär. BGM işgärleri mätäçlere kömek etmegiň maksatnamasyny amala aşyryp, oba ýaşaýjylaryna biogazdan peýdalanmagy öwretdiler we onuň peýdasyny düşündirdiler. Şeýle hem olar maşgalalara biogaz ulgamyna tölemäge kömek etmek üçin, mikrokredit maksatnamasyny işe girizdi.

Ilkinji iki ýylyň içinde biogazyň 6000 ulgamy gurnaldy. Maksatnamanyň örän netijeli bolandygy sebäpli, indiki 10 ýylyň içinde 100 000 ulgam gurnaldy. 2010-njy ýyla çenli hökümet 200 000 biogaz ulgamyny gurnamagy maksat edindi.

Nepalyň ähli obalaryndaky maşgalalar nahar taýýarlamak, ýylylyk we yşyklandyrmak üçin biogaz ulanýarlar. Biogaz ulanylanda, her bir hojalyk ýylyň dowamynda 4 tonna oduny we 32 litr kerosini tygşytlaýar. Biogaz öndürýän desganyň her biri daýhanlaryň hasyly gowulandyrmak üçin ulanýan dökünleriniň 5 tonnasyny öndürýär. Biogaz arkaly Nepaldaky maşgalalaryň köpüsi has sagdyn bolup, ýylylykda ýaşaýarlar, ýangyjyň daşky gurşawy hapalaýan we weýran edýän görnüşlerini ulanmaýarlar.

Welosipediň energiýasy

Käbir maşynlar welosipediň adam energiýasynyň hasabyna hereketlendirilýär.

Welosiped – haçah-da bolsa bir wagt oýlanyp tapylan maşynlaryň iň beýigi bolsa gerek. Welosiped diňe adam energiýasyny ulanyp hereket edýär we ol adam saglygy we daşky gurşaw üçin juda peýdalydyr. Mundan başga-da adam güýjüniň, ýagny energiýasy diňe welosiped üçin ulanylman, eýsem maşynlaryň beýleki görnüşlerini hereketlendirmek üçin ulanylyp bilner.



Welosipede batareýleriň birikdirilmegi çyrany ýakyp, telewizory we beýleki maşynlary işledip biler.

Maýýa Pedal welosipediniň energiýasy

1997-nji ýylda Gwatemalanyň Çimaltenango şäherinde käbir adamlar durnukly ösüşi öňe sürmek maksady bilen topar döredýärler. Topar welosiped energiýasy arkaly oba hojalygynyň durmuş ykdysadyýetini we daşky gurşawy goramagy we sagdyn durmuşy wagyz edýän “Maýýa Pedal” atly hökümete degişli bolmadyk guramany çagyrýar.

Olar obalylara gerek bolan maşyny herekete getirjek welosipedi gurmak üçin, onuň ulanylýan böleklerini ýygnamakdan başlady. “Maýýa Pedal” welosipedi satyn almak isleýänleriň ähliside satýardy. Durnukly ösüşiň taslamalaryny amala aşyrmaga girişýän toparlar üçin bu welosipedler örän arzan bahadan satylýardy.

Aýallar öz baglarynda ösýän aloe weradan şampun öndürmek üçin blenderleri işledip biljek welosipedi soraýardy. Şampun öndürmekden alan girdejileriniň hasabyna olar öz maşgalasyny ekleýärler, öz şäherlerindäki tokaý toplumlaryny dikeltmek boýunça taslamany maliýeleşdirýärler. Beýleki bir topar bugdaý degirmenini işletjek welosipedi sorady. Olar ýerli ilata arzan bahadan satmak üçin iým taýýarlamak maksady bilen dänäni üwejek degirmeni ulanýar. Adamlar ähli ýerde welosipediň energiýasyndan peýdalanmagyň döredijilikli ýollaryny tapdy. (Welosiped energiýasy arkaly bormaşyny işledýän adamlaryň suratyny görmek üçin, “Diş lukmanyň ýok ýerinde” atly kitabyň 151-nji sah. ser.)

GOŞUNDY A:
HOWPSUZLYK WE ADATDAN DAŞARY ÝAGDAÝLAR



Iş ýeriňizde, köpçülik ýerlerinde, öýde howply maddalara sezewar bolanyňyzda ýa-da olar bilen işläniňizde, mümkin boldugyça howpsuzlygy berjaý etmeli we ýüze çykaýjak heläkçiliklere taýýar bolmaly. Şu bölümde aşaky mowzuklara degişli maglumatlar bar:

- adatdan daşary ýagdaýlar üçin howpsuzlyk meýilnamasyny düzmek;
- dermanhanajyk;
- gorag geýimleri we enjamlar;
- gorag maskalary;
- dökülen himiki maddalar;
- himikatlar zerarly dörän şikeslenmeleriň bejerilişi;
- ýanyklaryň bejerilişi;
- şok;
- emeli usulda dem bermek (agyzdan agza dem bermek).

Şu ýerde berlen maglumatlar size adatdan daşary ýagdaýlara taýýar bolmaga kömek eder. Ýöne bu tiz lukmançylyk kömegiň doly gollanmasy däldir. Doly taýýarlygy geçmek üçin, tiz kömegi bermegiň usullaryny we himiki şikeslenmeleri bejermegiň usullaryny öwreniň. Tiz kömek boýunça gollanmany alyp, onuň mazmunyna düşüniň, saglygy goraýşyň işgärlerinden howpsuzlyk meýilnamasyny kämilleşdirmekde kömek bermeklerini soraň.

Adatdan daşary ýagdaýlaryň howpsuzlyk meýilnamasyny düzmek

Adatdan daşary ýagdaýlarda ýa-da heläkçilikde nähili hereket etmelidigini bilmek goranyş enjamy we dermanhanajygyň gerek bolşy ýaly wajypdyr. Zäherli taşlanma, suw almalar, ýangynlar, apy-tupan ýa-da beýleki adatdan daşary ýagdaýlar üçin howpsuzlyk meýilnamasy her bir işgärler toparynda we iş ýerleriň ählisinde düzülmelidir. Hassahanalaryň ýa-da lukmançylyk klinikalarynyň telefon belgilerini we salgysyny merkezlerde asyşdyryp goýuň. Demanhanajyklaryň we beýleki ätiýaçlyk serişdeleriň nirede ýerleşýändigini we olardan nädip peýdalanmalydygyny hemmeleriň bilýändigine göz ýetiriň. Şeýle hem howpsuzlyk meýilnamasyna aşakdakylary girizmek bolar:

- ýaralanan we näsag adamlary hassahana eltmegiň meýilnamasyny düzmek we adatdan daşary ýagdaýda ulanyljak ulag serişdeleriniň sanawyny taýýarlamak;
- ýygnanyşmak üçin merkez, mysal üçin, köpçülikleýin we medeni çäreleriň geçirilýän ýeri, mekdep ýa-da metjit;
- arassa agyz suwuň ätiýaçlyk çeşmesi;
- hökümet işgärlerini we köpçülikleýin habar beriş serişdelerini kömege çagyrmak üçin telefon ýa-da radio;
- başga ýere göçürilende kömege mätäç gartaşan adamlaryň, maýyplaryň ýa-da jemgyýetdäki beýleki adamlaryň sanawy.

Adatdan daşary ýagdaýlaryň dürli görnüşleri dürli garaýyşy talap edýär. Jemgyýetiňize ýetiriljek zyýana düşünmek we olara taýýar bolmagy öwrenmek her bir howpsuzlyk meýilnamanyň iň wajyp bölegidir.

Dermanhanajyk

Adatdan daşary ýagdaýlarda bejergini üpjün etmek üçin her bir iş ýerde, lukmançylyk bölüminde, medeni we köpçülikleýin çäreleriň geçirilýän ýerlerinde dermanhanajyk bolmalydyr. Dermanhanajyga suw, tozan we himikatlar geçmez ýaly, ony agzy berk ýapylýan gaty gutudan ýasaň. Işgärler toparynyň ähli agzalarynyň, şol sanda täze gelen işgärleriň dermanhanajygyň nirede ýerleşýändigini we ondan nädip peýdalanmalydygyny bilýändiklerine göz ýetiriň.

Dermanhanajyga näme salmaly



Ýaralanan ýa-da syrkaw adamyň üstüni ýapar ýaly ýorgan



Bulgurlar



Iki litr agyz suwy

Aktiwirlenen agaç kömri (258-nji sah. ser.)



Hapalanan ýagdaýynda çalşyrynmak üçin ätiýaçlyk egin-eşikler



Duz (kimdir biri zäher ýuwdan bolsa, ony gaýtartmak üçin, duzy suwa goşmaly, 257-nji sah. ser.)



Töwerekde ýa-da iş ýerlerde ulanylýan himikatlaryň we olaryň saglyga ýetirýän zyýanynyň sanawy. Pestisidler bar bolsa, onda olaryň haýsy ekinler üçin ulanylandygynyň sanawy.

Emeli dem bermek üçin kise maskasy, mata bölegi ýa-da 3-4 gat eplenen hasa.



Ýaralary daňmak üçin arassa hasalar ýa-da mata.

Zäherlenmä garşy ulanmak üçin niýetlenen dermanlaryň etiketkasynda olaryň haýsy pestisidlere we himiki maddalara garşy ulanylmalydygynyň sanawy görkezilmelidir.

Dürli işçiler topary we iş ýerleri tiz kömegiň aýry-aýry görnüşlerini talap edýär. Siziň töweregiňizde bolup biläýjek adatdan daşary ýagdaýlary çaklap, dermanhanajygyňyzy oýlanyşykly saýlaň. Siz pestisidler ýa-da beýleki himikatlar bilen iş salyşýan bolsaňyz, onda zäherlenmede haýsy dermanlaryň ulanylmalydygyny bilmek üçin, olaryň gabyndaky ýazgylary okaň.



Hasalary, zolaklary we plastik dolaglary kesmek üçin pyçak ýa-da gaýçy



Aýna gyýyklary we döwlen zatlaryň böleklerini aýyrmak üçin jüpdek



Tiz kömek boýunça gollanma

Döwük süňkleri gymyldatman saklamak üçin berkidiji seýikler we taýaklar

Bir bölek sabyn

Antibiotik göz melhemi



Ýaralary arassalamak üçin antiseptik melhem



Iki jübüt rezin ýa-da polietilen ellik

Derini ýuwmak we dökülen himikatlary siňdirmek üçin arassa mata

Elýeter telefondan gyssagly jaň etmek üçin ýygyndynyň gapagyna ýelmenen žetonlar ýa-da telefon kartasy



Ýaralanan ýa-da syrkaw adamy götermek üçin tagta, zemmer we ýorgan

Gorag egin-eşikler we enjamlar

Zyýanly materiallar (serişdeler) bilen iş salyşýan her bir adam gorag egin-eşikleri geýmelidir (şahsy gorag esbaplary). Işgärleri gorag esbaplar bilen korporasiýalar, kompaniýalar ýa-da iş berýän adamlar üpjün etmelidir. Işçiler özleriniň gorag esbaplar bilen üpjün edilmegini, şol esbaplaryň ýagdaýyna gözegçilik edilmegini, işçileriň saglyga we howpsuzlyga bolan hukuklarynyň sylanylmagyny iş bilen üpjün edýän adamlardan talap etmelidirler.

Adamlary gorap biler ýaly, gorag egin-eşikleri talaba laýyk bolup, oňat saklanylmalydyr. Garyp ýurtlarda gorag egin-eşikleriň 3 görnüşi bar diýilýär: aşa uly, aşa kiçi we ýyrtylan. Siziň gorag egin-eşikleriňiz bolmasa, öl geçirmeýän plaş geýip ýa-da polietilen paketlerden gorag egin-eşikleri ýasap bilersiňiz. Uly polietilen paketde kelläňizi, el-aýagyňyzy çykarar ýaly deşik ediň, beýleki paketleri eliňizi we dabanyňyzy dolamak üçin ulanyň. Şu surat gorag esbaplaryň zyýanly materiallaryň köpüsinden gorap biljekdigini görkezýär. Hemme iş ýerler we materiallar (serişdeler) bu esbaplaryň ählisini talap etmeýär. Käbir işler ýerine ýetirilende, ýöriteleşdirilen egin-eşikler we enjamlar gerek bolýar.

Pestisidleriň täsirine sezewar bolýan oba hojalyk işgärleri şulary geýmelidir:



Ýüze dakylýan maska ýa-da respirator bolmasa, adamlar köplenç ýaglyk ýa-da şarf ulanýar. Ýöne pestisidler çygly ýa-da derli ýaglyga ýa-da şarfa ýelmeşip galýar. Bu hiç hili goragyň ýoklugyndan hem howpludyr.

Siz ýaglyk ýa-da şarf ulanýan bolsaňyz, olary ýygy-ýygydan ýuwup, guradyp duruň we olaryň oňat kömek etmeýändigini unutmaň.

Nebiti gazyp alýanlar we şahtaçylar aşakdakylary geýseler, has gowy goranýar:



Galyndy ýygnaýan adamlar, hassahanalarda, klinikalarda we beýleki saglygy goraýyş gulluklarynda işleýän lukmançylyk işgärleri şulary geýmelidir:

Gorag egin-eşikleri we esbaplary diňe arassa bolanda gorap bilýär. Her gezek ulananyňyzdan soň, ellikleri, maskalary, äýnekleri, beýleki egin-eşikleri we esbaplary ýuwuň, sizden soň olary ulanjak adamy hapa egin-eşik geýmekden goraň.

Gorag maskalary

Zäherli himikatlardan we tozandan dem almakdan goranmagyň iň oňat usuly oňat şemallatma we himikatlara garşy gorag maskasydyr. Siz himikatlar zerarly özüňizi ýaramaz duýýan bolsaňyz, bu siziň maskaňyzyň gowy goramaýandygyny ýa-da beýleki bir zäherli himikatyň başga ýol bilen size täsir edýändigini aňladýar.

Ýeňil matadan ýa-da kagyzdan ýasalan maska

Bu maska biraz tozany geçirmän saklap biler. Emma ol size himiki bugdan dem almaga päsgel bermez. Bug kagyzdan we matadan, giň maskanyň mäkäm ýapmaýan gyralaryndan geçýär.

Gysyp durýan kagyz maska

Bu maska sizi tozandan gorar. Maska siziň ýüzüňizde jebis oturmaly. Emma ol sizi himiki bugdan dem almakdan goramaz. Bu maskalar tiz hapalanýar we sürtülýär, halparandan soň, olary çalyşmaly bolýar.

Tozandan goraýan plastik maska

Ýeňil matadan ýa-da gaty kagyzdan ýasalan maska garanda, bu maska tozandan has gowy goraýar. Maska siziň ýüzüňizde jebis oturmaly. Emma ol hem sizi himiki bugdan gorap bilmez.

Rezin respiratory

Süzgüçli rezin maskalar himiki bugdan dem alynmagyna päsgel berip biler. Ol siziň ýüzüňizde deriniň we maskanyň arasynda yş galmaz ýaly jebis oturmaly. Size dürli himikatlar üçin dürli süzgüçleriň gerek bolmagy we olary ýygy-ýygydan çalyşmaly bolmagyňyz mümkindir. Bu maskany gurnamak, ulanmak we arassalamak boýunça size ýörite bilim almak gerek. Bu maskada yssy bolýar we ol rahat däldir. Himikatlar bilen işläniňizde, maskany howpsuz aýyrmak üçin, ýygy-ýygydan açyk, şemalladylýan ýerde arakesme ediň.

Aktiwirlenen kömürden maskanyň we matanyň ýasalyşy

Elde ýasalýan bu maskany Filippinli doktor Maramba oýlap tapdy. Ol himikatlardan we tozandan goraýar.

1 Dolduryjyly býustgalteriň bir tarapyny gyrkyp aýryň.



2 Býustgalteriň içinden dolduryjyny aýryň.

3 Býustgalteriň içine goýjak täze içligiň haltajygyny ýasamak üçin, süzüji kagyzdan biraz gyrkyp alyň. Şol kagyzdan ýasan haltajygyňyzyň içligini aktiwirlenen kömrüň 100 gramy bilen dolduryň. Kömür diňe aşakda üýşmän, süzgüje deň ýaýrandygyna göz ýetiriň. Soňra içindäkiler dökülmez ýaly, kagyzyň agzyny berk ýapyň we ony býustgalteriň öňki işliginiň ýerine salyň.



4 Býustgalteriň çaşkasy ýüzüňizde jebis oturar ýaly, oňa dartýan mata çyzyklaryny berkidiň.



Her gezek ulanmazdan öň, süzgüç şemalladylmalydyr. Zäherli himikatlaryň iň güýçlüleri pürkülende, bu maskany iki gezek dört sagadyň dowamynda ulanmak maslahat berilýär. Aktiwirlenen kömri himiki täsiriň görnüşine we ulanylmagynyň dowamlylygyna baglylykda hepdäniň dowamynda çalyşmalydyr.

Dökülen himiki suwuklyk

Dökülen himiki suwuklygy arassalamazdan öň, özüňizi, golaýdaky adamlary, suw çeşmelerini goraň. Suwuklygy arassalamak boýunça ýörite taýýarlygy bolan adamlar bar bolsa, olary kömege çagyryň. **Himikatlary arassalamak üçin, hemişe ýörite gorag egin-eşiklerini geýiň!**

Az mukdarda dökülen himiki suwuklyk

Himikatlar az mukdarda dökülen bolsa, olara gözegçilik etmek, ýygnamak, biri şikeslenmez ýaly we himikatlar suw akymlaryna düşmez ýaly ýa-da ýere siňmez ýaly, suwuklygy arassalamak wajypdyr.

Dökülen suwuklyga gözegçilik ediň

Iň wajyp zat – suwuklygyň köp dökülmegine ýol bermezlik. Suwuklygy syzdyrýan enjamy ýapyň, ýykylan gabyň döwlen tarapyny ýokarylygyna öwrüň ýa-da ony abat gabyň içine ýerleşdiriň.

Dökülen suwuklygy gömüň

Siz dökülen suwuklygy topraga, ýonuşga, palçyga ýa-da beýleki materiallara siňdirip bilersiňiz. Suwuklyk syçraýan bolsa, onuň üstüne mata ýa-da plastmassa listini ýapyň.

Dökülen suwuklygy arassalaň

Suwuklygy siňdiren materialyňyzy çeleklere ýa-da plastmassa gaplara ýerleşdiriň. Suw ulanmaň, sebäbi ol himikatlary ýaýradyp, ýagdaýy öňküden hem beterleşdirer. Materialy howpsuz ýok ediň (410-411-njy sah. ser.).

Köp mukdarda dökülen himiki suwuklyk

Nebit guýularynyň burawlanýan ýerleri, işleriň alnyp barylýan meýdançalary we senagat etraplary ýaly himikatlaryň köp mukdarynyň ulanylýan we daşalýan ýerlerinde uly himiki hapalanmanyň ýüze çykmagyna taýýar bolmak örän wajypdyr.

- Adatdan daşary ýagdaýyň meýilnamasyny işçiler, iş bilen üpjün edýänler we golaýda ýaşaýanlar bilen düzüň. Hemmeleriň meýilnama bilen tanyşdyrylandygyna göz ýetirmek üçin, ýygy-ýygydan duşuşyklary gurnaň.
- Suwuklyk dökülen ýagdaýynda habarlaşyp boljak adamlaryň adyny we telefon belgisini habar beriň. Sanawa iş bilen üpjün edýänleriň, klinikalaryň we hassahanalaryň, hökümet agzalarynyň, halas edijileriň, saglygy goraýyş gullugynyň işgärleriniň we hapalanmany aradan aýyrmagy başarýan adamlaryň telefon belgilerini goşuň.
- Hapalanan meýdany arassalamak üçin görkezmeleri, materiallary (serişdeleri) we gorag esbaplaryny saklaň.
- Harap bolan ýerden çykmak üçin ätiýaçlyk çykalgany meýilleşdiriň we belläň.
- Nebit ýa-da beýleki himikatlar suw üpjünçiligini hapalan ýagdaýynda ulanmak üçin, arassa suw bilen üpjün etmegi ýola goýuň.

Himikatlardan ýeten zyýanyň bejerilişi

Himikatlar derä we geýimlere dökülýär, göze syçraýar, olary ýuwdup we olardan dem alyp bolýar. Kimdir biri şikeslenende, ol haýal etmän, lukmançylyk kömegini almalydyr.

Himikatlardan dem almak

- Adamy zäherden dem alan ýerinden, esasanam ýapyk jaýdan uzagrak ýere göterip geçiriň. Himikat ýapyk jaýda dökülen bolsa, pejireleri we gapylary açyň.
- Adamy arassa howa çykaryň.
- Gysýan geýimlerini gowşadyň.
- Adamyň kellesini we eginlerini galdyryp oturdyň ýa-da ýatyryň.
- Adam huşsuz bolsa, ony gapdalyna ýatyryň we oňa dem almaga hiç zadyň päsgel bermeýändigine göz ýetiriň.
- Adam dem almaýan bolsa, agyzdan agza dem beriň (557-nji sah. ser.)
- Kellagyry, burnuň ýa-da bokurdagyň gijemegi, başaýlanma, ukuçyllyk ýa-da döşüň gysylmagy ýaly saglyk bilen bagly kynçylyklaryň alamatlary bar bolsa, haýal etmän lukmançylyk kömegini gözläň. Himikatyň etiketkasyny alyň we adyny ýatda saklaň.

Himikatlar ýuwdulan bolsa...,

- Adam huşsuz bolsa, ony gapdalyna ýatyryň we dem alýandygyna göz ýetiriň.
- Adam dem almaýan bolsa, haýal etmän agyzdan agza dem beriň (557-nji sah. ser.). Agyzdan agza dem bereniňizde, siz himikatyň täsirine sezewar bolup bilersiňiz. Şol sebäpli hem emeli dem alyş etmeziňizden öň, agzyňyzy kise maskasy, mata bölegi ýa-da 3-4 gat eplenen hasa bilen ýapyň.
- Adam suw içip bilýän bolsa, oňa köpräk arassa suw beriň.
- Himikatyň gabyny tapyp, onuň daşyndaky ýazgylary okaň. Adamy gaýtartmalydygy ýa-da gaýtartmaly dälidigi barada şol ýazgyda görkezilen bolmaly (257-nji sah. ser.)

Himikatlar deriňize ýa-da egin-eşikleriňize dökülen bolsa...

- Howpsuz bolsa, şikes ýeten adamy dökülen himikatdan daşlaşdyryň.
- Himikat dökülen geýimleri, köwüşleri çykaryň, gymmat bahaly zatlaryň ählisini aýryň. Himikatlar göze düşmez ýaly, eşikleri çykaranyňyzda, seresap boluň. Geýimleri gyrkyşdyryp aýyrmak has gowy bolar.
- Şikeslenen ýeri 15 minut aram sowuk suwa ýuwuň.
- Himikatlar göze düşen bolsa, olary 15 minutlap arassa suw bilen ýuwuň. Gabaklary galdyryp, gözi doly ýuwar ýaly göz almasyny öz töwereginden aýlaň.
- Adam dem almagyny bes etse, agyzdan agza dem beriň.
- Himikatlary siňdirmek üçin esgi ulanyň, seresap boluň, himikatlary töwerege syçratmaň.
- Beden himikatlara ýanan bolsa, ony adaty ýanyk ýaly bejeriň (555-nji sah. ser.).



Ýanyklaryň bejerilişi

Islendik ýanyk üçin:

• Awuşamany azaltmak üçin, ýanan ýeri aram sowuk suwa salyň.

• Ýanygy 20 minut sowadyň.

• Agyryny aspirin ýa-da beýleki agyrysyzlandyryjy serişdeler bilen köşeşdiriň.

• Şok ýagdaýynyň öňüni alyň (556-njy sah. ser.).

• Ýeňil ýanyklar üçin başga bejergi gerek bolmaýar.

Himiki, radiasiýa, elektrik ýanyklar we gabarçakly ýanyklar (ikinji derejeli ýanyklar) üçin:

• Ýanygyň ýüzünden hiç zat aýyrmaň.

• Losýon, haýwanlardan we ösümliklerden alnan ýagy çalmaň.

• Gabarçaklary ýarmaň.

• Aýrylan derini kesmäň.

• Himiki ýanyga hiç zat ýapmaň.

• Haýal etmän, ýanykdan himikatlary arassa suw bilen ýuwup ayryň.

• Deriniň ýanan ýerini çygly hasa bilen örtüň.

• Gabarçaklar ýarylan bolsa, ýanygy arassa aram sowuk suw we ýumşak sabyn bilen ýuwuň. Örän arassa, mör-möjeksiz, tozanyň ýa-da himiki buguň ýok ýerinde bolsaňyz, ýanyk ýeri açyk saklaň.

• Himikatlar bilen hapalanan geýimleriňizi ýok ediň ýa-da beýleki egin-eşiklerden aýratyn ýuwuň.

• Ýeňil ýanyga çalmak üçin ary balyny ulanyň. Ary baly ýokançlygyň öňüni alyp, ýanan ýeriň tiz bitmegine ýardam berýär. Öňki çalan balyňyzy ýuwup aýryň we iň bolmanda günde iki gezek täzeden çalyň.

Şikes ýeten adamy haýal etmän saglygy goraýyş gullugynyň işgäriniň ýanyna ýa-da hassahana eltiň.

Adamyň dem alyş ýollary ýanandyr diýip pikir etseňiz, ony hassahana eltiň. Dem alyş ýollarynyň ýanygynyň alamatlary:

• Agzyň, burnuň töwereginiň ýa-da agzyň içiniň awuşamagy.

• Aňyň bulaşmagy, huşsuzlyk ýa-da köp tüsse zerarly ýüze çykýan üsgülewük.

Şeýle-de ýüzde, gözde, el-aýakda ýa-da daşky jyns agzalarynda agyr ýanyklar bar bolsa, adamy hassahana eltmeli.

Gaty ýanan islendik adamda umumy agyry, gorky we ýanyklardan syzýan suwuklyk zerarly bedeniň suwsuzlanmasy ýüze çykyp, şok ýagdaýyna sezewar edip biler (indiki sahypa serediň). Adamy köşeşdiriň, agyryny peseldiň, şogy aradan aýryň we köpräk suwuklyk içiriň.

Şok

Şok – agyr ýanmagyň, köp ganyň ýitirilmeginiň, agyr keseliň, suwsuzlanmanyň, agyr allergik täsirleriň, ýiti zäherlenmeleriň we beýleki adatdan daşary ýagdaýlaryň netijesinde ýüze çykýan ölüm howply ýagdaý.

Şoguň alamatlary:

- Aňyň bulaşmagy, gowşaklyk, başaýlanma ýa-da huşuň ýitmegi.
- Damar urmasy çaltlanyp, ol çalaja duýulýar.
- Sowuk der: öçügsi, sowuk, çyg der basýar.
- Arterial gan basyş peselýär.

Şogy aradan aýyrmak ýa-da onuň öňüni almak

Şok ýa-da onuň ilkinji alamatlary ýüze çykanda:



- Suratda görkezilişi ýaly, adamy aýagy kellesinden ýokarrakda bolar ýaly ýatyryň.
- Gan akmany saklaň we ýaralary arassalaň.
- Adam üşese, onuň üstüni ýapyň.
- Adam suw içip bilse, oňa suw beriň. Ol suwsuzlanan bolsa, köpräk suw we regidratasiýa içgisini beriň (53-nji sah. ser.).
- Adam agyryny duýýan bolsa, aspirin ýa-da düzüminde kodein ýaly rahatlandyryjy serişdesi bolmadyk agyrysyzlandyryjyny beriň.
- Rahatlanyň we şikeslenen adamy köşeşdiriň.

Adam huşundan giden bolsa:

- Ony gapdalyna ýatyryň, kellesini yzraga öwrüp, aşagrak goýberiň (ýokarky suratdaky ýaly). Ol demigýän bolsa, barmaklaryňyz bilen dilini çekiň.
- Ol gaýtaran bolsa, agzyny arassalaň.
- Özüne gelýänçä, agzyna hiç zat bermäň.
- **Tiz kömegi çagyryň.**

Emeli dem bermek (agyzdan agza dem bermek)

Adam 4 minut dem almasa, ölýär. Adam haýsy hem bolsa bir sebäpden dem almagyny bes etse, haýal etmän agyzdan agza dem berip başlaň. Adam himikatlary ýuwdan bolsa, agyzdan agza dem bermek sizi himikatlaryň täsirine sezewar edip biler. Şol sebäpli hem emeli dem bermegi amala aşyrmazdan öň, agzyňyzy kise maskasy, mata bölegi ýa-da ortasy deşikli plastik dolag bilen ýapyň.

1-nji ädim: Haýal etmän agyzdaky we bokurdakdaky zatlary çykaryň. Dili öňe çekiň. Bokurdakda nem ýygnanan bolsa, ony derrew aýryň.

2-nji ädim: Çalt, ýöne seresaplyk bilen adamy arkan ýatyryň. Seresaplyk bilen onuň kellesini yza egiň we äňini öňe çekiň.

3-nji ädim: Burun deşiklerini barmaklaryňyz bilen gysyň, agzyny açyň, agzyny öz agzyňyza tutuň, döşi galar ýaly, öýkenine dem beriň. Howa çykar ýaly arakesme ediň we ýene-de dem beriň. Muny her 5 sekuntdan gaýtalaň. Bäbekleriň we kiçi çagalaryň agzyna hem burnuna agzyňyzy tutup, her 3 sekuntdan ýuwaşlyk bilen dem beriň. Adamyň özi dem alyp başlaýança ýa-da onuň ölendigi şübhesiz bolýança, halas etmegi dowam ediň. Käte siz bir sagat we ondan köp wagt hem dem bermegä synanyşmalysyňyz.

Bellik: Agyzda açyk ýara ýa-da ganjaryp duran baş bolmasa, agyzdan agza dem berlende, AIW ýokançlygy ýokuşmaýar.





GOŞUNDY B:
EKOLOGIK HUKUKLAR UGRUNDAKY GÖREŞDE KANUNLARYŇ ULANYLYŞY

Adam hukuklary, käte ekologik hukuklary hem (howpsuz, sagdyn daşky gurşawa bolan hukuk) köp ýurtlarda kanunlar esasynda goralýar. Şu kitapda adamlaryň täze kanunlary döredip, öz jemgyýetlerini goramak üçin hyzmatdaşlygy we bar bolan kanunlara laýyklykda özleriniň goralmaklaryny talap edişlerini beýan edýän köp wakalar bardyr.

Kitabyň bu bölüminde **Daşky gurşawa ýetirilýän täsire baha bermegi** (DGÝTB) we kazyýeti ekologik hukuklar ugrundaky göreşde nädip ulanmalydygy görkezilýär. Şeýle hem bu ýerde hökümetiň, ýerli milli kazyýetiň sizi gorap bilmedik ýagdaýynda, size halkara kömeginden peýdalanmaga kömek edip biljek maglumatlar bardyr.

Jemgyýetler öz daşky gurşawyny we saglygyny goramak üçin elinde baryny edýär. Ýöne bu jemgyýetler köplenç olaryň tebigy baýlyklaryny hususy bähbitleri üçin ulanmak isleýän korporasiýalar ýa-da häkimiýet bilen çaknyşmaly bolýar. Sebäbi bu korporasiýalar we häkimiýetler öz taslamalarynyň daşky gurşawa ýetirýän zyýanyny göz öňüne tutmazdan, olary öňe sürmegä dyrjaşýarlar. Şeýle taslamalar adamlary ýaşaýan ýerlerinden göçüp gitmäge mejbur edip, elhenç hapalanmany döredýän zäherleri öndürip biler. Bu bolsa adamyň hukuklaryny we sagdyn daşky gurşawa bolan hukugyny bozýar.

Uly korporasiýalar baý we kuwwatly bolýar, şol sebäpli hem olar sizi goraýan kanunlaryň hökümet tarapyndan kabul edilmegine we durmuşa ornaşdyrylmagyna päsgel berip bilýär. Ýerli we döwlet hukuklary netijesiz bolan ýagdaýynda, size we siziň jemgyýetiňize kömek edip biljek halkara hukuklar bardyr.

Adamlaryň ekologik hukuklary – kanun çykaryjylykda ýaňy-ýakynda dörän düşünjedir. Şol sebäpli hem bu kanunlaryň nähili ulanylmalydygy heniz doly kesgitlenilmedikdir. Bu ýagdaý ekologik hukular ugrundaky her bir göreşiň wajyplygyny görkezýär.

Daşky gurşawa ýetirilýän täsire baha bermek (DGÝTB)

Senagat we ösüş taslamalary daşky gurşawy weýran edýär. Şoňa görä-de, hökümetleriň köpüsi, senagat pudaklary we ösüş meseleleri boýunça gulluklar meýilleşdirmekde we netije çykarmakda Daşky gurşawa ýetirilýän täsirlere baha bermek (DGÝTB) diýlip atlandyrylýan guraly kanuna laýyk ulanmagy talap edýär.

DGÝTB ýol, kän, uçar menzili ýa-da beýleki senagat ösüşi ýaly taslamalaryň töwerekdäki adamlara, haýwanlara, topraga, suwa we howa ýetirjek täsirini kesgitleýär. Şeýle hem ol adamlaryň mejbury ýagdaýda göçüp gitmegi, adaty ýaşaýyş serişdeleriniň, taryhy ýa-da ruhy ähmiýetli medeni serişdeleriň ýitirilmegi ýaly ýaşaýyş meselelerine hem garaýar. Seredilýän taslama ösüşe ýardam berýän bolsa, onda DGÝTB alnyp baryljak işleriň zyýanly täsirini azaltmagyň ýollaryny hödürlemelidir.

DGÝTB diňe korporasiýa ýa-da korporasiýa, hökümet we jemgyýet agzalary bilen bilelikde döredilip bilner. (DGÝTB-niň ulanyşynyň mysaly 466-njy we 561-nji sahypalarda berilýär).

DGÝTB nähili işleýär

DGTB-niň işi iki görnüşde amala aşyrylýar:

1. Taslamanyň ýetirýän täsirlerini öwrenmek we şol täsirler barada ýazmaça habar bermek. Adatça bu işe taslamany dolandyrýan korporasiýa jogapkärdir. Ol bu işe ýerli ilaty gatnaşdyryp ýa-da gatnaşdyrman hem biler.

2. Taslama işe girizilmezden ozal işleriň geçiriljek ýerlerinde ýaşaýan ilatyň bu taslama baha bermegi üçin jemgyýetçilik maslahatlaryny geçirmek.

DGÝTB duýduryş ýörelgelerine eýerende, has netijeli işleýär (32-nji sah. ser.). DGÝTB taslamanyň zyýan ýetirip biljekdigini görkezse, meýilnama togtadylmaly ýa-da üýtgedilmeli. Emma köplenç DGÝTB taslamany howpsuz, häzirki wagtda we geljekde adamlara, daşky gurşawa agyr zyýan ýetirmejek ýaly edip görkezmek üçin ulanylýar.

Korporasiýalaryň köpüsi DGÝTB-niň hasabatyny ýerli ilatyň gatnaşmagynda ýazman, olary çagyrmazdan öň, özleri ýazýar. Käte korporasiýalar DGÝTB boýunça duşuşyklar barada habar bermeýär ýa-da adamlaryň şol duşuşyklara gatnaşmagyna päsgelçilik döredýär. DGÝTB korporasiýalar ýa-da hökümet edaralary tarapyndan adalatsyz we howul-hara amala aşyrylsa, ol taslamanyň ýaňy işläp başlan wagtynda ýerli ilatyň bu işleri togtatmaklygyna sebäp bolýar. Muňa garamazdan, hödürlenilýän ösüş taslamalaryny gowulandyrmak we olara baha bermek üçin DGÝTB jemgyýetiň we hökümetiň iň wajyp guralyna öwrülip biler.



Jemgyýetiň DGÝTB-e täsir etmegi

Dürli çeşmelerden köp maglumat almak (diňe korporasiýadan däl) we ähli ýüze çykyp biläýjek meselelere düşünmek üçin wagt sarp etmeklik siziň DGÝTB gatnaşmaga bolan hukugyňyzyň wajyp bölekleridir. Adatça taslamanyň köp kararlary onuň täsirine has ýygy sezewar bolýan adamlaryň pikirleri aýdylmanka kabul edilýär.

DGÝTB gatnaşmagyňyz siziň jemgyýetiňize öz saglygyny we serişdelerini has gowy we uzak möhletleýin goramagy öwretmäge we gurnamaga kömek edip biler. Zyýanly taslamany hemişe togtadyp bolmasa-da, DGÝTB-ni öwrenmek we gurnamak siziň jemgyýetiňiziň goralmagyna kömek edip biler.

Gatnaşdyrylmagy talap etmek

Jemgyýet DGÝTB-de öz seslerіniň bolmagyny talap edip biler. Käte kazyýet, hökümet ýa-da ösüş meseleleri boýunça gulluklar jemgyýetiň agzalaryna DGÝTB-iň işine gatnaşmaga rugsat berýär. Jemgyýetiň agzalary DGÝTB işine özleri gatnaşyp biler ýa-da öz tarapdarlary bolan hökümete degişli bolmadyk guramadan, aklawjydan wekilçilik etmeklerini sorap biler. Jemgyýetiň agzalary DGÝTB-niň işine gatnaşsa, olar öz ýygnaklarynda korporasiýanyň näme meýilleşdirýändigi we näme işleýändigi barada hasabat berip biler. Şeýle hem DGÝTB-niň işine gatnaşmak jemgyýetiň hukuklaryna we borçlaryna, taslamanyň zyýanly täsirine ýa-da taslamanyň bütinleý öňüni almak üçin ulanylýan usullara düşünmäge mümkinçilik döredýär.

DGÝTB-niň doly hasabatyny almak

Jemgyýet DGÝTB-niň diňe bir gysgajyk netijesini ýa-da bir bölegini däl-de, eýsem resminamany dolulygyna görmäge haklydyr. DGÝTB-niň hasabatlarynda köplenç “Howpsuzlyk töwekgelligi”, “Ýaşaýyş töwekgelligi”, “Saglyk töwekgelligi” we “Arassalamak üçin çykdajylar” ýaly bölümleri bolýar. Bu bölümlerde korporasiýanyň aýtmak islemeýän meseleleri (esasanam köpçülik ýerlerinde) beýan edilýär.

Zyýanly taslamala has güýçli garşylyk görkezmek üçin, DGÝTB-niň ýüze çykaran we ünsden düşüren meseleleri barada köpçülikleýin habar beriş serişdelerine, hökümet işgärlerine we jemgyýetçilige habar berip bilersiňiz. Şeýle hem siz Birleşen Milletler Guramasy ýaly jemgyýetiň meselelerini çözmek maksady bilen korporasiýalara ýa-da hökümete diýenini etdirip biljek halkara guramalaryna ýa-da milli häkimiýete ýüzlenip bilersiňiz.

Ýerli ýaşaýjylar magdan gazyp alýan senagata garşy çykýar

Junin atly kiçi oba Ekwadordaky And daglarynyň ýapgytlaryndaky tropik tokaýyň owadan böleginde ýerleşýär. Bu ýeriň ýaşaýjylary garypdy, ýöne olar ýüzlerçe ýylyň dowamynda ekerançylyk bilen eklenýärdi. Ýaňy-ýakynda Junwhile ilaty öz taryhynda ilkinji gezek uly synagdan geçmeli boldy: korporasiýa olaryň ýaşaýan ýerinde Günorta Amerikada iň uly açyk mis känini açmagy meýilleşdirdi. Ýaponiýanyň magdan gazyp alýan senagat korporasiýasy ýerleri barlamaga gelende, Junineň ýaşaýjylary magdan gazyp alýan senagatyň hapalanma döretjekdigini bilýärdi. Magdan gazyp alýan korporasiýa ýollary, mekdepleri, klinikalary gurjakdygy barada söz berýärler. Şol sebäpli hem Junineň adamlary olara ýerlerde peýdaly magdanlaryň agtarylmagyna razylygyny berýär. Tiz wagtdan korporasiýa uly mis ýataklaryny tapýar, yzýany bolsa Junineň suw üpjünçiligi kän galyndylary bilen hapalanýar. Adamlar deri örgüninlerine we beýleki saglyk kynçylyklaryna sezewar bolýar.



Ýerli ilat gazyp alýan korporasiýadan öz ýerlerini hapalamagy bes etmeklerini haýyş edýär. Emma korporasiýa öz işini bes etmänsoň, Junineň ýaşaýjylary çäre görmeli boldular. Şahtaçylar zähmet rugsadyna çykanlarynda, oba ýaşaýjylarynyň ýüzlerçesi gazyp alýan düşelgä girip, gurallary, mebelleri we beýleki gymmat bahaly zatlary alyp, ol ýerden häkimiýet bilen çykyp gaýtdylar. Soňra olar düşelgäni bütinleý otladylar. Korporasiýa bu duýduryşa düşünip, işi togtatdy, ýöne soň käni Kanadanyň korporasiýasyna satdy.

Kanadanyň korporasiýasy ýerli ilatyň agzyny alartmak isleýärdi. Ýerlerini satyn aljak bolup, olar adamlara köp pul hödürlediler. Käbir adamlar ýerlerini satýardy, käbirleri- satmaýardy. Korporasiýa dawa turjagyny bilýärdi. Şeýle hem korporasiýa diňe käniň peýdasy baradaky kagyza gol çekenlere kömek etmek üçin lukman ýollady. Bu adalatsyzlyk äşgär bolansoň, Ekwadoryň belli daşary halkara tarapdarlary näsaglara seretmek üçin lukman iberdi.

Ekwadorda kanuna laýyklykda ähli ösüş taslamalaryň başlanmazyndan öň DGÝTB-ni geçirmek talap edilýär. Şol sebäpli hem öz ýerlerini goramak maksady bilen Junineň ilaty DGÝTB-ni öz meýilnamalaryna goşdular. DGÝTB adalatly geçirilen bolsa, hökümetiň magdan känini gurdurmaga rugsat bermejekdigini oba ýaşaýjylary bilýärdi. Şeýle-de olar adalatly DGÝTB-niň mis magdan gazyp alýan senagatyň adamlary başga ýerlere göçüp gitmäge mejbur etjekdigini, howany hapalap biljekdigini, suw akymlarynda eroziýany we gyrmançany döretjekdigini, suw akymlarynyň hapa suwlar, agyr metallar we beýleki zäherli taşlandylar bilen hapalanjakdygyny görkezerdi.

(Dowamy indiki sahypada)

(Wakanyň dowamy)

Juniniň ýaşaýjylary kanundan peýdalanmagy öwrendiler. Korporasiýa DGÝTB-ni geçirendigi barada habar berende, hökümet doly işlenilmändigi sebäpli, ony kabul etmeýär.

Ýollary ýapyp we korporasiýa meýdanlaryna girmäge mümkinçilik bermän, Juniniň ýaşaýjylary dogry hereket edýärdi. Ýerli ýolbaşçylar tutuş çägi gazylyp alynmaýan ýerler diýip ýglan etdi. Açyk mis käni öýleri, baý tokaý we suw serişdelerini weýran etmez ýaly, Juniniň ýaşaýjylary göreşde tärleriň köpüsini ulandylar.

Jemgyýetlere esaslanýan DGÝTB

Jemgyýetlere esaslanýan DGÝTB obadaky, şäherdäki ýa-da welaýatdaky adamlara howa, iýmit, suw, haýwanlar, tokaý materiallary, derman ösümlikleri, keramatly ýerler ýaly serişdelerden peýdalanmaklaryna, olary goramaklaryna we olara mätäç bolmaklaryna düşünmegiň umumy ýollaryny tapmaga kömek edip biler. Ol jemgyýetde serişdeleriň ulanylmagy babatda dörän dawalary çözüp biljek işi gozgap bilýär. Şeýle hem ol korporasiýalara we hökümetlere garşy çykyş etmek üçin ýerli ilata kömek edip bilýär. Öz bähbitleri üçin suwy, agaç materiallary, topragy we beýleki serişdeleri ulanmak üçin adamlaryň arasynda agzalalyk döredýän senagat pudaklarynyň garşysyna çykyş etmek üçin hem adamlary bir ýere jemlemäge kömek edýär.

Jemgyýete esaslanan DGÝTB ýerli ilatyň haýsy serişdelerden peýdalanmalydygyny ara alyp maslahatlaşmak we olary ulanylmakdan has oňat goramak barada netijä gelmek ýaly ýönekeý bolup biler. Jemgyýete esaslanan has çylşyrymly DGÝTB jikme-jik kartalary, sorag geçirmegi we goňşy jemgyýetler we goldaw beriji guramalar bilen arkalaşyklary döretmegi öz içine alýar.

Munuň DGÝTB-niň ýuridik talaplaryna laýyk gelmeýän bolmagy mümkin, sebäbi ol serişdeleriň ulanylmagyny alada etmeýän ýaly, diňe wajyp görünmek üçin jemgyýet, adam saglygy we medeniýet barada pikir edýän ýaly görünmek isleýär. Jemgyýete esaslanan DGÝTB özi üçin niýetlenen “ylmy” diliň gurluşyna düşünmegiň kyndygyny we ara alyp maslahatlaşmak geçirilmez ýaly edilip köp adamlar üçin bulaşdyrylandygyny belleýär. Jemgyýete esaslanan DGÝTB “Daşky gurşawa ýetirilýän täsirlere baha bermegiň başga usuly mümkin” diýmegi aňladýandyr.

Şu kitapda berilýän kartografiýa (15-nji sah.), ýaşaýyş dramalary (18-nji sah.), saglyga gözegçilik (500-nji sah.), suw sakalaryny goramak (164-nji sah.), zir-zibil gezelençleri (391-nji sah.) ýaly hereketleri jemgyýete esaslanan DGÝTB ýardam berip biler.

Kazyýet derňewleri

Döwlet ýa-da halkara hukuklaryny bozýan korporasiýalaryň üstünden arz etmeklik – kazyýete ýüz tutup ekologik hukuklaryny we adalaty gazanmagyň ýeke-täk usuly. Hapalaýjy senagata ýa-da korporasiýa garşy kazyýet derňewleriniň şowlulygy diňe olaryň täsirine sezewar bolýan adamlary däl-de, eýsem başga ýerlerde ýaşaýanlary we geljek nesilleri hem goraýar.

Kazyýet siziň jemgyýetiňize kömek edermi?

Ekologik adalatlylyk ugrundaky göreşde köp kazyýet derňewleri üstünlikli tamamlanypdy. Ýöne kazyýet derňewleri örän gymmat bolýar we köplenç uzaga çekýär.

Ýurtda saglygy we daşky gurşawy goraýan kanunlar bar bolsa-da, kazyýet çekeleşiginde üstün çykmak kyn bolýar. Kanunlar seýrek ulanylýan bolsa, onda, mümkin, kazylar we aklawjylar olar barada bilýän hem däldir. Ýurtlaryň köpüsinde, esasanam korporasiýalary güýçli ýurtlarda kazylaryň we syýasy işgärleriň arasyndaky parakeşlik garyp jemgyýete öz hukuklaryny goramaga päsgel berýär. Gynansak-da, şowly kazyýet derňewlerinden şowsuzlaryň sany has köpdür.

Korporasiýalara, senagata ýa-da hökümete garşy kazyýet derňewine başlamazdan öň, birnäçe ýagdaýlara seredilmeli.

Öz maksatlaryňyz barada pikir ediň

Siz kazyýet arkaly näme gazanmak isleýändigiňizi anyk kesgitlemelidir. Soňra kazyýetiň bu maksada ýetmek üçin iň gowy usuldygyna göz ýetiriň. Siziň korporasiýadan edýän talabyňyz:

- nebit tegmilini ýa-da başga bir zäherli hapalanmany arassalasyn;
- saglyga, topraga, serişdelere ýetirilen zyýany üçin adamlara tölesin;
- işini bes edip, etrapdan ýa-da ýurtdan gitsin.

Kanunyň kömegi bilen göreşmek jemgyýeti bir ýere jemläp we bu babatda bilim berip biler. Ýöne iş taşlaýyş, garşylyk görkezmek ýaly hereketler ýa-da habar beriş serişdeleri arkaly göreşmek uzaga çekýän hukuk göreşe garanda üstünlige has çalt eltýär. Siziň jemgyýetiňiz üçin şeýle hereketleriň kazyýet derňewlerinden aňsat we netijeli boljakdygyna göz ýetiriň. Şeýle hem kazyýet derňewiniň iki görnüşiniň we gönüden-göni hereketleriň ulanylmagynyň siziň jemgyýetiňize ýeňmäge kömek edip biljekdigi barada pikirleniň.

Kazyýet derňewinde ýeňiş gazanylmadyk bolsa-da, onuň peýdasy barmy?

Elbetde, siz kazyýetde üstün çykasyňyz gelýär. Siziň kazyýetde ýeňjekdigiňize ynamyňyz bolmasa, onda siziň ýeňilmegiňiziň size ýetirip biljek peýdasy ýa-da zyýany barada pikirleniň. Käte şowsuz kazyýet derňewi seredilen meselelere jemgyýetçiligiň ünsüni çekýär. Ekologik zyýan we adam hukuklarynyň bozulmagy bilen bagly kazyýet derňewlerini siziň ýurduňyzda şowsuzlyga uçrasa, adam hukuklary boýunça amerikanara Barlag toparyna ýa-da Birleşen Milletler Guramasy (567-nji sah. ser.) ýaly halkara gurama arz edip bilersiňiz. Mümkin, bu siziň meseläňizi çözmez. Ýöne ol siziň meseläňize has köp üns berilmegini üpjün edip biler. Bu iş hem köp wagt we çykdajy talap edýär.

Käte şowsuz kazyýet derňewi siziň ýagdaýlaryňyza ýaramaz täsir edip biler. Ýaramaz netije kazylary we aklawjylary indiki serediljek işleriň hem netijeleriniň ýaramaz boljakdygy barada pikirlenmäge mejbur edip biler. Garşylykly seslenme adamlarda jemgyýetiň adalatsyz pul ýa-da başga zatlary talap edýändigi barada pikir döredýär. Guramaçylygyň beýleki şowsuzlyklary ýaly, şowsuz kazyýet derňewi hem adamlaryň ahlak taýdan bozulmagyna we jemgyýetde agzalalygyň döremegine eltip biler.

Kazyýete kim arz edýär?

Zyýanly täsiriň pidasy – aýratyn bir adam, maşgala ýa-da tutuş jemgyýet kazyýet derňewi bilen bagly işleri we howpy öz üstüne almaga taýýar bolmalydyr. Adatça gurama zyýan çeken ýa-da kazyýet derňewine gatnaşmak islemeýän adamyň adyndan korporasiýa garşy kazyýet derňewini alyp baryp bilmeýär.

Zyýan ýetirilendigi barada subutnamalar barmy?

Kazyýetde ýeňmek üçin, siz şulary subut etmeli:

- pida bolana fiziki we ykdysady taýdan zyýan ýetirildi;
- korporasiýa zyýan ýetirdi ýa-da ol şol ýetirilen zyýana jogapkär.

Subutnamalar ýeterlik bolmasa, kazyýet az peýdadan köp zyýan ýetirip biler. Korporasiýa kanuny bozan bolsa-da, siziň işiňize kazyýetde subutnamasyz seredilmez. Siz işi gozgasaňyz-da, ýeňip bilmersiňiz.

Subutnamalaryň peýdasy dogrudan-da barmy?

Diňe kazyýetde görkezip boljak subutnamalar iş üçin peýdalydyr. Kazyýet derňewini gozgaýan adamlar ol ýerde isleg bildirip çykyş etmeli. Olaryň bu seredilýän iş boýunça çykyş etjek şaýatlary hem bolmalydyr. Olar korporasiýanyň zyýan ýetirendiginiň subutnamasy hökmünde suratlary, barlaglaryň netijelerini, lukmançylyk hasabatlaryny görkezmelidir. Ýetirilen zyýany subut etmek örän kyn bolýar. Mysal üçin, korporasiýa işçilerde düwnük (rak) keseliniň döremegine himikatlar däl-de, çilim çekmek, nädogry iýmitlenmek ýaly ýaramaz endikler ýa-da diňe şowsuzlyk sebäp bolupdyr diýjek lukmany tapyp (“satyn alyp”) bilýär. Bu hakykata meňzese-de, munuň sebäbini we netijesini kanuna laýyk subut etmek örän kyndyr.

Kim ýa-da näme zyýan ýetirdi?

Kazyýet işleri adamlara, korporasiýalara, köp ýurtlarda bolsa ekologiýa zyýan ýetirýän hökümetlere garşy hem gozgalyp bilner.

Köpmilletli korporasiýa garşy kazyýet derňewi



Köpmilletli korporasiýanyň edara jaýlary köp ýurtlarda bardyr. Köpmilletli korporasiýa garşy gozgalan işiň şowly bolmagy üçin, zyýan ýetirilen ýurtda hem-de korporasiýanyň watanynda işlemek zerurdyr. Bu gymmat we agyr bolup biler, ýöne muny amala aşyrmak mümkindir (494-nji we 522-nji sahypalardaky wakalary okaň).

Köpmilletli korporasiýalaryň şahamçalary bolýar. Mümkin, korporasiýanyň daşary ýurtly eýesine garşy iş gozganyňyzdan, korporasiýanyň ýerli şahamçasyna garşy iş gozgamak has aňsat bolardy. Mysal üçin, Amerikanyň Şewron nebit korporasiýasy Nigeriýadaky Nigeriýa Deltasyny hapalanda, kazyýet derňewini gozgamak üçin ýerli işjeňler amerikan korporasiýasyna däl-de, Şewronyň Nigeriýadaky şahamçasyna garşy iş gozgady. Şol bir wagtyň özünde, halkara işjeňleri korporasiýa tehnologiýasyny üýtgeder ýaly, korporasiýanyň adam hukuklaryny bozýandygyny dünýädäki ähli adamlara habar berip başlaýarlar.

Beýleki seredilmeli ýagdaýlar

- Zyýan ýetirmek ýa-da hyýanat etmek ýaňy-ýakynda boldumy? Kazyýet derňewini zyýan ýetirilmeden soň, birnäçe ýylyň içinde (adatça 10 ýyldan köp wagt geçmeli däl) gozgalyp bilner. Düwnük (rak) ýaly uzak wagtyň dowamynda döreýän agyr keseller babatda gozgalan kazyýet derňewinde ýeňmek juda kyn düşýär.
- Kazyýet derňewini gozgap, şaýatlary we aklawjylary tutunyp, adamlar özleriniň howpsuzlygyna ynam edip bilermi? Korporasiýalaryň we hökümetleriň köpüsi öz ygtyýaryny ýitirmejek bolup hiç zatdan, hatda fiziki zor salmadan we öldürmekden hem gaýtmaýar. Şeýle häkimýete garşy çykýan adamlar öz janlaryny howp astyna salýar.
- Kazyýete tölemek üçin pul barmy? Kazyýete, aklawjylara, daşary ýurtlara gitmäge, telefon gepleşiklerine, subutnamalary ýygnamaga we beýleki zatlara edilýän çykdajylar köp bolýar.
- Siz hakykatdan-da kazyýet derňewine köp ýyl sarp etmegi başarjakmy? Kazyýet derňewi 3 ýyldan 10 ýyla çenli we ondan hem uzaga çekip biler. Käte zyýan ýetirilmegiň pidalary kazyýet derňewi çözülýänçä, aradan çykýar.

Halkara hukugyndan peýdalanmak

Birleşen Milletler Guramasynyň agzalary bolan ýurtlar (dünýädäki ýurtlaryň ählisi diýen ýaly) bilen maslahatlaşyp kabul edilen kanunlaryň we ylalaşyklaryň köpüsi hemme adamlaryň ekologik hukuklaryny goraýar. Adam hukuklary her bir adama we tutuş jemgyýete degişli bolup, olary ýatyryp bolmaz. Bu hukuklar köp milletler tarapyndan kabul edilendir. Ýöne olaryň netijeli bolmagy üçin, adamlar olary nädip durmuşa ornaşdyrmalydygyny bilmelidir. Hukuklaryň milli derejede ulanylýandygyna ynam bolmasa, halkara hukular we ylalaşyklar netijeli bolmaýar.

Halkara ylalaşyklar

Halkara ylalaşyklaryň köpüsi adam hukuklaryny we daşky gurşawy goraýar. Gynansak-da, bu ylalaşyklar bozulan ýagdaýynda, bir ýa-da birtopar adam öz arzlaryny resmileşdirip bilmeýär. Diňe ylalaşyga gol çeken ýurt kazyýete arz edip bilýär. Emma ýurtlar muny seýrek edýär. Şeýle hem bu ylalaşyklar diňe hökümete garşy ulanylýar. Bu ylalaşyklary köpmilletli korporasiýalara garşy ulanyp bolmaýar. Ýurtlaryň köpüsinde halkara ylalaşyklar şol ýurtlaryň kazyýetlerinde ulanylýar. Halkara ylalaşyklaryny öwrenmek size halkara bileleşikleriň aýratyn meselelere garaýyşlaryna düşünmäge we adam hukuklaryny goramak boýunça işi gurnamaga kömek edip biler.

Adamlar köp ýurtlaryň gol çeken hukuklaryny we ylalaşyklaryny bilseler, öz hukuklaryny has gowy durmuşa ornaşdyryp we hökümeti jogapkärçilige çekip bilerler.

Adam hukularyny we daşky gurşawy goraýan halkara ylalaşyklaryň we olary ulanmak barada maglumatlaryň ýerleşdirilen web saýtlarynyň sanawy. (Zäherler boýunça käbir ylalaşyklar barada 467-nji sah. ser.).

Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasy
www.un.org/aboutun/charter/

Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasy
www.un.org/Overview/rights.html

Çaganyň Hukuklary hakyndaky Konwensiýa
www.unhchr.ch/html/menu3/b/k2crc.htm
www.unicef.org/crc/

Birleşen Milletler Guramasynyň klimaty üýtgetmek hakyndaky Çarçuwa Konwensiýasy
unfccc.int/2860.php

Biologik köpdürlülik hakynda Şertnama
www.biodiv.org/default.shtml
www.iisd.ca/biodiv/cbdintro.html

Ösüş hukugy baradaky Jarnama
www.unhchr.ch/html/menu3/b/74.htm

Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakyndaky Halkara Ylalaşyk
www.unhchr.ch/html/menu3/b/a_cescr.htm

Birleşen Milletler Guramasynyň durmuş taýdan öňe gidişlik we ösüş hakyndaky Jarnamasy
www.unhchr.ch/html/menu3/b/m_progre.htm

BMG-niň adamlaryň ýerleşdirilmegine degişli Wankuwer Jarnamasy
www.un-documents.net/van-dec.htm

Durnukly organiki hapalayjylary aradan aýyrmak hakyndaky Stokgolm Şertnamasy
www.pops.int
www.ipen.org

Howply galyndylaryň serhedara daşalmagyna we olaryň ulanylmagyna gözegçilik etmek hakynda Bazel Şertnamasy
www.basel.int/text/con-e.htm
www.ban.org

Afrika importy gadagan etmek we howply galyndylaryň Afrikanyň çäklerinde serhedara daşalmagyna gözegçilik etmek hakynda Bamako Şertnamasy
www.londonconvention.org/Bamako.htm
www.ban.org/Library/bamako_treaty.htm

Halkara söwdada kesgitli howply himikatlar we pestisidler babatda ilkinji habarly ylalaşmanyň geçirilişi hakynda Rotterdam Şertnamasy
www.pic.int/

Deňziň hapalanmagynyň, galyndylaryň taşlanmagynyň öňüni almak we beýleki meseleler hakynda Ylalaşyk
www.imo.org/Conventions/contents.asp?topic_id=258&doc_id=681
www.londonconvention.org

Suw we durnukly ösüş hakynda Dublin Beýannamasy
www.wmo.ch/web/homs/documents/english/icwedece.html

Ýohannesburgdaky Müňýyllyklar Jarnamasy
www.johannesburgsummit.org/html/documents/summit_docs/political_declaration_final.pdf

Halkara ýygnaklar we ýörite çäreler

Adam hukuklary ugrundaky göreşe ünsi çekmek maksady bilen, köp ýurtlarda ýaşaýan adamlar adalat gözläp, Amerika döwletleriniň Guramasy, Amerikanara kazyýeti, Halkara kazyýeti, Birleşen Milletler Guramasynyň adam Hukuklary Boýunça Iş topary ýaly halkara guramalaryna arz edip, ýygnaklar guraýarlar. Şeýle ýygnaklar dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekip, korporasiýalaryň ýa-da döwletleriň daşky gurşawa zyýanly täsirini azaldylmagyny gazanmaga ýardam berip biler. Adam hukuklary bozulýan ýurtda kazyýetiň hiç bir karar çykaryp bilmeýändigini görkezmek ýa-da başga sebäplere görä döwlet hukugynyň we kazyýetiň milli ulgamynyň adalatsyz we şowsuz boljakdygyny düşündirmek üçin degişli işleriň geçirilmeginiň zerur bolmagy mümkin.

Birleşen Milletler Guramasy adam hukuklaryna ýüzlenmek üçin “ýörite düzgünleri” belledi. Şol ýörite düzgünlerden toparlar ýa-da bir adam hökümetiň razylygy bolmadyk ýagdaýynda-da peýdalanyp biler. Olar hiç bir ylalaşyklara hem garaşly däldir.

Adamlar ýa-da tutuş jemgyýet “Ýörite Hasabatçylar” diýlip atlandyrylýan adam hukuklarynyň bozulmagy boýunça maslahatçylar bilen habarlaşyp, ýörite düzgünleri ulanyp biler.

Şol maslahatçylar adamlaryň işleriniň çäginde bolýan ygtyýarnama iýmit hukugynyň, saglyk hukugynyň, zäherli taşlandylaryň zyňylmagy ýaly adam hukuklarynyň bozulmagyny derňeýärler. Ýörite Habarçylar bilen mesele baradaky islendik täze habarlar, resminamalar ýa-da beýleki ýazmaça maglumatlar bilen adaty hat iberip, habarlaşyp bolýar. Habarçylar bu meseleler barada Birleşen Milletler Guramasynyň adam Hukuklary baradaky Geňeşine, käte bolsa BMG-niň Baş Assambleýasyna habar beryärler.

Habarçylaryň atlaryny, olaryň ygtyýarnamalaryny we aragatnaşyklaryny BMG-niň adam Hukuklarynyň web-saýtynda (www.ohchr.org) “Adam hukuklarynyň meseleleri” ady bilen tapyp bilersiňiz.

SÖZLÜK

Siziň dykgatyňyza täze ýa-da düşenmesi kyn bolup biljek sözleriň sanawy hödürlenýär. Bu sözlük ekologik saglygy öňe sürmekde örän wajyp bolup, kitaba has oňat düşünmäge ýardam berer.

A B Ç D E Ä F G H I J Ž K L M N Ň O Ö P R S Ş T U Ü W Y Ý Z

A

Adalatly söwda – harydyň satyjy we alyjy üçin adalatly bahadan satylmagy.

Adalatly söwda şahadatnamasy adamlara satyn alýan harytlarynyň adalatly zähmet usullary arkaly öndürilendigine ynamly bolmaga kömek edýär. Bu haryt öndürijileri has ýokary we has durnukly bahalara eltip biler.

Agaç plantasiýalary – kauçuk, palma ýagy, tik agajy ýa-da arça ýaly agaçlaryň diňe bir görnüşiniň ösdürilip ýetişdirilýän uly ekin meýdanlary.

Agrotokaýçylyk – iýmit, odun öndürmek we topragy goramak ýaly peýdaly zatlar üçin dänelik ekinleriň agaçlaryň golaýynda ekilmegi.

Agyr metallar – ujypsyz mukdarda täsir edenlerinde-de, adam üçin zyýanly metallar. Mysal üçin, agyr metallara gurşun, simap, kadmiý we hrom degişlidir.

AIW/AIDS – dünýädäki adamlaryň millionlarçasynyň duçar bolan keseli. Ol adam bedeniniň kesellere garşy göreşmek ukybynyň ýitirilmegi sebäpli döreýär. Häzirki döwürde bu keseli bejermek üçin ýörite derman ýok, ýöne käbir wirusa garşy serişdeleriň kömegi bilen, iýmitlenmäni we ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak bilen gözegçilik edip bolýar.

Akdyrylýan hapa suwlar – galyndylar bilen hapalanan we ýapyk turbalardan akýan suwlar.

Akdyrylýan hapa suwlar – öýlerde, ekinlerde ýa-da fabriklerde ulanylan hapa suwlar.

Akdyrylýan hapa suwlar – zir-zibil taşlanýan ýerlerden syzýan suwuk galyndylar.

Akdyrylýan hapa suwlaryň arassalanmagy – akdyrylýan hapa suwy gaýtadan ulanar ýaly ýa-da ol daşky gurşawa gaýdyp geler ýaly, ony süzmegiň we arassalamagyň usullary.

Aktiwirlenen kömür – agaç kömründen ýasalan külke. Zäherleri we toksinleri özüne siňdirmek we olaryň zyýanyny azaltmak üçin ulanylýar.

Allergiki täsir, allergiýa – käbir adamlar belli bir zat bilen galtaşanlarynda, olary iýenlerinde, derman serişdesi hokmünde ulananlarynda, gijeme, asgyrma, örgün, käte agyr dem alyş ýa-da şok ýaly saglyk bilen bagly kynçylyklaryň ýüze çykmagy.

Alyjy – harydy satyn alýan ýa-da ony ulanýan adam.

Antibiotik – bakteriýalar zerarly döreýän ýokanç kesellere garşy ulanylýan derman.

Antibiotiklere durnuklylyk – antibiotikleriň bakteriýalara täsir edip bilmeýän ýagdaýlary. Antibiotiklere durnuklylyk antibiotikleriň nädogry ýa-da zerur bolmadyk ýagdaýlarda ulanylmagy ýa-da olaryň daşky gurşawa taşlanylmagy zerarly döreýär.

Aram klimat – hemme dört paslyň: ýazyň, tomsuň, güýzüň we gyşyň bolýan ýeri. Adatça aram klimat Demirgazyk ýurtlarynda ýa-da ekwatoryň günortasynda ýerleşýän ýurtlarda bolýar. Tropik klimat bilen deňeşdiriň.

Arassalaýjy zawod – ser. Nebiti arassalaýan zawod.

Arassaçylyk şertlerini gowulandyrmak – adamyň bölüp çykarýan galyndylaryny howpsuz we sagdyn usulda dolandyrmak üçin hajathanalaryň gurulmagy we mikroblaryň ýaýramagynyň öňüni almak üçin el ýuwmak, azyk önümlerini howpsuz arassalamak we saklamak.

Artemizinin – gyzzyrma garşy ulanylýan derman.

Artyk – bir zadyň, mysal üçin, hapalanmalaryň ýa-da galyndylaryň artyk mukdarda bolmagy.

Asbest – ýanmaýan gurluşyk materiallaryny, gorag egin-eşikleri öndürmek üçin ulanylýan zäherli material. Asbest gazylyp alnyp, ownuk süýümlere owradylýar. Bu süýümler öýkene düşüp, asbestoz keseliniň döremegine sebäp bolýar.

Asetaminofen – agyryny aýyrýan derman. Parasetamol diýlip hem atlandyrylýar.

Aseton – zäherli erediji.

Aşgarlaýjy ulgam – hapa suwlary arassalaýan ulgam. Ol hapa suwlary ýeriň astyndaky deşikli turbalara ugrukdyryp, olary haýallyk bilen ýere siňdirýär.

Awtoklaw – ýokary gyzgynlygy we basyşy ulanmak arkaly zyýansyzlandyryjy (dezinfesirleýji) enjam. Köplenç hassahanalarda we klinikalarda ulanylýar.

Azot – tebigy döreýän we topragyň sagdynlygy üçin wajyp himikat.

Azot bölüp çykarýan ösümlikler – howadaky azody topraga geçirýän kösükliler maşgalasyna degişli ösümlikler. Olar topragy gurplandyryp ekinleriň hasyllygynyň artmagyny üpjün edýär.

Azyk garaşsyzlygy – sebitleriň, ýerli ilatyň ýa-da milletiň öz azyk ulgamyny kesgitlemäge bolan hukugy. Muňa ýerli oba hojalyk, bazar ulgamlary, adalatly paýlamaklyk, iýmit önümleriniň elýeter bahadan bolmagy hem degişlidir.

Azyk howpsuzlygy – bedeniň işjeň we sagdyn bolmagy üçin ýylyň dowamynda ýeterlik mukdarda howpsuz, ýokumly we talabalaýyk iýmit bilen hemmeleriň üpjün bolmagy. Azyk önümleriniň howpsuzlygy iýmitiň sagdyn daşky gurşawy, jemgyýetiň öz güýjüne ynamyny öňe sürmegi we adamlaryň, jemgyýetleriň arasynda iýmit önümleriň bölünmegini aňladýar.

B

Bakteriýalar – göze görünmeýän örän kiçijik janly jandarlar. Käbir bakteriýalar ýokanç keselleri döredýär we köplenç mikroblar diýlip atlandyrylýar. Beýleki bakteriýalar organiki maddalaryň dargamagyna ýardam berýär, şeýle-de topragyň gurplulygyny saklaýar.

Batgalyk ýer – ýylyň köp böleginiň dowamynda ýalpak suw we ösümlikler bilen örtülen peslik ýer. Batgalyklar, mangr agajynyň tokaýlyklary we arnalar batgalyk ýerlere degişlidir.

Bedene düşýän himiki agram – belli bir wagt aralygynda adam bedeninde bolýan zäherli himikatlaryň mukdary.

Benzin – awtoulaglar, ýük ulaglary, motosikller we generatorlar üçin ulanylýan ýangyç. Ol nebiti gaýtadan işlemek arkaly alynýar.

Benzol – howply erediji.

Bilgarsioz – suw balykgulaklarynda ýaşaýan gurçuklaryň döredýän keseli. Şeýle hem gan sorujylaryň keseli ýa-da şistozomatoz diýlip atlandyrylýar.

Biodürlülik – dünýäde bar bolan ösümlikleriň, haýwanlaryň we mör-möjekleriň dürli görnüşleriniň köpsanlylygy.

Biogaz – organiki maddalaryň çüýremeginiň netijesinde emele gelýän metan gazy. Biogaz arassa ýanýar. Ony ýangyç hökmünde ulanmak bolar.

Biomassa – ösümlikleriň we haýwanlaryň ýangyç hökmünde ulanylýan galyndylary.

Bogujy gaz – awtoulaglaryň, çilimiň, ýakylýan gazyň we beýleki çeşmeleriň öndürýän zäherli, reňksiz we yssyz gazy.

Bronhit – üsgülewügi, gyzdyrmany we döşdäki agyryny döredýän öýken keseli.

Bronhlary giňeldiji – dem alyş ýollaryny giňeldýän, döşdäki agyryny we dem alyş bilen bagly kynçylyklary azaldýan derman.

Bugarma – himikatlardan ýa-da ot ýananda bölünip çykýan yssyz gazlar ýa-da käte göze görünmeýän bugarma. Bugarmadan dem almak zyýanlydyr.

Bugarmak – suwuň buga öwrülmegi.

Bugartmak – suwuklygy gaza öwürmek.

Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy (BSGG) – Birleşen Milletler Guramasynyň halkara saglyga jogapkär bölümi.

Bütindünýä söwda guramasy (BSG) – halkara söwda ylalaşyklary tassyklaýan güýçli gurama.

Ç

Çaganyň ýoldaşy – göwreli aýalyň ýatgysynda ösüp barýan çaga gan arkaly ýokumly maddalary geçirýän öýjük görnüşli agza. Gynansak-da, şol agzanyň üstünden çaga dogulmazyndan öň, oňa zyýan ýetirýän zäherleriň hem köpüsi geçip bilýär.

Çiş – köplenç düwnük (rak) keseli ýaly keseller zerarly bedende emele gelýän howply täze döreme.

Çykdajylar – daýhanyň däneli ekinleriň gowy ösmegi üçin edýän çykdajylary (tohumlar, pestisidler, dökünler we ş.m.).

D

Daýhançylyk mekdepleri – daýhanlara meseleleri özbaşdak çözmäge we öz tejribelerini beýleki daýhanlar bilen paýlaşmaga kömek edýän okuw maksatnamasy.

Daýhan birleşiklerinde tohumlaryň dolandyrylyşy – daýhan birleşiginde geljek üçin tohumlaryň dürli görnüşleriniň saklanylmagy we olaryň hasabynyň jikme-jik ýöredilmegi.

Daşky gurşawa ýetirilýän täsire baha bermek (DGÝTB) – känleriň, bentleriň ýa-da ýollaryň gurluşygy ýaly taslamalar işlenilip düzülende, daşky gurşawda ýüze çykyp biljek üýtgeşmeleri görkezýän barlaglar.

Demgysma – hyzzyldyly ýa-da hyžžyldyly agyr dem alşy döredýän öýken keseli. Demgysma tutgaýlary allergenler we howanyň hapalanmagy zerarly ýüze çykyp bilýär.

Dem alyş agzalarynyň keseli – dem alşa täsir edýän kesel. Demgysma, emfizema we öýken sowuklamasy dagy bu keselleriň käbiridir.

Dikeldiş – haýsy hem bolsa bir zaýalanan zadyň dikeldilmegi.

Dogabitdi şikes – çaganyň towşan dodak ýa-da kemakyllyk ýaly fiziki we akyl taýdan ýetmezçiligi bilen dogulmagy.

Dowamly – uzak wagta çeken ýa-da ýygy-ýygydan gaýtalanýan. Dowamly kesel uzaga çekýär we ony bejermek kyn bolýar. Ýiti kesel bilen deňeşdiriň.

Dökün – däneli we beýleki ekinlerden köp hasyl almak üçin topragy baýlaşdyrýan organiki we organiki däl serişdeler.

Durlaýjy howuz – ýeriň aşagynda ýerleşip, akdyrylýan hapa suwlary ýygnap arassalaýan rezerwuar (suw goly).

Durnuklylyk – kimdir biriniň ýa-da haýsydyr bir zadyň olary şikeslendirýän ýa-da ýok edýän täsirlerden goranmaga bolan ukyby. Bakteriýalar antibiotiklere durnukly bolup bilýär, aýakçylara bolsa pestisidler täsir edip bilmeýär.

Durnukly organiki hapalaýjylar – daşky gurşawda örän uzak wagt saklanyp bilýän zäherli himikatlaryň topary. Dioksinler we polihlorirlenen bifeniller – durnukly organiki hapalaýjylardyr.

Durnukly ösüş – geljekki nesilleriň zerurlyklaryny ünsden düşürmän, häzirki wagtda adamlaryň gündeki zerurlyklaryny üpjün etmek.

Duýduryş ýörelgesi – bir zadyň zyýan ýetirjekdigini anyk bilmesek-de, töwekgellik etmän, şol zady ulanmakdan saklanmak ýörelgesi.

Düwnük (rak) – öýjükleriň tertipsiz köpelip bedeni şikeslendirýän howply kesel. Düwnük bedeniň köp böleginde döräp biler. Düwnük keselleriniň köpüsi zäherli himikatlar we senagat hapalanmasy zerarly döreýärler.

Dykyzlamak, dykyzlanma – organiki maddalaryň ýitirilmeginden, artykmaç suwarylmakdan ýa-da üstünden adamlaryň we haýwanlaryň ýöremeginden topragyň depelenmegi we gatamagy.

E

Efedra – demgysma tutgaýlaryny azaltmak üçin ulanylýan derman ösümlik. Şeýle hem Hytaýda Ma Huang diýlip atlandyrylýar.

Efedrin – dem alşy gowulandyrýan derman.

Ekin dolanyşygy – topragyň hassyllygyny gowulandyrmak maksady bilen her ýyl meýdanlarda ekilýän ekinleriň görnüşlerini çalşyryp ekmek.

Ekologik, ekologiýa – janly jandarlar bilen daşky gurşawyň arasyndaky aragatnaşyk. Bir zat daşky gurşaw üçin peýdaly bolsa ýa-da ol tebigy ulgam ýaly täsir edýän bolsa, oňa ekologik diýilýär.

Ekosyýahatçylyk – daşky gurşawa zyýan ýetirmän, syýahatçylara ýerleriň tebigy gözelliklerini tölegli görkezmek.

Ekzotik ösümlik ýa-da agaç – ýerli däl ösümlik ýa-da agaç.

Ekwator – Ýer togalagynyň demirgazyk bölegini günorta böleginden bölüp görkezýän hyýaly çyzyk.

Emfizema – çilimkeşlik, dag magdan gazyp alýan senagat we howanyň hapalanmagy zerarly döreýän agyr öýken keseli.

Endometrioz – ýatgynyň ulalmagyna sebäp bolýan kesel.

Epidemiýa – haýsy-da bolsa bir keseliň giňden ýaýramagy.

Erediji – beýleki bir zady eredip bilýän, köplenç suwuk madda. Suw – howpsuz eredijidir. Benzin, aseton, benzol we ksilol zäherli eredijilerdir.

Eretme – metallar bilen işlär ýaly, olary gyzdyrmak. Eretme köplenç zäherli hapalanmany döredýär.

Eroziýa – ser. Toprak pytramasy.

Estrogen – progesteron bilen bir hatarda önelgelilige gözegçilik edýän aýal jyns gormony.

F

Ferment – janly bedenlerde bölünip çykýan we iýmiti siňdirýän, bedende bolup geçýän himiki hadysalary çaltlaşdyrýan madda.

Fermentasiýa (turşama, ajama) – iýmitiň ýa-da beýleki organiki maddalaryň ajamagyna ýa-da turşamagyna täsir edýän himiki hadysa. Bu hadysany zatlaryň gelip çykyşyny üýtgedýän mikroblar hem döredip bilýär.

Formaldegid – zyýansyzlandyrmak we arassalamak üçin, şeýle hem senagat önümleri üçin ulanylýan zäherli himikat.

G

Galyndy – bir zadyň artyp galan bölegi. Pestisidiň galyndysy – pestisid guransoň, däneli ekinlerde galýan ýagly ýokundy ýa-da gury külke. Hasyl ýygnalansoň yzyndan galýan ýapraklar, çybyklar, tohumyň gabyklary hasyl galyndylaryna degişlidir.

Galyndylaryň ýakylmagy – ýok etmek üçin galyndy zatlaryň ýapyk peçde ýakylmagy.

Galyndy ýakylýan enjam – galyndylary ýakmak üçin ýörite peç ýa-da howur peç.

Ganazlyk (anemiýa) – gan öýjügi bolan eritrositleriň düzümindäki gemoglobiniň ýetmezçiligi netijesinde döreýän kesel. Bu kesel iýmitde demriň ýetmezçiligi, zäherler zerarly bedeniň gany we eritrositleri işläp çykarmaga bolan ukybynyň ýitirilmegi ýa-da ganyň bedeniň emele getirip biljek mukdaryndan has köp ýitirilmegi sebäpli ýüze çykýar.

Garaguş keseli (epilepsiýa) – tutgaýlar we huşuň ýitirilmegi bilen häsiýetlendirilýän kesel.

Gara tohum – Hindistanda we Ýakyn Gündogarda ösýän, demgysma tutgaýlaryny bejermekde ulanylýan tohum. Ol Nigella sativa diýip hem atlandyrylýar.

Garahassalyk – nejasat bilen hapalanan el arkaly ýaýraýan içege ýokançlygy.

Gaty galyndylar – köne-sana, zir-zibil.

Gaýtadan işlemek – galyndylaryň gaýtadan ulanylmagy we olardan başga zatlaryň öndürilmegi.

Gazyp alma – nebitiň, peýdaly magdanlaryň we beýleki serişdeleriň ýerden gazylyp alynmagy.

Gazylyp alynýan ýangyç – millionlarça ýyl mundan ozal ölen haýwanlaryň we ösümlikleriň galyndylaryndan dörän ýangyç. Gazylyp alynýan ýangyja nebit, kömür we tebigy gaz degişlidir. Gazylyp alynýan ýangyç öwezini dolup bolmaýan serişdelere degişlidir. Olar ýakylanda kömürturşy gazy bölüp çykarýar we dünýä möçberindäki maýlamanyň döremegine sebäp bolýar.

Generirlemek – elektroenergiýany öndürmek.

Genetik şikeslenme, genetik ýetmezçilik – adama, ösümlige ýa-da haýwana zyýan ýetirip, üýtgeşmelere eltýän gen şikeslenmeleri. Käbir zäherler gen şikeslenmesini döredýär, käbir şikesler bolsa nesilden nesle geçip bilýär.

Gen inženeriýasy – alymlar tarapyndan alnan ösümligiň ýa-da haýwanyň häsiýetlerini, alamatlaryny üýtgetmek üçin, käte beýleki ösümlikleriň we haýwanlaryň genlerini goşup, ösümlikleriň we haýwanlaryň bedenleriniň üýtgedilmegi (GÖÖ).

Genler – her bir janly-jandaryň alamatlaryny we aýratynlyklaryny, nesil yzarlamagyny kesgitleýän bölek. Genler biziň gözümizi goňur ýa-da gök, saçymyzy göni ýa-da buýra-buýra edýär, el-aýagymyzyň we beýleki beden agzalarymyzyň şekilini kesgitleýär.

Gigiýena – adamlaryň arassa bolmak we mikroblaryň öňüni almak üçin berjaý etmeli çäreleri. El ýuwmak, suwa düşmek, iýmiti howpsuz saklamak we taýýarlamak, öýüň arassalygyny saklamak gigiýenanyň aýrylmaz şertidir.

Gibrid – aýratyn häsiýetlere eýe bolmak üçin dürli iki tohumyň ýa-da görnüşiň özara çakyşdyrylmagy netijesinde emele gelen ösümlik ýa-da haýwan.

Gormonlar – bedende bolup geçýän biologiki we himiki hadysalary sazlaýan himiki madda. Gormonlar bedeniň agramyny, gyzgynlygyny, süňkleriň berkligini, keýpi, jyns höwesini, önelgelilik ulgamyny dolandyryp bilýärler.

Gormony weýran ediji – bedenimize siňýän we ýalan signallary iberip, gormonlarymyzy üýtgedýän zäherli himikat.

Goşmaça nyrhly önümler – indi çig mal däl-de, satmak üçin öndürilen önümler.

Gün energiýasy – ýylylyk we elektroenergiýa öndürmek üçin ulanylýan energiýa.

Gün howur peji – nahar taýýarlamak üçin günüň ýokary gyzgynlygyny ulanýlýan peç.

Gün paneli – gün şöhlelerini ýygnamak we elektroenergiýany öndürmek üçin ulanylýan tekiz panel.

Gündelik gaz alawy – nebitden bölünip aýrylan we gije-gündiziň dowamynda ýanýan tebigy gaz.

Glutaraldegid – sterilizasiýa we arassalaýyş çäreleri üçin ulanylýan zäherli himikat. Glutaraldegid örän howply bolup, ulanylan ýagdaýlarynda serersaplylyk çäreleri görülmelidir.

Gyrmança – dag jynslarynyň ahyrky netijede sagdyn topragyň wajyp bölegine öwrülýän şepbeşik çökündisi.

Gytçylyk (defisit) – bir zadyň ýetmezçiligi. Mysal üçin, suwuň ýa-da iýmitiň ýetmezçiligi.

H

Hantyň wirusy – gemrijileriň ýokançlykly nejasatlaryndan we peşewinden dem alnanda adamlara geçýän ýokanç kesel.

Hapalanma – howa, topraga ýa-da suwa taşlanýan zyýanly galyndylar.

Hasylly, hasyllylyk – topragyň oňat hasyl berijiligi we adamlaryň, haýwanlaryň oňat köpelijiligi.

Hasylyň galyndylary – däneli we beýleki ekinleriň hasyly ýygnalandan soň galýan çybyklar, ýapraklar we beýleki ösümlik bölekleri.

Heň – külkä, tozana ýa-da ownuk süýümlere meňzeş kömelek. Heň yzgarly ýerlerde ösýär.

Heň kömelegi – zaýalanan iýmit önümlerinde, ösümliklerde, ýyly we çygly zatlarda ösýän kömelek.

Häsiýetli aýratynlyklar – genler arkaly kesgitlenilip, her bir janly jandaryň tapawutly bolmagy. Muňa biologiki-genetiki aýratynlyklar hem diýilýär.

Hinin – gyzzyrma garşy derman.

Hlor – adatça agardyjy diýlip atlandyrylýan güýçli himiki madda. Mikroblary öldürmek we suwy arassalamak üçin ulanylýar. Şeýle hem hlor kagyzy agardyp, poliwinilhlorid plastmassasyny öndürmek üçin ulanylýar. Düzümi hlorly önümler ýakylanda, olar dioksinler we furanlar ýaly zäherli gazlary bölüp çykarýarlar.

Hlor heki – suwy arassalamak we zatlaryň ýüzüni, enjamlary zyýansyzlandyrmak üçin ulanylýan himiki serişdedir.

Hlorohin – gyzzyrma garşy derman.

Howanyň hapalanmagy – zäherli gazlaryň we tozanyň ownuk bölekleriniň howa düşmegi. Gazylyp alynýan ýangyjyň ýakylmagy howany hapalaýar.

Howpsuz gaz alawy – nebit geçirijilerde partlamanyň ýüze çykmazlygy üçin nebitden aýrylan artykmaç gazyň ýakylmagy.

Howpsuz suw – gurçuklar, mikroblar ýa-da zäherli himikatlar bilen hapalanmadyk arassa suw. Howpsuz suw içmek, suwa düşmek we kir ýuwmak üçin ulanylýar.

Hrom – derini eýlemek üçin we beýleki senagat pudaklarynda ulanylýan zäherli agyr metal.

I

Ibuprofen – agyryny, çişmäni we gyzgyny peseldýän derman.

Ilat – bir ýurtda, şäherde, obada we ş.m. ýaşaýan il, halk.

Immunizasiýa maksatnamasy – köplenç Bütindünýä Saglygy goraýyş Guramasy, ÝUNISEF ýaly halkara guramalary, hökümetiň ýerli agzalary we waksinalary öndürýän we satýan şereketler tarapyndan dolandyrylýan immunizasiýasyny geçirmek üçin alnyp barylýan çäre. Şeýle hem sanjym maksatnamalary diýlip atlandyrylýar.

Inçekesel – agyr ýokanç öýken keseli.

Infrastruktura – jaýlar, ýollar we suw ulgamlary ýaly gurulýan desgalar.

Işjeň komponent – pestisidiň düzümine girýän we zyýanly mör-möjekleri ýok edýän madda.

Işjeňligi pes gün taslamasy – jaýy tebigy ýylytmak, salkynlatmak we yşyklandyrmak maksady bilen ýeri we klimaty hasaba alyp, taslama düzmegiň usuly.

Işjeňligi pes (inert) komponenti – pestisidiň düzümindäki işjeň däl komponent. Işjeňligi pes komponentleriň düzümine pestisidleri ösümliklere we mör-möjeklere ýelmeşmäge mejbur edýän ýa-da ýagyş bilen ýuwulmagynyň öňüni alýan maddalar girýär. Bu komponentler köplenç zäherli bolýar.

Iýmitlenme – bedeniň ösmegi we sagdyn bolmagy üçin dogry we ýeterlik iýmitlenmek.

Iýmit ulgamy – ser. Iýmit zynjyry.

Iýmit zynjyry – biri beýlekisini iýýän janly jandarlardan düzülen zynjyr(ýa-da iýmit zynjyry).

Izolirlemek – jaýyň içine yssynyň, sowugyň, sesleriň ýa-da elektroenergiýanyň girmegine ýol bermeýän böwet.

J

Jemgyýet – 1. Maddy durmuşyň umumy taryhy şertleri esasynda birleşen adamlaryň jemi. 2.Gelip çykyşy, ýagdaýlary, bähbitleri we ş.m. umumylygy esasynda birleşen adamlar topary. 3. Umumy meseleleri özleri üçin maksat edinýän adamlaryň birleşigi, edara, gurama.

K

Kadmiý – elektronikada we önümçilikde ulanylýan zäherli agyr metal.

Kem iýmitlenme – bedeniň sagdynlygy üçin iýmitiň ýetmezçiligi.

Kerosin – nebitden alynýan zäherli erediji.

Kesilip alynýan şaha – täze ösümlik ýa-da agaç ösdürmek üçin ösümligiň ýa-da agajyň şahasynyň ulanylmagy.

Klimatyň üýtgemegi – bir ýerde howa şertleriniň üýtgemegi. Klimatyň üýtgemegi gazylyp alynýan ýangyjyň ýakylmagynyň netijesinde dünýä möçberindäki maýlamanyň döremegi bilen baglydyr.

Kömürturşy gaz – dem alnanda adam we haýwan bedeninden bölünýän ýa-da ýangyç ýakylanda döreýän gaz. Ýangyjyň ýanmagyndan döreýän kömürturşy gaz dünýä möçberindäki maýlamanyň esasy sebäbidir. Bu gazyň himiki formulasy CO_2.

Kwars, kwars tozany – dag magdanlaryny gazyp alýan senagatynyň köp görnüşlerinde we senagat pudaklarynyň köpüsinde bolýan madda. Kwarsdan dem almak saglyk kynçylyklaryny döredip bilýär.

L

Lagym – akdyrylýan hapa suwlary ýeriň aşagyndaky hapa suw saklanýan rezerwuarlara, ulanylmaýan howdanlara, hapa suwlary gaýtadan işleýän zawodlara we beýleki ýerlere alyp gidýän turba ulgamy.

M

Ma Huang – ser. Efedra.

Mergi – örän howply ýokanç kesel. Ony agyz suwundaky ýa-da iýmitdäki bakteriýalar döredýär. Köplenç hapa suw arkaly ýaýraýar. Bu kesel güýçli gaýtarmany we içgeçmäni döredýär.

Mugthorlar – adamyň ýa-da haýwanyň bedeninde ýaşaýan we kesel döredip bilýän ownuk gurçuklar ýa-da mör-möjekler (bit, sakyrtga we ş.m.).

Mulça – ýagyşdan, günden, ýelden goramak we haşal otlaryň döremeginiň öňüni almak üçin topragyň üstüne örtülýän material. Ösümliklerden emele gelen dökünler mulça hökmünde ulanylýar.

N

Nahalhana – ýaş ösümlikler ýa-da agaçlar topraga ekilýänçä, olara ideg edilýän ýer.

Nebit – ýeriň aşagynda emele gelýän şepbeşik, gara suwuklyk, gazylyp alynýan ýangyç. Nebit benzin, dizel, kerosin, plastmassa we beýleki senagat önümleriniň köpüsini öndürmek üçin ulanylýar.

Nebiti arassalaýjy zawod – nebiti benzine we şoňa meňzeş beýleki ýangyja, asfalta we plastmassa öwürmek üçin gaýtadan işleýän kärhana. Nebiti arassalaýjy zawodlar howanyň hapalanmagyna sebäp bolýan esasy çeşmeleriň biridir

Nikel – batareýlerde, galwan örtüklerde we eretmekde ulanylýan metal. Nikeliň täsiri saglyk kynçylyklaryny döredip bilýär.

Nola barabar galyndylar – saglygy we daşky gurşawy goramak maksady bilen galyndylaryň azaldylmagy we gerekmejek materiallaryň gaýtadan işlenilmegi.

Nyrhlaryň goldanylmagy – daýhanlara kömek etmek üçin, olaryň öndürýän önümleriniň käbirine hökümet tarapyndan bellenilen ýokary nyrh.

O

Oduň bromirlenen haýalladyjysy (OBH) – ulanylýan elektronika, mebel, tekstil önümleriniň ot almak howpuny azaltmak üçin ulanylýan zäherli himikat.

